**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**Magtymguly adyndaky Türkmen**
**döwlet uniwersiteti**

**Tagandurdy Bekjäýew**

# *DILLER DÜNÝÄSI*

# *WORLD OF LANGUAGES*

# *МИР ЯЗЫКОВ*

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy*

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat 2010**

**T.Bekjäýew**

**Diller dünýäsi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 124 sah.

*Bu kitap dil biliminiň meselelerine bagyşlanylyp, ýokary okuw mekdepleriniň dil we edebiýat fakultetleriniň talyplary üçin zerur bolan "Dil bilimine giriş", "Umumy dil bilimi" derslerinde geçilýän temalarň birtoparyny öz içine alýar. Temalar Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň talaplaryna laýyklykda, dünýä dil biliminiň gazananlarynyň iň soňky tejribelerine daýanylyp ýazyldy.Her bir temanyň soňundan ýörite soraglar ýerleşdirildi.*

*Gollanma dil bilimi bilen gyzyklanýan talyplara, mugallymlara şeýle-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.*

**Ylmy redaktor: filologiýa ylymlarynyň kandidaty Ogulbaýram Şyhyýewa**

## *Giriş*

Türkmenistan döwletiniň täze Galkynyş we beýik özbertmeler zamanasyna aýak basmagy, diňe bir syýasatda, ykdysadyýetde däl, eýsem durmuşyň beýleki ähli ugurlarynda-da täzelenişiň başlanýandygyny alamatlandyrdy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz aladasy netijesinde ylym-bilim ulgamynda-da düýpli ilerlemeler bolup geçýär. Döwlet Baştutanymyz özüniň ähli çykyşlarynda il-ýurt bähbitli, halka haýyrly işleri amala aşyrmak babatda gyzyldan-gymmatly pikirleri öňe sürýär.

Hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Permanyňyz, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky”, “Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky”, “Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Kararlary türkmen ýaşlarynyň dünýä derejesinde bilim almagyna badalga boldy. Talyp ýaşlarymyza dünýäniň ösen ýurtlaryndaky ülňülere laýyklykda bilim bermek meselesi täze okuw kitaplaryna, gollanmalaryna ylmyň soňky gazananlaryny girizmegi, olara daýanmagy talap etdi.

Dil bilimi dünýäde iň gadymy ylymlarynyň biri bolup, öz gözbaşyny taryhyň çuň gatlaklaryndan alyp gaýdýar. Dil we jemgyýet, dil we pikirlenme, dilleriň arasyndaky gatnaşyklar, olaryň biri-birine täsiri , olaryň ösüşiniň kanunalaýyklylygy, dilleriň toparlara bölünmegi ýaly dil bilen baglanyşykly beýleki meseleler diliň düýp manysyna düşünmek üçin çalyşýan her bir adam üçin möhümdir. Dil bilimini öwrenýän adam dilleriň ösüşindäki kanunalaýyklyklaryň mazmunyna, diliň

adamyň durmuşyndaky we jemgyýetdäki ähmiýetine göz ýetirmelidir. Şulara akyl ýetirmezden hiç bir dili ylmy taýdan öwrenmek mümkin däldir.

“Diller dünýäsi” okuw gollanmasynda dünýä dilleriniň arasyndaky umumylyklar, häzirki zaman dil biliminiň meseleleri barada gürrüň berilýär. Mundan başga-da kitapda dünýäniň dürli künjegine ýaýran onlarça dil barada gysgaça maglumat berilýär.

Okuw gollanmasy haýsy dili öwrenýändigine garamazdan, ýokary okuw mekdepleriniň dil we edebiýat bölümleriniň talyplary, orta mekdepleriň mugallymlary şeýle-de dil bilimi bilen gyzyklanýan okyjylar köpçuligi üçin niýetlenilýär.

Biz kitap babatda berlen gymmatly maslahatlaryň ählisi üçin çuňňur minnetdarlyk bildirýäris.

### *Dil we diller hakynda umumy maglumat*

Dünýädäki dilçi alymlaryň tassyklamagyna görä, häzirki döwürde Ýer ýüzünde üç müňden gowrak dil bar diýlip hasaplanylýar. Olaryň käbirlerinde, meselem, hytaý, iňlis, arap, hindi, ispan dillerinde älemiň ýüzlerçe million ýaşaýjysy gepleýär. Ýukagir, ket, nigdal, nganasan dilleri ýaly diller bolsa, bary-ýogy ýüzlerçe adamyň ene dili bolup durýar. Käbir dilleriň, meselem, grek, hytaý ýa-da türkmen diliniň müňlerçe ýyllyk edebi däpleri bar. Aranta, nikobar, ýagnob dilleriniň bolsa, häzire çenli hatda ýazuwy hem döredilmändir. Ol diller diňe sözleýiş aragatnaşyk serişdesi hökmünde peýdalanylýar.

Gadymy edebi-ýazuw däpleri bar bolan diller,ýagny **gadymy ýazuwly diller**, ýazuwy soň döredilen diller bolsa **ýaş ýazuwly diller** atlandyrylýar.Bislam ýa-da neosolomon ýaly birentek diller diňe ýazuw ýadygärliklerinden belli bolan, müňlerçe ýyl mundan öň ulanylan şumer diline garanyňda has soň ýüze çykandyr.

Janly gepleşikde ulanylmadan galan diller **öli diller**, meselem, latyn dili hasaplanylýar, häzir gepleşikde peýdalanylyp ýörlen diller bolsa **janly diller** diýlip atlandyrylýar.

Dünýädäki dilleriň bir topary , meselem, türkmen we azerbaýjan dilleri, rus hem-de belarus dilleri biri-birine örän meňzeşdir. Iňlis we hytaý dillerini deňeşdireniňde bolsa, birbada olaryň arasynda hiç hili meňzeşlik göze ilmeýär.

Muňa garamazdan, dilleriň arasynda örän köp umumylyklar bardyr. Islendik dil haýsydyr bir topar bolup ýaşaýan adamlaryň baýlygydyr, genji-hazynasydyr. Islendik dilde sözleýjiniň pikiri sözleýiş sesleriniň belli bir

toplumlarynyň many aňladýan utgaşmalarynyň üsti bilen beýan edilýär. Ähli dillerde çekimli hem-de çekimsiz sesler bardyr. Diňe çekimli seslerden ýa-da diňe çekimsiz seslerden ybarat bolan dil ýokdur. Dilleriň hemmesi bölünmek häsiýetine eýe bolup durýar. Beýle diýildigi, adamzadyň ulanýan islendik dilinde aýdylýan sözlemleriň sesler, morfemalar, sözler, durnukly söz düzümleri ýaly bölümlere bölünýär diýildigidir.

Olar dürli sözlemleriň düzüminde biri-biri bilen utgaşyklylykda dürlüçe gaýtalanyp bilýärler. Dilleriň ählisinde adamlar sözlemler arkaly gepleýärler. Islendik dilde has hem-de jyns atlar bar. Hemme diller ol ýa-da başga düşünjeleriň, adalgalaryň kömegi bilen beýan edilýär. Bu ýagdaý biziň üçin has-da wajypdyr, eger şeýle bolmasa,dil bilimi ýaly ylym emele gelip bilmezdi.

**Dil bilimi** (dil öwreniş, lingiwistika) dilleri öwrenýän ylymdyr. Dil bilimi **umumy** we **hususy** bolup bilýär. Umumy dil bilimi dünýädäki dillerde duş gelýän umumylyklary öwrenýär. Hususy dil bilimi aýratyn alnan diller (meselem, türkmen dil bilimi, hytaý dil bilimi, iňlis dil bilimi we ş.m.) ýa-da garyndaş diller (türki diller, slawýan dilleri we ş.m) bilen meşgullanýar.

Dil bilimi sinhronik we diahronik bolup biler. **Sinhronik dil bilimi** barlanylýan diliň taryhynyň haýsydyr bir takyk pursatyny beýan edýär. **Diahronik dil bilimi** diliň ösüşiniň belli bir döwrüniň dowamlylygyny öwrenýär. Elbetde, umumy we hususy, sinhronik hem-de diahronik dil bilimleriniň arasyndaky tapawut hemişelik däldir.

Umumy dil bilimi özüniň öwrenýän ylmy üçin aýratyn alnan dili ýa-da dil maşgalasyny öwrenmek netijesinde toplanylan maglumatlary peýdalanýar, diliň

islendik sinhron ýagdaýy bolsa, onuň uzak wagtlyk taryhy ösüşiniň netijesinde emele gelýär.

Dil bilimi beýleki ylymlardan düýbünden üzňe däldir. Biz ol ýa-da beýleki dili öwrenenimizde hökmany suratda şol dilde geplän halkyň taryhyna ýüzlenmeli bolýarys, fonetikanyň meseleleri bilen iş salşanymyzda bolsa akustikanyň (fizikanyň bölümi) we gepleýiş fiziologiýasynyň maglumatlaryny peýdalanýarys. Terjimäniň maşyn ulgamy döredilende informatika we dil bilimi ylymlarynyň maglumatlary birikdirilýär. Haýsydyr bir dili öwrenmekden alnan maglumatlar matematiki gaýtadan işlemäge sezewar edilip bilner. Dilleri barlamakda matematiki usullary peýdalanmak bilen baglanyşykly bolan dil biliminiň bölümi matematiki lingiwistika diýlip atlandyrylýar.

Biz haýsydyr bir dili öwrenenmek bilen meşgullananymyzda mydama şol dilde ýazylan tekstlere ýuzlenmeli bolýarys. Ýöne, biz ol ýa-da beýleki tekstde şöhlelenmesini tapýan dil hadysalaryny dogry hasaba almak üçin şol tekstiň haçan, kim tarapyndan, nähili ýagdaýda döredilendigini, onuň haýsy žanra degişlidigini, nähili diňleýjilere niýetlenilendigini kesgitlemeli bolýarys.

Bu meseleler bilen filologiýa ylmynyň dil bilimi bilen bilelikdäki beýleki şahasy- edebiýaty öwreniş ylmy meşgullanýar.

### ***Soraglar we ýumuşlar:***

1. *Dil bilimi näme? Ol ylym näme öwrenýär?*
2. *Umumy we hususy dil bilimleri näme? Olaryň arasynda nähili baglanyşyk bar?*

3. *Dünýäniň ähli dlleri üçin umumy bolan haýsy häsiýetleri aýdyp biljek?*
4. *Sinhron we diahron dil bilimleri näme? Olaryň arasynda nähili baglanyşyk bar?*

## *Dil we dil belgileri. Diliň gatlaýyn (ýarus) gurluşy*

Dil biliminiň esasy öwrenýän predmeti dildir. Dil näme? Ol agaç, kagyz, el, aýak ýaly gözümize anyk görnüp duran zat däldir; dili ýerinden gozgap, ölçäp , agramyny çekip bolmaýar.

Dil ot, ýagtylyk, ýagyş ýaly tebigy hadysa bolaýmasyn?

Ýöne, dil diňe adamzat jemgyýetinde emele gelýär, oduň, ýagtylygyň , ýagşyň emele gelmegi üçin bolsa adamyň asla zerurlygy ýokdur. Häzirki zaman ylmy dili belgileriň ulgamy hökmünde kesgitleýär. Şunda dildäki ähli belgiler iki sany uly topara bölünýär.

Birinji topara “jaý”, “adam”, “ýel” ýaly doly manyly sözler degişlidir. Olar biziň daş-töweregimizi gurşap alýan zatlary we hadysalary aňladýarlar. Meselem, “jaý” sözi adamlaryň ýaşamak ýa-da haýsydyr bir zatlary saklamak üçin guran binasyny aňladýar, “adam” sözi bolsa, aňly-düşünjeli, geplemek başarnygy bolan mahlugyň adydyr, “ýel” sözi howanyň tekizlik boýunça hereket etmegidir.

Belgileriň ikinji toparyna ownuk bölekler, baglaýjy kömekçiler, goşulmalar we şulara meňzeşler degişlidir. Birinji topardaky belgilerden tapawutlylykda, olar daşky dünýädäki bar bolan zatlary, hadysalary aňlatmaga ukyply däldirler. Hakykatda, rus dilindäki “k” predlogy ýa-da nemes dilindäki “der” artikli nämäni aňladýar? Bu sözleriň

arassa gullukçylyk hyzmaty bardyr. Olar birinji topara girýän belgileriň arasyndaky baglanyşygy aňlatmak üçin peýdalanylýar. Meselem, “k” predlogy “öýe gitmek” ( идти к дому ) söz düzüminde “gitmek” hereketiniň ugruny, “öý” sözüne ugrukmasyny görkezýär.

Nemes dilindäki “der” artikli ayňrsynda at duran baş düşümindäki, birlik sandaky, erkeklik jynsyny görkezýär

Dil ulgamy köp gatlydyr ýa-da ylymda ulanylýan adalga laýyklykda köp derejeli gurluşa eýedir. Diliň aşaky derejesi seslerde jemlenýär. Olar özünden has ýokary derejeler bolan morfemalary, sözleri we şuňa meňzeşleri gurmak üçin serişde bolup hyzmat edýärler. Dilde bu dereje fonetik dereje diýlip atlandyrylýar. Diliň beýleki bir derejesinde morfemalar-kökler, goşulmalar we şulara meňzeşler ýerleşýär. Morfema-mundan beýläk bölünmeýän manyly forma, morfologik birlikdir (J.Amansaryýew, G.Gulmanow, Lingiwistik terminleriň rusça-türkmençe sparwoçnigi. Aşgabat, 1981, 109 sah). Bu dereje morfologik dereje diýlip atlandyrylýar. Morfemalar fonetik derejeden tapawutlylykda ses bilen bilelikde many aýratynlygyna hem eýedir. Ýöne, olaryň manysy morfemanyň sözüň düzüminde belli bir orun eýelän wagtynda ýüze çykýar. Mysal üçin, “gelýär” sözüni alyp göreliň. Türkmen dilini bilýän islendik adam bu sözüň häzirki zaman işligidigini säginmän aýdyp biler. Muny sözüň soňundaky “-ýär” goşulmasy subut edýär. Şeýlelikde, sözüň soňundan -ýär goşulmasy goşulan bolsa, ol häzirki zaman işligidir diýip aýtmak mümkin. Ýöne, -ýär goşulmasy sözden aýrylanda nämäni aňladýar? Hiç zady! “Men ýär bilen geldim”, “Saňa ýär gerekmi?” diýip

aýdyp bolmaýar. Sebäbi, goşulmanyň leksiki manysy ýokdur, ol diňe grammatik mana eýe bolup bilýär.

Diliň üçunji derejesi-leksiki derejedir. Bu derejede sözler ýerleşýär. Sözleriň morfemalardan tapawudy, olar leksik mana eýe bolmaklaryndan başga-da, sözleýişde özbaşdak ulanylyp bilýänligindedir. Sözler sözlem agzasy bolmak hukugyna eýedirler. Sözleriň esasy hyzmaty daşky dünýäni gurşap alýan zatlaryň, hadysalaryň atlaryny aňlatmakdyr.

Diliň başga bir derejesi sintaktik derejedir. Sintaksisiň esasy birligi söz düzümleri we sözlemlerdeir. Sözlemler haýsydyr bir pikiri başga birine ýa-da başgalara geçirmek üçin peýdalanylýar. Şu ýerde bellenilmeli zat, has kiçi derejäniň birlikleriniň has uly derejedäki birlikleri döretmekde serişde bolup durýanlygydyr. Seslerden morfemalar düzülýär, morfemalardan sözler gurulýar, sözler hem öz gezeginde sözlemleri emele getirýärler.

Dildäki dereje näçe ýokary bolsa, onda şonça-da köp mukdardaky birlik ýerleşýär. Derejeleriň içinde iň az “ilatlysy” fonetik gatdyr. Dildäki sesleriň sany dünýäniň hiç bir dilinde onlarçadan ýokary bolmaýar. Morfemalaryň sany eýýäm müňlerçe san bilen sanalýar, sözleriň sany bolsa onlarça, ýüzlerçe müňdür. Ol ýa-da beýleki diliň sözlemleri hakynda gürrüň edilende, olary sanamak mümkin däldir.

### ***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Dil näme?*
*2.Dilde belgileriň haýsy görnüşleri bar?*
*3.Diliň derejeleýin gurluşy näme? Haýsy derejeleri atlandyryp bilersiňiz?*

*4.Fonetik derejäniň birligi diliň beýleki derejeleriniň birliklerinden, esasan, nämesi bilen tapawutlanýar?*
*5.Leksiki derejäniň birlikleriniň nähili hyzmatlary bar?*
*6.Sintatktik derejäniň birlikleri nähili hyzmaty ýerine ýetirýär?*

## *Dil maşgalalary. Dilleriň genealogik bölünişi*

Öň belläp geçişimiz ýaly, käbir diller biri-birine örän meňzeşdir. Ol dillerde gepleýän adamlar öz aralarynda hiç hili terjimeçisiz aňsat düşünişip bilýärler. Mysal üçin, türkmen adamsy garagalpak, azerbaýjan, türk adamlary bilen, rus adamsy belarus, ukrain adamlary bilen, norwegiýaly adam daniýaly ýa-da şwed bilen, italiýaly ispaniýaly ýa-da portugaliýaly bilen biraz kynçylykly bolsa-da düşünişip bilýärler. Dilleriň şunuň ýaly meňzeşligi, olaryň umumy-kök dilden emele gelendigi bilen düşündirilýär. Türkmen, garagalpak, azerbaýjan, türk dilleri gadymy oguz dilinden, rus, ukrain, belarus dilleri gadymy rus dilinden norweg, şwed dilleri gadymy skandinaw dillerinden, ispan, italýan, portugal (şeýle-de Ýewropa dilleriniň birtopary) latyn dilinden emele gelendir. Bir umumy kök dilden emele gelen dillere **garyndaş diller** diýlip at berilýär. Ýakyn garyndaşlyk, meselem türk we türkmen dilleriniň, rus, ukrain, belarus dilleriniň rasayndaky ýakynlyk hc-hili ylmy subutnamalar talap etmezden mese-mälim görnüp dur. Garyndaşlygy has aňyrdan gaýdýan dilleriň, meselem türkmen we ýakut dilleriniň, rus we litwa dilleriniň garyndaşlygy ýörite derňewleriň netijesinde kesgitlenilýär. Gelip çykyşynyň umumylygynyň esasynda dilleriň bölünmegine dilleriň genealogik bölünişi diýilýär. Garyndaş dilleriň iň uly

birleşmesi **maşgala** diýlip atlandyrylýar. Dil maşgalalary toparlara, olar bolsa öz gezeginde toparçalara bölünip bilner. Käbir toparlar we toparçalar ožünde onlarça dili jemleýär, käbirlerine bolsa bary-ýogy bir dil degişlidir. Biziň mähriban ene dilimiz bolan türkmen dili türki diller maşgalasyna degişlidir. Dünýä dil biliminde diller genealogik taýdan aşakdaky toparlara bölünýär[1]:

**HINDI-ÝEWROPA DILLERI MAŞGALASY:**

**Slawýan dilleri topary:**

a) Gündogar slawýan dilleri toparçasy: rus, belarus, ukrain, rusin dilleri;
b) Günbatar slawýan dilleri toparçasy: polýak, çeh, slowak, kaşub, ýokaryluži̇k, aşakyluži̇k, polab (öli) dilleri;
ç) Günorta slawýan dilleri toparçasy: bolgar, makedon, serbohorwat, slowen, ybadathanaslawýan (öli) dilleri.

**German dilleri topary:**

a) Günbatar german dilleri toparçasy: nemes, iňlis, niderland (golland), afrikaans, lýuksemburg, friz, idiş, langobard (öli) dilleri;
b) Demirgazyk german (skandinaw) dilleri toparçasy: norweg, daniýa, şwed, island, farer dilleri;
ç) Gündogar german dilleri toparçasy: got (öli), burgund (öli), wandal (öli), gerul (öli), gepid (öli) dilleri.

**Roman dilleri topary:**

Italýan, ispan, portugal, fransuz, rumyn, moldawan, sardin (sard), oksitan (prowansal), katalan, galisiý, retorman, sefard, dalmatin (öli) dilleri.

**Kelt dilleri topary:**

---

[1] Dilleriň gelip çykyşy taýyndan bölünişi boýunça maglumatlar prof. I.P.Susowyň "Введение в теоретическое языкознание, Твер 2001" kitabyndan alyndy.

a) Gel dilleri toparçasy: şotland, irland, men (man) dilleri;
b) Britt dilleri toparçasy: breton, walliý, korn (öli) dilleri;
ç) Gall dilleri toparçasy: gall (öli), lepontiý (öli) dilleri;
c) Keltiber dilleri toparçasy: keltiber dili (öli).

**Eýran dilleri topary:**

Awestiý (öli), pars, täjik, kürt, puştu, dariý, osetin, buluç, ýagnob, tat, ýazgulam, ruşan, şugnan, hazareý, midiý (öli), sogdiý (öli) we başga-da köp diller;

**Hindi dilleri toparçasy:**

Sanskrit (öli), hindi, urdu, nepal, bengal, rajastan, singal, gujrat, maldiw, assam, marathi, oriýa, sindhi, parýa, sigan we s.m dilleri.

**Dard diller topary:**

a) Günbatar dard (nuristan, kafir) diller toparçasy: kati, prasun, aşkun, waýgali, dameli dilleri.
b) Merkezi dard diller toparçasy: paşaýy, kalaşa, khowar we ş.m dilleri.
ç) Gündogar dard diller toparçasy: kaşimir, phalura, şina we ş.m dilleri.

**Baltika dilleri topary:**

Latyş, litwa, prus (öli), ýatwýaž (öli), kurş (öli), galind (öli) dilleri.

**Het-luwiý dilleri topary:**

Het (öli), luwiý (öli), likiý (öli), palaý (öli), kariý (öli) dilleri.

**Tohar dilleri topary:**

A Tohar dilleri (öli), B Tohar dilleri (öli).

**Italiý dilleri topary:**

Latyn (öli), osk (öli), umbr (öli), falis (öli) dilleri.

**Grek dilleri topary:** grek dili.

**Alban dilleri topary** : alban dili

**Ermeni dilleri topary**: ermeni dili.

Dilleriň beýleki uly maşgalalaryna türki, iberiýa-kawkaz, ugor-fin, hytaý tibet, taý, afraziýa, awstroneziýa dilleri maşgalalary degişlidir. Kiçi dil maşgalalaryna bolsa, drawid, tungus-mançjur, mongol, kartwel, ýeniseý, samodiý, çukotka-kamçatka, eskimos-aleut dil maşgalalary girýär.

**DRAWID DILLERI MAŞGALASY**

Telugu, tamil, malaýalam, kannada, braguý, elam (öli) we beýleki diller.

**KARTWEL DILLERI MAŞGALASY**

Gruzin, mingrel, laz (çan), swan dilleri.

**TÜRKI DILLERI MAŞGALASY**

Türkmen, tatar, başgyrt, gazak, krym-tatar, azerbaýjan, özbek, türk, garagalpak, gyrgyz, ýakut, dolgan, hakas, tuwa, altaý, şor, çuwaş, gagauz, garaýym, nogaý, uýgur, gumuk, garaçay-balkar, barabin, çulum-türk, tofalar, soýot, sary-uýgur, polowes (öli), hazar (öli), bulgar (öli) we şiňa meňzeş diller.

**MONGOL DILLERI MAŞGALASY**

Mongol, burýat, galmyk we başga diller.

**TUNGUS-MANÇJUR DILLERI MAŞGALASY**

Mançjur, çžurçžen (öli), nanaý, udegeý, ewenkiý, ewen, negidal, solon, ulç dilleri.

**URAL DILLERI MAŞGALASY**

**Fin dilleri topary**

a) Pribaltika-fin dilleri toparçasy: fin, eston, karel, weps, ižor, wod, liw, saam dilleri;

b) Perm dilleri toparçasy: komi, komi-perm, udmurt, besermýan dilleri;

ç) Wol dilleri toparçasy: mariý, mordwa, merýan (öli);

**Ugor dilleri topary**

Wenger, hantyý, mansyý dilleri.

**Samodiý dilleri topary**

Nenes, enes, nganas, selkup, kamasin (öli) dilleri.

**AFRAZIÝA (SEMIT-HAMYT) DILLERI MAŞGALASY**

**Semit dilleri topary:**

Arap, maltiý, iwrit, geez (öli), tigray, tigre, assiriýa, sokotriý, finikiýa (öli), akkad (öli), siriýa (öli) we şuňa meňzeş diller.

**Müsür dilleri topary:**

Gadymy müsür, kopt dilleri.

**Berber-liwiýa dilleri topary:**

Taşelhit, şauýa, zenaga, kabil, numidý (öli) we şuňa meňzeş köp diller.

**Caad dilleri topary:**

Hausa, kera, kwang, mubi we şulara meňzeş diller.

**Kuşit dilleri topary:**

Somaliý, oromo we şulara meňzeş diller.

**Omot dilleri topary:**

Omet, kaffa we şulara meňzeş diller.

**HYTAÝ-TIBET DILLERI MAŞGALASY**

**Taý-hytaý dilleri topary:**

Hytaý dilleri toparçasy: hytaý, dungan dilleri;

**Tibet-birma dilleri topary:**

Tibet, birma, dzong-ke, newar, karen, naga, kaçin we şulara meňzeş diller.

**TAÝ DILLERI MAŞGALASY**

Taý, laos, şan, çžuan, li, be we şulara meňzeş diller.

**AWSTRONEZIÝA DILLERI MAŞGALASY**

**Indoneziýa dilleri topary:**

Indoneziýa, malaýa, malgaş, tagal, pampangan, bugiý, pangasin, ýawan, palau, çamorro we beýleki diller;

**Polineziýa dilleri topary:**

a) Ýadro-polineziýa dilleri toparçasy: samoan, tuwalu, tokelaý, pukapuka, maori, taitýan, gawaý, rarotongan, rapanuý, moriori (öli) dilleri

b) Tongan dilleri toparçasy: tongan, niue dilleri;

**Mikroneziýa dilleri topary:**

Nauru, tungaruan, marşal, kusaiýe, ponape, truk, woleaý, ýap, mokil we şulara meňzeş diller.

**Melaneziýa dilleri topary:**

Fidžiý, rotuma, uailu, gomen, nengone, lif, mea, tiri we şulara meňzeş diller.

**AWSTROAZIÝA DILLERI MAŞGALASY**

**Wet-myong dilleri topary:**

Wetnam, myong dilleri.

**Mon-khmer dilleri topary:**

Khmer, mon dilleri.

**Munda dilleri topary:**

Santali, mundari, asuri, korku we şuňa meňzeş diller.

**Nikobar dilleri topary:**

Şompeng dili.

**Khasi dilleri topary:**

Khasi dili.

**Palaung-wa dilleri topary:**

Palaung, wa, khmu, lamet we şuňa meňzeş diller.

**DEMIRGAZYK KAWKAZ DILLERI MAŞGALASY**

**Abhaz-adygeý (günbatar) dilleri topary:**

Abhaz, adygeý, abazin, kabardin, ubyh dilleri.

**Nah-dagystan dilleri topary:**

Nah toparçasy: çeçen, inguş, basbiý dilleri.

Dagystan toparçasy: awar, andiý, botlih, godoberdin, bagwalin, lak, dargiý, dezgin, tabasaran, hinalgug we şuňa meňzeş diller.

**ÝENISEÝ DILLERI MAŞGALASY**

Ket, ýug (öli) , kott (öli) ,assan (öli) ,arin (öli) , pumpokol (öli) dilleri.

**ÇUKOTKA-KAMÇATKA DILLERI MAGALASY**

Çukot, koryak, alyutor, kerek, itelmen dilleri.

**ESKIMOS-ALEUT DILLERI MAŞGALASY**

Eskimos, aleut dilleri.

**ÝUKAGIR DILLERI MAŞGALASY**

Ýukagir, kolym, çuwan (öli), omok (öli) dilleri.

Käbir dilleriň başgaça aýdylanda “ata-babalaryny” bilip bolmaýar, olar ýokarda agzalyp geçilen dil maşgalalarynyň hiç birine degişli bolmaýar. Beýle diller **üzňeleşdirilen (izolirlenilen) diller** diýlip atlandyrylýar. Olara ýapon, koreý, kusunda we şuňa meňzeş diller degişlidir. Şumer dilini hem köp alymlar izolirlenilen dile degişli edýärler. Ýöne, bu diliň türki dilleriniň asly bolmagy gaty mümkindir. Demirgazyk we Günorta Amerikadaky, Afrikadaky, Awstraliýadaky, Täze Gwineýadaky birtopar aborigen dilleri toparlara bölmek häzire çenli gutarnykly işlenilen däldir. Öz aralarynda baganyşygy bolmadyk maşgalalaryň we toparlaryň köp mukdary ýüze çykýar. Şol sebäpden hem bu babatda alymlaryň pikirleri hem biri-birilerine gapma garşylyklydyr.

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Haýsy diller garyndaş diller hasaplanylýar?*

*2.Izolirlenilen diller näme?*

*3.Garyndaş dilleriň has uly birleşmeleri nähili atlandyrylýar?*

*4.Türkmenistanda ýaşaýan halklaryň dilleriniň haýsy dil maşgalalaryna girýändigini sanap beriň.*

## *Dil biliminiň deňeşdirme-taryhy usuly*

Dilleriň garyndaşlygynyň anyk görnüp durmaýan ýagdaýynda garyndaşlygy ýüze çykarmak, dilleriň biri-birleri bilen baglanyşygyny kesgitlemek üçin deňeşdirme-taryhy usul peýdalanylýar. Bu usul umumylykda alnanda, iki sany tapgyrdan ybaratdyr:

1) garyndaşlygy ýa-da garyndaş däldigi subut edilmeli dilleriň sözlük gorundan dilden-dile geçmedik, alynma sözler bolmadyk, dillerde gadymy döwürlerden bäri peýdalanylýan sözler saýlanylyp alynýar. Muňa garyndaşlyk adalgalary, beden agzalarynyň atlary, ýüze çenli bolan sanlar, “asman”, “suw”, “ölüm”, “ömür”, “Ýer”, “Aý”, “Gün” ýaly tebigy hadysalary, zatlary aňladýan sözler, sözlük düzüminiň beýleki toparyna degişli sözler girýär. Şunda deňeşdirmek üçin diliň häzirki zamandaky sözleri däl-de, olaryň ýazuw ýadygärliklerinde gabat gelen gadymy görnüşleri alynýar. Mysal üçin biz, türkmen we türk dilleriniň garyndaşlygyny kesgitlemek islesek, bu dilleriň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde, Mahmyt Kaşgarlynyň sözlüginde, Ýusup Balasagunlynyň, Ýunus Emräniň eserlerinde gabat gelýän sözleri deňeşdirmelidiris.

Şeýle-de, rus dili bilen latyň garyndaşlygy kesgitlenilmekçi bolnan ýagdaýynda, biz Kiýew Rusy döwrüniň gadymy rus sözleri bilen XVI asyr latyş diliniň sözlerini (latyş dilinde birinji kitap 1585-nji ýylda peýda bolupdyr) deňeşdirmelidiris.

2) iki ýa-da birnäçe dilleri deňeşdirmegiň esasynda ses barabarlyklarynyň yzygiderli gabat gelşi ýa-da gabat gelmeýşi deňeşdirilýär. Bu babatda aşakdaky mysala seredeliň:

| Sanskrit | Latyn | Gadymy rus |
|---|---|---|
| Bhratar (брат) (dogan) | Frater | брат |
| Bharami (беру) (alýaryn) | Fero | беру |
| Bhara (битва) (söweş) | Ferio | борьба |

Bu mysallaryň esasynda şeýle netije çykarmak bolýar, hindi-ýewropa dilleriniň ählisi üçin umumy bolan sözleriň derňewinden görüşi ýaly, kök dilde-sanskrit dilinde sözüň başynda gelýän “bh” hökmany latyn dilindäki “f” sesine, rus dilindäki “b” sesine gabat gelýär.

Şunuň ýaly mysallary türki dilleri babatda hem getirmek mümkin:

| Türkmen | Azerbaýjan | Türk | Gazak | Özbek |
|---|---|---|---|---|
| garyn | garyn | garyn | karyn | korin |
| ganat | ganad | kanat | kanat | konot |
| boýun | boýun | boýun | moýun | buýin |
| sekiz | säkkiz | sekiz | segiz | sakkiz |
| men | män | ben | men | men |

(Ý.Çöňňäýew, Häzirki zaman türkmen dili (leksika), Aşgabat 1988, 55 sah)

Bu dillerdäki mysal getirilen sözlerde “k”, “g” sesleriniň “b”, “m” çekimsiz selleriniň, “a”, “o” çekimli sesleriniň biri-biriniň ornuna gelmek ýagdaýy türki dilleri üçin mahsusdyr.

Deňeşdirilýän dillerdäki ses barabarlyklarynyň yzygiderli gabat gelmegi dilleriň garyndaşlygynyň esasy

görkezijisi bolup hyzmat edýär, bu ýerde sesleriň tötänleýin gabat gelmegi hasaba alynmaly däldir.

Latyn dilindäki “sapo” (sabyn) we mordwa dilindäki “sapon” sözlerindäki gabat gelmeler tötänleýin gabat gelmedir, bu ol dilleriň garyndaşlygyna şaýatlyk etmeýär. Dilleriň garyndaşlygyny subut etmekde deňeşdirme-taryhy usuly mydama ulanyp ýörmek zerur bolmaýar. Dilleriň garyndaşlyk ýagdaýy köplenç babatda ýazuw ýadygärliklerinde oňat görünýär.

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Deňeşdirme-taryhy usul näme üçin peýdalanylýar ?*
*2.Dilleriň garyndaşlygy kesgitlenilende deňeşdirmek üçin sözleriň haýsy toparlary saýlanylyp alynýar?*
*3.Yzygiderli ses barabarlygy näme?*
*4.Deňeşdirme-taryhy usuly peýdalanmazdan dilleriň garyndaşlygyny kesgitläp bolarmy?*

## *Dilleriň gurluş taýyndan (morfologik) toparlara bölünişi*

Dünýädäki diller diňe bir gelip çykyşy, kök dilden ýaýraýyşy taýyndan toparlara bölünmän, özleriniň gurluşy, ýagny morfologik aýratynlyklary tarapyndan hem toparlara bölünýär. Şunuň ýaly bölünişe dilleriň morfologik bölünişi diýilýär. Morfologik bölünişe laýyklykda, dünýädäki diller öz aralarynda dört görnüşe bölünýärler.

Birinji görnüşe **amorf** dilleri degişlidir. Beýle diller üçin söz üýtgedişiň doly ýa-da tas doly derejede bolmazlygy mahsusdyr. Olarda sözleriň tertibiniň grammatik manysy uly ähmiýete eýedir. Sözler asyl söz, kök we goşulmalara bölünmeýärler. Amorf dillerinde

düşüm, san, degişlilik, zaman ýaly grammatik düşünjeler ýörite goşulmalaryň üsti bilen aňladylmaýar. Beýle dillere hytaý, wýetnam, dungan, myong we ş.m diller degişlidir.Häzirki zaman iňlis dili özüniň ösüş ugry boýunça amorf dillerine ýakynlaşýar.

Dilleriň ikinji görnüşine **flektiw** ýa-da **fuzion** dilleri girýär. Flektiw dillere slawýan, baltiý, italiý dilleri, şeýle-de, eýran dilleriniň käbirleri degişlidir. Bu görnüşdäki diller üçin söz üýtgeýşiň ösen ulgamy häsiýetlidir. Şeýle-de, bu görnüşdäki dillerde dürli grammatik manyny bermek hem gabat gelýär. Meselem, "дома" rus sözündäki "-a" goşulmasy şol bir wagtda köplük sanyň, baş düşümiň goşulmasy bolup bilýär.

Dilleriň üçünji görnüşine **agglýutinatiw** (goşulmalar arkaly söz ýasalyşy amala aşyrýan ) diller girýär. Olara türki, tungus-mançžur, ugor-fin we beýleki diller degişlidir. Agglýutinatiwlik emeli dil bolan esperanto diline hem häsiýetlidir. Bu görnüşdäki dillerde flektiw dillerdäki ýaly söz üýtgeýşiň ösen ulgamy bolsa-da, flektiw dillerden tapawutlylykda her bir grammatik manynyň öz aýratyn hususy görkezijisi bolýar. Meselem, komi-permýak dilindäki "sin" (göz) – "sinnezon" sözi **tworitelniý** düşümde, köplük sandadyr. Bu ýerde "nez" morfemasy köplük sanyň, "on" morfemasy bolsa, tworitelniý düşümiň görkezijisi bolup hyzmat edýär. Agglýutinatiw dillerde ähli atlar hem-de işlikler üçin ýöňkemede üýtgemegiň meňzeşligi mahsusdyr. Flektiw dillerde atlaryň şahs aňlatmaklarynda, işlikleriň ýöňkemede üýtgemeginde uly tapawuda duş gelýäris. Meselem, rus dilinde üç şahs, iki ýöňkeme, latyn dilinde bäş şahs we dört ýöňkeme bar.

Dilleriň dördünji görnüşine **inkorporirleýji** ýa-da **polisintetik** diller diýilýär. Beýle dillere çukot-kamçatka diller maşgalasy, Demirgazyk Amerikanyň indeýleriniň dilleri degişlidir. Dilleriň bu görnüşinde tutuş sözlemiň bir uly goşma sözde jemlenmek häsiýeti güýçlüdir. Munda grammatik görkezijiler aýratyn sözlerde däl-de, tutuşlygyna söz-sözlemde görünýär. Inkorporirlenişiň rus dilinde gabat gelşine hem mysal getirmek mümkin: “Я ловлю рыбу” sözlemi bir sözde, “рыболовствую” sözünde berilýär. Bu elbetde, tebigy däldir, ol emeli häsiýete eýedir. Polisintetiki dillerde islendik sözlem bir çylşyrymly goşma söz arkaly berlip bilner. Meselem, çukot dilindäki “Biz täze torlary goraýarys” diýen sözlem “Mytturkupregynrityrkyn” görnüşinde bolýar.

Biz dilleriň dört görnüşi hakynda gürrüň edenimizde, tebigatda hiç hili garyndysy bolmadyk, himiki taýdan arassa maddanyň bolmaýşy ýaly, flektiw, agglýutinatiw, amorf, polisintetiki diliň hem doly derejede bolup bilmeýändigini ýadymyzdan çykarmaly däldiris. Ine, hytaý we dungan dillerinde amorflyk häsiýeti güýçlüdir, ýöne onda agglýutinatiwlik häsiýeti hem bardyr. Flektiw hasaplanylýan latyn dilinde agglýutinatiwligiň käbir häsiýetleri duşýar, şeýle-de, agglýutinatiw eston dilinde flektiwlik häsiýetine gabat gelýäris.

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Dilleriň gurluş taýyndan (morfologik) bölünişine kesgitleme beriň.*

*2.Morfologik bölünişe laýyklykda dillleriň dört görnüşini häsiýetlendiriň.*

*3.Dilleriň morfologik bölünişine dünýä dilleri boýunça mysallar getiriň.*

## *Edebi dil.Şiwe.Žargon.Gepleşik leksikasy*

Biz “türkmen dili”, “rus dili”, “fransuz dili” ýa-da “hytaý dili” diýenimizde bu dilleriň umumylyklaryny, bir bitewiligini göz öňünde tutýarys. Ýöne, islendik dil biri-birinden tapawutlanýan görnüşleriň (wariantlaryň) btewileşmeginden hasyl bolýar. Şol görnüşler hökmünde dürli şiweler, biri-birinden tapawutlanýan argolar hem-de žargonlar, ýönekeý gepleşik, edebi dil hyzmat edýär.

Diliň esasy görnüşi, onuň dil hökmünde öňe çykmagyny üpjün edýän görnüşi edebi dildir. Biz “türkmen dili”, “rus dili”, “iňlis dili” diýenimizde olaryň diňe edebi dillerini göz öňünde tutýarys.

Edebi dil we edebiýatyň dili biri-birinden tapawutlanýan zatlardyr, şol bir wagtda-da olar bir zatdyr. Dünýä edebiýatynda edebi dilde däl-de argoda ýa-da şiwelerde çeper eserleriň döredilen halatlary bellidir. Mysal üçin, rus ýazyjysy Wladimir Dal öz hekaýalaryny Kazak Luganskiý lakamy bilen Don şiwesinde yazypdyr. Belli rus şahyry Nikolaý Klýuýew eserleriniň birentegini demirgazyk rus şiwelerinde ýazypdyr.

**Edebi diliň-** esasy alamaty onuň kadalaşdyrylandygydyr. Iňlis dininde gepleýän halklar “edebi dil” adalgasynyň deregine “standard language”, “standart dil” adalgasyny peýdalanýarlar.

Edebi diliň başga bir alamaty onuň aňladyş serişdesiniň, ilkinji nobatda sözlük düzüminiň baýlygydyr.

Argo, şiweler, ýönekeý gepleşik edebi dilden tapawutlanýarlar. Diliň bu görnüşlerinde medeni, syýasy,

ylmy adalgalar asla ýokdur. Biz edebi dilde islendik zat barada, islendik temada ýazyp hem-de gepläp bilýäris.Diliň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda edebi dil durmuşyň hajatlarynda ulanylman, akyl-paýhas işiniň ýokary gatlaklarynda-da peýdalanylýar. Başgaça aýdylanda, edebi dil köpugurlydyr.

Dil biliminde **şiwe** diliň çäklerdäki (territorial) görnüşi diýlip atlandyrylýar. Şiwe edebi dilden dil ulgamynyň ähli derejeleri: fonetik, morfologik, leksik we sintaktik ugurlary boýunça tapawutlanyp biler. Mysal üçin, türkmen diliniň käbir şiwelerinde edebi dilde ulanylýan “p” sesiniň deregine “f” sesiniň, dişara “s” sesiniň ýerine dişdüýbi “s” sesiniň ulanylyşyna duş gelmek bolýar. Rus diliniň demirgazyk şiweleriniň käbirinde “ч” sesiniň “ц” sesine çalşyrylyp ulanylyşyna gabat gelinýär (“чай” sözüne derek “цай”, “черный” sözüne derek “церный”).

Türkmen diliniň şiweleriniň arasyndaky tapawut tutuşlygyna alnanda uly däldir. Mysal üçin, türkmen diliniň teke şiwesinde gepleýän adam hiç bir kynçylyksyz ärsary ýa-da ýomut şiwelerinde gepleýänler bilen düşünişip bilýär. Bu ýagdaý rus dilinde hem şeýledir. Sibirli rýazanla, Stawropolda ýaşaýanlar demirgazykda ýaşaýan rusuň gepleýşine päsgelçiliksiz düşüner. Germaniýa we Hytaý ýaly ýurtlardaky käbir şiweleriň arasyndaky tapawut şeýle bir uly bolup, hatda rus we polýak dillerinde gepleýänler hem öz aralarynda olara garanyňda gowy düşünişýärler. Şoňa görä-de beýle ýurtlarda ýaşap, dürli şiwelerde gepleýän adamlaryň biri-birileri bilen düşünişmegi örän kyn bolup, ol ýerlerde umumy milli edebi diliň ähmiýeti düýpli artýar. Edebi dil bu ýerlerde ýurduň ilatyny bir halka birleşdiriji bolup

hyzmat edýär. Beýleki tarapdan şiwelere bölünmeýän dilleriň hem bardygyny belläp geçmelidiris. Bu görnüşdäki dile **afrikans** dilini mysal getirmek mümkin.

Şiweleriň öz edebi kadalaryny emele getirmegi netijesinde aýratyn dile öwrülýän ýagdaýlary hem bar. Meselem, ýigriminji asyrda günorta nemes şiweleriniň birinde geplän uly bolmadyk döwlet-Lýuksemburg Gersoglygynyň özbaşdak dili-Lýuksemburg dili emele gelipdir.

**Žargon** – diliň durmuşy görnüşidir. Haýsydyr bir uly ýa-da kiçi durmuşy toparyň ulanýan diline **žargon** diýilýär. Ýaşlaryň, talyplaryň, deňizçileriň, söwdagärleriň, jenaýatçylaryň we ş.m. özbaşdak žargony bolýar. Käbir ýagdaýlarda, meselem, jenaýatçylar dünýäsinde žargon beýleki adamlara düşnüksiz bolan syrly dil hökmünde , şeýle-de, öz gepleşigini beýlekilerden tapawutly etmekde ulanylýar. Žargonlar çeper eserlerde gahrymanlaryň häsiýetlerini açyp görkezmekde-de peýdalanylýar. Muňa mysal edip, A.Durdyýewiň “Bally molla” hekaýasyndaky, H.Derýaýewiň “Ykbal” romanyndaky žargonlary görkezmek bolar. Mundan başga-da, žargonyň haýsydyr bir topara düşnükli bolan şertli dil hökmünde-de ulanylmagy mümkindir. Meselem, akmämmet-arak, ak möjek-geroin, tüýdükçi-neşekeş we ş.m. Žargon edebi dilden diňe sözleri arkaly tapawutlanyp biler. Olaryň aýratyn alnan fonetikasy ýa-da grammatikasy bolup bilmez.

**Gepleşik leksikasy** žargonlardan we şiwelerden tapawutlylykda diliň umumymilli görnüşidir. Ol şu babatdan edebi dile ýakyndyr. Ýöne, edebi dilden tapawutlylykda ýönekeý gepleşigiň kadalary ýokdur,

ulanylyş çägi giň däldir. Ol, esasan, gündelik durmuşy dilde ulanylýar.

Türkmen diliniň gepleşik leksikasy hakynda Ý.Çöňňäýewiň “Häzirki zaman türkmen dili” kitabynda şeýle bellenilýär: “Gepleşik leksikasynda her bir wakanyň, hadysanyň, zadyň ady, edebi diliň kadasyny bozmazdan, edebi gepleşikdäki adyndan aňladyjylyk ukybyny güýçlendirip atlandyrýar. Muňa durmuşy gepleşik leksikasy hem diýilýär. ” Mundan başga-da, ýönekeý gepleşik sözlerine: **ketek, kempaý, jyrk, hajymelik, jyňkytmak, halpyk, hörek, heýle** ýaly sözler mysal getirilipdir. (Ý.Çöňňäýew .Häzirki zaman türkmen dili. Aşgabat, 1988 96-97 sah).

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Diliň haýsy görnüşleri umumy milli dil bolup bilýär?*

*2.”Edebi dil” we “edebiýatyň dili” düşünjeleriniň arasynda nähili tapawutlar bar?*

*3.Şiwe bilen žargonyň arasynda nähili tapawutlar we umumylyklar bar?*

*4.Size mälim bolan şiwe sözlerini aýdyň.*

*5.Özüňize mälim bolan žargon sözlerini aýdyň.*

*6.Içinde žargon sözleri köp ulanylýan edebi eserleri mysal getiriň.*

*7. Şiwe sözleri köp ulanylýan edebi eserleri mysal getiriň.*

## *Edebi diliň stilleri*

Öň belläp geçişimiz ýaly, diliň iň kämil görnüşi edebi dildir. Ýöne, edebi dil hem öz gezeginde adamyň durmuşynda ulanylyş aýratynlygy, niýetlenilişi boýunça dürli toparlara bölünýär. Ýazuw dili üçin, esasan, dört: ylmy, resmi-iş, gazýet-publisistik, çeper edebiýat, agzeki gepleşik üçin janly gepleýiş stili öňe sürülýär. Şeýle-de

aralyk ýagdaýlar hem bolup bilýär. Meselem, ylmy-populýar edebiýatlarda ylmy we çeper edebiýat stilleriniň aralyklary ulanylýar. Her bir stil sözleri we grammatik aýratynlyklary babatdan tapawutlanýarlar, janly gepleýiş stili mundan başga-da aýdylyş äheňi tarapyndan hem birmeňzeş däldir.

**Ylmy stil**-duýgy bildirmeýändigi we takyklygy bilen tapawutlanýar. Sözler ylmy stilde diňe göni manyda ulanylýar, mundan başga-da, onda ýörite adalgalar köp bolýar. Ylmy stiliň sözlemleriniň gurluşy çylşyrymly bolup, tekst baplara , paragraflara, abzaslara takyk bölünýär.

Bu stiliň häsiýetli aýratynlyklarynyň ýene biri, onda "biziň pikirimizçe", "bize mälim bolşuna görä", "hakykata laýyk gelýär" we ş.m. ýaly söz düzümleriniň köp ulanylýandygydyr. Türkmen diliniň ylmy stilinde "men" at çalyşmasyny ulanmakdan gaça durulýar. Onuň ýerine, adatça, köplük manysyna garamazdan "biz" at çalyşmasy ulanylýar. Türkmen diliniň ylmy stilinde "meniň pikirimçe" diýen söz düzümine seýrek gabat gelinýär, onuň deregine "bize mälim bolşy ýaly" we ş.m. söz düzümleri ulanylýar.

**Resmi-iş stili**- ylmy stil ýaly, maglumatlary bermekde takyklygy, sözleriň göni manyda ulanylýandygy bilen häsiýetlidir. Bu stil edebi diliň stilleriniň arasynda has standartlaşdyrylan stil hökmünde bellidir: resminamalar hökümet edaralary tarapyndan tassyklanylan görnüşler esasynda düzülýär. Resmi-iş stiliniň aýratyn taraplarynyň biri onda "siziň dykgatyňyza ýetirýäris", "haýyş edýäris", "laýyklykda", "esasynda" ýaly sözleriň hem-de söz düzümleriniň köp ulanylmagydyr.

Resmi-iş stiliniň, şeýle-de, ylmy stiliň tas ýeke-täk diýen ýaly hyzmaty, haýsydyr bir  maglumaty takyk habar bermekdir. Bulardan tapawutlylykda gazýet-publisistik we çeper edebiýat stili okyjyda duýgy döretmek, duýgusyny oýarmak hyzmatyny hem ýerine ýetirýär.

**Gazýet-publisistik stili** üçin jemgyýetçilik-syýasy sözlerini, durnukly aňlatmalary, dürli görnüşli ritoriki sorag sözlemlerini, ýüzlenme sözlemlerini ulanmak häsiýetlidir. Soňky ýyllarda publisistik stile ýönekeý gepleýşiň sözleriniň hem aralaşýandygyny görmek bolýar.

**Çeper edebiýat stili** okyjyda duýgy döretmek, habar bermek hyzmatyndan başga-da estetik hyzmaty hem ýerine ýetirýär. Onda dilde bar bolan çeperçilik serişdeleriniň hemmesi işjeň ulanylýar. Çeper eserler mazmuny, şeýle-de, görnüşi boýunça örän dürlüdir. Şonuň üçin hem alymlaryň köpüsi çeper edebiýat stiline däl-de her bir ýazyjynyň, her bir edebi ugruň stiline baha bermegi, ony aýdyňlaşdyrmagy öňe sürýärler.

**Ýönekeý gepleýiş stiline** taýýarlyksyzlyk, ýönekeýlik, gepleşigiň sorag-jogap görnüşindäki aýratynlygy häsiýetlidir. Onda dabaraly, kitaby sözler seýrek duşýar. Bu stilde äheň, ýüz keşbiň hereketleri, yşaratlar uly ähmiýete eýe bolýar. Ýönekeý gepleýiş stilinde aňladylyş äheňi ýitidir. Onda **wulgarizmler** diýlip atlandyrylýan paýyş-sögünç sözler hem duş gelýär

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Edebi diliň stilleri diýip nämä düşünýärsiňiz? Siz haýsy silleri bilýärsiňiz?*

*2.Her bir stiliň häsiýetli aýratynlyklaryny belläň.*

*3.Haýsydyr bir ylmy işden ylmy stile häsiýetli bolan aýratynlyklara eýe bolan bölegi saýlaň.*

*4.Resmi-iş stili üçin mahsus bolan sözleri mysal getiriň.*

## *Diliň taryhy ösüşi*

Diliň ösüşi adamlaryň jemgyýetçilik gurluşlarynyň üýtgemegi, adamzat jemgyýetiniň ösüşi bilen berk baglydyr. Ilkidurmuş obşina gurluşygy üçin adamzat jemgyýetiniň taýpa we garyndaş görnüşleri mahsusdyr.

Olara häzirki garyndaş diller toparlaryny emele getirýän taýpa dilleri hyzmat edipdir. Şoňa görä-de zähmetiň jemgyýetde ilkinji bölünişi ýaş alamatlary boýunça bolupdyr. Käbir dilleriň ilkidurmuş obşina gurluşygynyň ösüş döwründe aýal we erkek gepleşikleri babatdan görnüşleri emele gelipdir, olar biri-birinden düýpli tapawutlanypdyr. Aýal we erkek gepleşikleriniň arasyndaky tapawut käbir halklarda häzir hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin, ýukagir dillerinde “d”, “t” zarply sesleri diňe erkekleriň arasynda ulanylýar, aýallar ol sesleri “dz” we “s” ýaly görnüşlerde ulanýarlar. Aýal we erkek gepleşikleriniň arasyndaky tapawutlary sözleriň ulanylyşy arkaly hem ýüze çykarmak mümkindir. Meselem, ýana dilinde erkek adamlaryň gepleşiginde suguna “bana” diýilýär, aýallar bolsa ony “ba” diýip aýdýarlar. “Adam” diýen söz ýana dilinde erkek adamlaryň gepleşiginde “isi”, aýallaryňkyda bolsa “is”.

Aýallaryň we erkek adamlaryň gepleşikleriniň arasyndaky tapawut häzirki zaman türk dilinde hem gabat gelýär. Türk dilinde gepleýän aýallar “r” sesini taşlap gepleýärler, erkek adamlaryň gepleşiginde beýle hadysa duş gelinmeýär.

Ilkidurmuş obşina gurluşy döwrüniň dilleriniň başga bir alamaty olarda umumy düşünjeleri aňladýan sözleriň bolmazlygydyr. Meselem, Awstraliýanyň aborigen dilleriniň köpüsinde ösümlikleriň dürli

görnüşleriniň atlary duş gelse-de, “ösümlik” diýen umumy manyny aňladýan söz ýokdur.

Taýpa bölünişiginden soň irki synpy jemgyýte geçilmegi bilen, diliň gurluşynda synplaýyn gatlak emele gelýär. Polineziýa dillerinde **synplaýyn** sözleriň ýörite gatlagy emele gelipdir.Meselem, soman dilini alyp göreliň. Onda “geplemek” işliginiň ýerine “tautala” sözi ulanylýar, ýöne “Serdar gepleýär” sözleminde “taut ala” işligi däl-de, ýokary wezipeli adamlara degişli bolan “fofonga” işligi ulanylýar. Şunuň ýaly ýagdaý niue dilinde hem bar. Taýpa serdarynyň aýaly “hoana” sözi bilen aňladylýar, beýleki aýallar üçin bolsa “ikifine” sözi peýdalanylýar.

Ilkidurmuş obşina gurluşy döwrüniň tamamlanyp, ilkinji döwletleriň döremegi bilen ýakyn garyndaş bolan taýpalar we tireler birleşip başlaýarlar, köne şiweler biri-birine gatyşyp, jemgyýetiň taýpa guramasynyň deregine, diňe ýaşaýyş çägine esaslanýan guramalar emele gelýär. Halky diller peýda bolýar.

Ýazuwyň döremegi we geljekde ösmegi bilen, şiwe häsiýetinde bolmadyk, gepleşik görnüşlerinden tapawutlanýan täze görnüş, ýazuw görnüşi ýüze çykýar. Ilkibaşda ýazuw dili ilatyň diňe belli bir gatlagyna degişli bolýar.Ýazuw dili diýseň **üýtgewsiz (konserwatiw)** bolýar. Oňa hatda, mukaddes dil hökmünde garalan halatlaryna-da gabat gelmek bolýar. Halkyň tebigy, gepleşik dili munuň tersine elmydama üýtgäp durýar. Diliň ýazuw we gepleşik görnüşleriniň arasyndaky tapawutlar wagtyň geçmegi bilen has ulalýar.

Ýazuw dilleri halklaryň hemmesinde birden döremeýär, şeýle şertlerde başga bir halkyň diliniň hem-de medeniýetiniň ulanylýan ýagdaýlary seýrek däldir. Mysal üçin, Orta asyrlar döwründe Günbatar Ýewropanyň

hemme ýerinde Rim Imperiýasyndan miras galan latyn dili, slawýan ýurtlarynda slawýanlaryň ybadathana dili ýazuw dili hökmünde peýdalanylypdyr. Şunuň ýaly ýagdaýa Afrika döwletleriniň käbirinde häzirki wagtda hem duş gelinýär: Nigeriýada, Senegalda, Merkezi Afrika respublikasynda döwlet edaralarynyň hemmesi fransuz dilini, Gambiýa we beýleki käbir döwletler iňlis dilini, Angola hem-de Mozambik bolsa portugal dilini ulanýar. Iş dolandyryşda başga bir döwletiň diliniň ulanylmagyny Afrika döwletleriniň dilleriniň şiwelere bölünişiniň örän ýokarylygy, ylmy tehniki, hukuk adalgalarynyň emele gelmändigi bilen-de düşündirýärler.

Wagtyň geçmegi bilen islendik halkyň ene dilinde ýazuw ýüze çykýar. Ol ýuwaş-ýuwaşdan ýat dili, ilki bilen özara hatlardan, çeper edebiýatdan, soň döwlet resminamalaryndan gysyp çykarýar.

Merkezleşdirilen döwletleriň döremegi bilen ýerli şiweler ýuwaş-ýuwaşdan ýitip gidip, umumyhalk diliniň ähmiýeti ýokarlanýar.Şol döwürde dil milletiň durmuşynyň ähli ugurlaryna-gündelik hojalyk işlerinden başlap ýokary intellektual işlere çenli hyzmat edip başlaýar.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

*1.Ilkidurmuş obşina gurluşy döwrüniň dilleriniň özboluşly aýratynlyklaryny häsiýetrlendiriň.*

*2.Gonoratiw sözler näme? Ol haýsy dillerde ýüze çykypdyr, jemgyýetiň ösüşiniň taryhy döwürleriniň haýsynda emele gelýär?*

*3.Gadymy döwrüň edebi dilleri häzirki döwrüň edebi dillerinden näme bilen tapawutlanýar?*

*4.Afrika döwletleriniň käbirlerinde resmi dil hökmünde başga döwletleriň diliniň ulanylmagyny näme bilen düşündirýärler?*

***Dil täsirleri***

Diller taryhy ösüşlerinde mydama biri-birlerine belli bir derejede täsir edipdirler. Iki ýa-da ondan köp bolan diliň gurluşy hem-de sözlük düzümi boýunça biri-birilerine täsir etmegine **dil täsirleri** diýilýär.

Dil täsirleriniň iň ýönekeý ýagdaýy bir dilden başga bir dile sözleriň geçmegidir.Mälim bolşy ýaly, sözleriň başga dillerden alynmagy haýsydyr bir predmetiň ýa-da ony aňladýan düşünjäniň alynmagy bilen baglydyr. Şunuň ýaly alynmalary käbir dilçiler zerurlyk boýunça alynmalar diýip atlandyrýarlar. Bulara "paraşýut" (fran. parachute), "radius" (lat.radius), hot-dog (iňl.hot-dog) we ş.m sözleri mysal getirmek bolar.

"Kabul ediji" dil bilen deňeşdirilende "beriji" diliň derejesi has ýokarydyr.

Alynma sözleriň aralaşmagy käbir ýagdaýlarda başga bir halkyň hem-de ýurduň durmuşyny we medeniýetini beýan etmek bilen baglylykda ýüze çykýar. Şunuň ýaly alynma sözlere **ekzotizmler** diýilýär. Olara "ýurta", "guwaýwa", "guru", "kowboý" we ş.m sözler degişlidir.

Alynma sözler giren dillerine şeýle bir uýgunlaşýarlar welin, hatda käbir ýagdaýlarda olaryň başga dillere degişlidigini diňe ýörite derňewiň üsti bilen kesgitläp bolýar. Mysal üçin, rus diline giren "karandaş", "başlyk", "ştany" ýaly türki sözlerini muňa mysal edip bolar. Ýöne käbir alynma sözler öz aýratynlyklaryny uzak wagtlap saklaýarlar. Mysal üçin "palto", "kofe" sözleri rus

diline XVIII asyrda aralaşypdyr, ýöne häzire çenli düşümde üýtgemeýärler. Käbir sözleriň başga dillerden girendigini diňe görmek ýa-da eşitmek arkaly kesgitläp bolýar. Mysal üçin, türkmen dilinde d,j,g çekimsiz sesleri, dodak çekimlileri bilen gutarýan sözler ýok. Rus dilinde "a" bilen başlanýan, -až bilen gutarýan (garaž, montaž) sözler ýokdur.

Dil täsirleriniň başga bir görnüşine- beýleki bir diliň sözüniň göni terjime edilip alynmagy **kalkalaşdyrmak** atlandyrylýar. Kalkalaşdyrmak netijesinde emele gelen söze **kalka** diýilýär. Kalka mysal edip "писатель"-ýazyjy, "ученик"-okuwçy türkmen sözlerini, "сознание" (aň)-rus sözüni mysal getirmek bolar. "Сознание" latyn dilindäki conscientia (con-"co", scientia-"знание") sözüniň göni terjime edilmeginden emele gelipdir. Kalkalar bilen bilelikde ýarym kalkalar hem bolup bilýär. Goşma sözüň bir bölegi terjime edilip, beýleki bölegi terjime edilmese, ol **ýarymkalka** atlandyrylýar. Muňa "ýarymkalka" sözüniň özüni hem mysal getirmek bolar. Rus dilinde ylmy adalga hökmünde ulanylýan "антитело" adalgasy , fransuz dilindäki "anticorpus" sözüniň özleşdirilmegi netijesinde hasyl bolupdyr. Sözüň "corpus" bölegi rus dilindäki "тело" sözüne terjime edilipdir, "anti" bölegi bolsa üýtgewsiz galdyrylypdyr.

Sözleriň bir dilden başga bir dile alynmagy we kalkalaşdyrylmagy dillerde giňden ýaýran hadysadyr. Ýöne olar diliň diňe daşky tarapy bilen baglanyşyklydyr, diliň içki gurluşyna olaryň täsiri ýokdur. Diller garyşanda ýa-da bir dil beýleki dile siňip gidende, has gyzykly ýagdaýlar bolup geçýär. Bu hadysa doly düşunmek üçin iňlis diliniň taryhyna göz aýlalyň.

Häzirki iňlisleriň ata-babalary-angllar, sakslar, ýutlar V-VI asyrlarda şu günlerki waliýleriň ata-babasy bolan keltleriň ýaşan ýeri, Angliýanyň çäklerinde ornaşypdyrlar. Olar keltleri tiz wagtdan dil babatdan özlerine uýgunlaşdyrypdyrlar. Ýöne, şu ýagdaýda gelmişekleriň diline-de keltleriň dilinden käbir aýratynlyklar geçipdir. Ýerli ilatyň dilinden käbir aýratynlyklaryň gelmişekleriň diline aralaşmagyna **substrat** diýilýär. Türkmen dilçileri muňa türkmen dilindäki horasan-täjik elementlerini mysal getirýärler (J.Amansaryýew, G.Gulmanow, Lingizistik terminleriň rusça-türkmençe sprawoçnigi, Aşgabat 1981, 208 sah).

1066-njy ýylda Angliýa normand gersogy Wilgelm tarapyndan eýelenilýär . Şol pursatdan başlap, fransuz dili iňlis korollygynyň, şeýle-de köşgüň resmi dili bolýar. Iňlis dili ýönekeý halkyň dili hökmünde ulanylmagyny dowam etdirýär. Takmynan, XIV asyrda fransuz dili Angliýanyň çäklerinde ulanylmadan galýar, iki diliň uzak wagtyň dowamynda bilelikde ulanylmagy netijesinde fransuz dilinden iňlis diline örän köp dil elementleri geçipdir. Gelmişekleriň diliniň aýratynlyklarynyň ýerli ilatyň diline geçmegine **superstrat** diýilýär. Muňa türkmen dilinde duş gelýän arap sözlerini mysal getirmek bolar.

Irki orta asyrlardan başlap, XVIII asyryň ortalaryna çenli Ýewropada ylmyň dili, esasan, latyn dili bolupdyr. Latyn dili mekdeplerde hökmany ders hökmünde okadylypdyr, ol dilde uniwersitetlerde umumy okuwlar alnyp barlypdyr. Şonuň netijesinde latyn dili iňlis diline güýçli täsir edipdir. Ýöne bu täsir substratyň ýa-da superstratyň döremegi bilen baglanyşykly ýagdaýlardan düýpli tapawutlanýar. Substartyň ýa-da superstratyň döremeginde bir dil beýleki diliň içine siňip gidýär. Bu

ýerde bolsa, özara täsirleşýän dilleriň ikisi-de özleriniň aýratynlyklaryny saklaýarlar. Bir diliň başga dile uzak wagtyň dowamynda täsir etmegi netijesinde şol dilde ýüze çykarýan aýratynlygyna **adstrat** diýilýär. Käbir işlerde adstratyň täze dil hasaplanylýan ýerleri, ýagny "araçäkdeş raýonlarda etniki atlaşma netijesinde ýa-da gelmişekleriň diliniň ýerli halkyň (aborigenleriň) diline eden täsiri bilen baglylykda dörän dil we onuň elementleri. Şeýle ýagdaýda özbaşdak goňşy diller hasyl bolýar ýa-da bir umumy territoriýada ikidillilik döreýär" (J.Amansaryýew, G.Gulmanow, Lingizistik terminleriň rusça-türkmençe sprawoçnigi, Aşgabat 1981, 9 sah).

Substrat, superstrat, adstrat hadysalary fransuz diliniň taryhynda hem göze ilýär. Fransuz diliniň taryhy b.e.öňki 58-nji ýyldan başlanýar diýlip hasaplanylýar. Şol wagt Ýuliý Sezaryň baştutanlygyndaky rim goşunlary **gal** diliniň dürli şiwelerinde gepleýän, garyndaş **kelt** taýpalarynyň ýaşaýan ýurdy Galliýany eýeleýär. B.e.öňki ellinji ýyla çenli Galliýa doly eýelenip, Rim imperiýasynyň düzümine birikdirilýär. Yerli dil ýuwaş-ýuwaşdan öz ornuny latyn diline berýär, b.e V asyrynyň ahyrynda ulanylyşdan gutarnykly galýar. Ýöne ýerli kelt ilatynyň rimliler bilen gatyşmagy netijesinde latyn diliniň **gal** şiwesinde gal dilinden "miras" bolan onlarça söz-gal substraty galýar.

Galliýada Rim imperiýasy ýykylandan birnäçe wagt geçenden soň söweşjeň german taýpasy bolan franklar gozgalaň turuzýarlar hem-de şol wagtdan başlap ýurt häzirki ady bolan Fransiýa diýlip atlandyrylyp başlanýar. Germanlar Frank Korollygynda dolandyryjy synpy eýeleseler hem ýuwaş-ýuwaşdan ýerli ilat bilen gatyşyp gidýärler. Frank dili ulanylyşdan galyp başlaýar,

ýöne latyn diliniň gal şiwesiniň esasynda fransuz dili janlanyp balaýar, onda germanizmleriň köp möçberi bar bolup, german superstratyny emele getirýär. Mundan başga-da beýleki yewropa dilleri ýaly fransuz dili hem orta asyr kitaby latyn diliniň güýçli täsirine sezewar bolýar. Netijede mese-mälim latyn adstarty emele gelýär. Biz iňlis we fransuz dilleriniň taryhynda öli kitaby dil tarapyndan täsiriň netijesinde emele gelýän adstrat hadysasyna duş gelýäris. Ýöne adstrat iki ýa-da birnäçe janly diliň özara täsiri bilen birnäçe diliň hereket edýän ýerinde emele gelýär. Biz belarus dilindäki polýak adstratyna, breton dilindäki fransuz adstratyna, öňki SSSR-iň käbir respublikalaryndaky rus adstratyna düş gelip bilýäris.

Dilleriň arasyndaky adstrat gatnaşyklarynyň dil baglanyşyklaryna getirmegi mümkindir.

Dil baglanyşyklary gurluşy boýunça meňzeş dilleriň bir toparda jemlenmegidir. Ol dilleriň gelip çykyş taýyndan bir-birine hiç hili baglanyşygy ýokdur. Bular köpsanly we dürli dil galtaşmalarynyň netijesinde emele gelýärler. Dilçilik edebiýatlarynda dil baglanyşyklaryna mysal edip balkan dil baglanyşygyny görkezýärler. Oňa bolgar, makedon, serbhorwat, rumyn, moldawan, täze grek diller girýär. Rus dil biliminde powolžiýe dil baglanyşygy hem agzalyp geçilýär, oňa mariý, udmurt, besermyýan, tatar, başgyrt we çuwaş dilleri degişlidir.

Dil baglanyşyklaryna öňki SSSR-iň halklarynyň mysalynda hem seretmek mümkindir. Bu dilleriň köpmilletli bir döwletiň düzüminde bolmagy, şeýle-de rus dili tarapyndan düýpli basyşynyň netijesinde olaryň dil ulgamynyň ähli derejelerinde baglanyşyklar ýüze çykypdyr. Mysal üçin, rus diliniň täsiri bilen udmurt dilinde öň bolmadyk ф, х, ц sesleri giripdir, tuwa dilinde

eýerjeňli goşma sözlemiň täze görnüşi döräpdir. Rus diliniň täsiri türkmen dilinde hem görünýär-ultra-, infra-, we ş.m goşulmalarynyň goşulmagy: ultramelewşe, ingragyzyl we ş.m.

Dilleriň leksiki derejelerine rus diliniň täsiri has-da aýdyň görünýär. Öňki SSSR-iň çäginde ýaşan halklaryň dillerindäki jemgyýetçilik-syýasy , ylmy adalgalaryň köpüsi rus dilinden ýa-da rus diliniň üsti bilen başga dillerden alnypdyr. Şu babatdan alnanda Pribaltika halklarynyň diline rus diliniň eden täsiri azdyr. Dil baglanyşyklarynyň döremegi üçin köpmilletli bitewi döwletiň bolmagy hökmany şert däldir. Ol ilatynyň köp bölegi iki ýa-da köp dilde gepleýän islendik köpmilletli jemgyýetde emele gelip biler.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

*1.Size alynma sözleriň nähili görnüşleri bellidir?*
*2.Ekzotizmler näme?*
*3.Kalkalaşdyrmak, kalka näme?*
*4.Substrat näme?*
*5.Superstrat näme?*
*6.Adstrat näme?*
*7.Dil baglanyşygy diýip nämä aýdylýar we olaryň emele gelmegine näme sebäp bolýar?*

## *Pidžinler we kreol dilleri*

Dilleriň belli bir şertlerdäki biri-birileri bilen gatnaşygy pidžinleriň emele gelmegine sebäp bolup biler. Pidžin näme we ol nähili şertlerde emele gelýär. Ýurduň ýerli ilaty bilen şol ýurdy eýelän gelmişekleriň arasynda gepleşmek üçin ulanylýan garyşyk dile **pidžin** diýilýär.

Pidžin hiç bir adamyň ene dili däldir, ýöne diňe milletara gatnaşyklarynda gural bolup hyzmat edýär.

Pidžiniň emele gelşiniň başky etaplarynda onuň örän gowşak grammatikasy hem-de az sanly ätiýaçlyk sözleri bolýar. Pidžin gepleşigiň çäklendirilen ugurlarynda: söwdada, aýratyn hünär taýýarlygyny talap etmeýän fiziki işlerde ulanylýar. Düzgün bolşy ýaly, pidžiniň sözleriniň örän köp bölegi, tas 90% gowragy ýerli halkyň üstüne gelen gelmişekleriň sözlük düzüminiň hasabyna emele gelýär.

Ýerli halkyň gelmişekleriň dilinde geplemäge ymtylyşynyň güýçli bolmagy, beýleki tarapdan gelmişekleriň ýerli halkyň dili bilen tanyşmak islemezlikleri pidžinleriň döremezligine sebäp bolup biler.

Pidžinleriň fonetikasy ýerli halkyň diline ýykgyn edýänligi babatdan tapawutlanýar: ýerli halk daşary ýurt sözlerini öz ses ulgamlaryna ornaşdyrýar, aýdylmasy kyn bolan sözlerden hem-de ses düzümlerinden gaça durýar.

Pidžinleriň grammatikasy mydama **analitikdir.** Munda grammatik many leksiki manydan aýratynlykda ýüze çykýar, söz sözlem içinde grammatik mana eýe bolýar. Söz üýtgeýiş ýokdur. Grammatik many berşiň esasy serişdesi –sözleriň tertibidir. Sözleri emele getirmegiň esasy usuly-sözleriň biri-birine goşulmagydyr.

Ilkinji pidžinler XV-XVIII asyrlarda iňlis, fransuz, portugal dilleriniň esasynda Afrikanyň günbatar kenarlarynda emele gelipdir. Soňlugy bilen pidžinler Okeaniýa adalarynda, Latyn amerikasy kontinentinde ýaýrapdyr. Dilçileriň tassyklamagyna görä, bütin dünýäde elli töweregi pidžin hasaba alnypdyr.

Bize ýakyndan tanyş bolan rus diliniň esasynda-da birnäçe pidžin emele gelipdir:amur pidžini, negidal-rus,

powolžiýa, kýahtin pidžinleri. Olaryň içinde has düýpli öwrenileni Kýahta şäheriniň etraplarynda XIX asyryň dowamynda ulanylan kýahtin pidžinidir. Kýahtin şäheri şol döwürlerde Mongoliýa bilen Hytaýyň serhet ýaka söwda merkezi bolupdyr. Bu pidžiniň esasy sözlük gory rus dilinden alnypdyr. Mundan başga-da beýleki dilleriň hem sözleri ulanylypdyr: "biçi" (mon. ýazmak), "fuza" (hyt.kçijik dukan), "hao" (hyt. örän oňat), "ža-ža-ža" (hyt.ha-ha-ha), "oýo" (hyt. söhbetdeşiň pikiri bilen ylalaşmazlygy bildirýän ümlük), şeýle-de hytaý dilinden alnan kalkalara hem duş gelmek bolýar: "el ädigi" (ellik), "akyly gutaran" (akylyndan azaşan) we ş.m.

Kýahtin pidžiniňiň esasy fonetik kanuny açyk bogun kanunydyr. Diýmek, kýahtin pidžininde bogun diňe çekimli sese gutaryp biler: iki ýa-da ondan köp bolan çekimsizleriň goşulyşmagyna ýol berilmeýär. Şu kanuna laýyklykda kýahtin pidžini diňe aşakdaky fonetik gurluşa laýyk gelýän rus sözlerini kabul edýär: воля, люди, манера, рубаха, рука we ş.m. Birnäçe çekimsiz sesiň bilelikde gelýän sözleri fonetik taýdan özleşdirilipdir hem-de ýokardaky kanuna laýyk getirilipdir. Meselem, "бамбук" sözi kýahtin pidžininde "бамебуки", "воротник" sözi "воротинеки", "шелк" sözi bolsa, "шелека" görnüşinde aýdylypdyr.

Kýahtin pidžininde atlar düşüm bilen üýtgemeýärler, işlikler san goşulmalaryny, ýöňkeme goşulmalaryny kabul etmeseler-de, zaman aňladyp bilýärler. Bu pidžiniň beýleki ähli pidžinlerden tapawudy: ol basybalyjylyk şertlerinde däl-de, serhet söwdasynyň esasynda döräpdir. Kýahtin pidžininiň esasynda gelmişekleriň dili däl-de (bu ýerde gelmişekler hökmünde

hytaý täjirleri göz öňünde tutulýar), şol çäkde ýaşaýan ilatyň dili ýatýar.

XX asyryň başlarynda serhet söwdasynyň bes edilmegi bilen kýahtin pidžini ulanylyşdan galypdyr. Onuň ýazuw ýadygärlikleriniň örän az möçberde saklanyp galandygy bu pidžini düýpli öwrenmegi kynlaşdyrýar.

Käbir ýagdaýlarda pidžinleriň ulanylýan çäklerinde ilatyň hemişelik gatyşmagy bolup geçýär, milletara gatnaşyklary has jebis häsiýete eýe bolýar, dürli nika baglanyşyklary netijesinde pidžin giň gerime eýe bolýar. Bu bolsa, pidžiniň adamlaryň belli bir topary üçin ene dili bolmagyna sebäp bolýar, netijede ol beýleki bir halkyň wekili bilen aralykdaky gepleşik serişdesi bolmak bilen çäklenmän, özara gepleşikde-de esasy orna geçýär.

Pidžiniň ulanylyş geriminiň giňelmegi onuň hyzmatynyň artmagy bilen şertlendirilýär. Munuň netijesinde pidžiniň sözlük gory has artýar, grammatik gurluşy (ilkinji nobatda sintaktik gurluşy) çylşyrymlaşýar.

Sözlük gorundaky, grammatik gurluşyndaky bolup geçýän özgerişlikler pidžini doly derejeli dile öwürýär. Pidžiniň esasynda dörän dillere **kreol dilleri** diýilýär.

XX asyryň ikinji ýarymynda garaşsyzlygyny alan käbir döwletlerde kreol dilleri döwlet dili derejesini aldy. Mysal üçin, Täze Gwineýada neomelaneziýa, Wanuatuda bislam, Süleýman adalarynda neosolomon, Seýşel adalarynda seýşel dili döwlet derejesine eýe boldy. Tele-radio gepleşikleri bu dillerde alnyp barylýar, gazýet-žurnallar çap edilýär, mekdeplerde sapaklar okadylýar.

Kreol dilleriniň birtoparynyň durmuşy gatnaşyklarynda ulanylýandyklary bellidir.

***Soraglar we ýumuşlar:***

*1.Pidžin näme?Ol nähili şertlerde emele gelýär?*

*2.Ilkinji pidžinler haçan we nirede emele gelipdir?.*
*3.Kýahtin pidžininiň nähili aýratynlyklary bar?*
*4.Kreol dilleri näme? Oňa haýsy diller degişli hem-de olar nirelerde ulanylýar?*

### *Milletara gatnaşyk dilleri*

Ylym, medeniýet, diplomatik gatnaşyklar ugurlarynda milletleriň arasyndaky baglanyşygyň zerurlygy, gadymy döwürlerden başlap araçy dilleriň ýüze çykmagyna ýardam beripdir. Araçy diller diýlip birnäçe halklaryň we ýurtlaryň (hakykatda, Ýer şaryndaky bar bolan hemme halklaryň hem-de ýurtlaryň dilleri ) milletara düşünişmeginiň esasy serişdesine düşünilýär.

Orta asyrlar döwründe Ýewropada araçy dil hökmünde latyn dili hyzmat edipdir. Latyn dilinde umumy ýewropa medeni goruny düzen çeper eserler döredilipdir, ylmy işler ýazylypdyr, dürli döwletleriň arasayndaky şertnamalar baglanyşylypdyr, uniwersitetlerde okuwlar alnyp barylypdyr. Orta asyrlarda, şeýle-de Täzeden döreýiş döwründe ýokary bilim ugurlarynda latyn diliniň esasy orny eýelemegi şol döwürlerde talyplaryň dürli milletlerden bolmagy bilen baglydyr, bir uniwersitetde şol bir wagtda dürli ýurtlardan bolan talyplar okapdyrlar, şol bir wagtda mugallymlar hem bir milletden bolmandyr. Mundan başga-da latyn dili häzire çenli katolik buthananyň dili bolmagynda galýar.

XVIII asyrdan başlap fransuz dili latyn dilini halkara dil bolmaklygyndan gysyp çykaryp başlaýar. Bu şol wagtdaky fransuz monarhlarynyň agalyk edijilik ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr, olar öz dilini esasy milletara gatnaşyk serişdesi hökmünde bütin Ýewropa ýaýratmagy başarypdyr.

Faransuz dili tä XX asyryň birinji çärýeginiň ahyryna çenli araçy dil bolmak hyzmatyny ýerine ýetiripdir hem-de soňlugy bilen öz ornuny iňlis diline beripdir.

Iňlis dili biziň günlerimizde hem milletara aragatnaşyk dili bolmak hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Musulman gündogary ýurtlarynda araçy dil bolmak hukugy köp asyrlardan bäri Gurhanyň dili bolan arap diline degişlidir. Ol bu hyzmaty häzirki döwürde hem ýerine ýetirýär.

Orta asyrlaryň dowamynda Uzak Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary üçin milletara aragatnaşyk dili bolmaklyk hyzmaty köne hytaý edebi dili bolan-wenýan diline degişlidir. Ol ýapon, koreý, wýetnam dilleri ýaly birtopar dilleriň ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

XX asyrda bu sebitlerde hytaý diliniň halkara dil bolmak ähmiýeti düýpli aşak düşüpdir. Şonda-da häzirki zaman hytaý dili Birleşen Milletler Guramasynyň işinde ulanylýan dilleriň biridir (iňlis, fransuz, rus, ispan, arap dilleri bilen bilelikde).

Araçy dil hökmünde haýsydyr bir milli diliň ulanylmagy, şol dil ene dili bolan halka hemişe artykmaçlyk beripdir. Bu ýagdaý halkara emeli dillleriň döredilmegi üçin köpsanly synanşyklaryň edilmegine sebäp bolupdyr. Emeli diliň döredilmegi, bir tarapdan hemmeler üçin ortalyk bolup, hiç bir halka dil babatdan artykmaçlyk berjek däldi, ikinji tarapdan, ähli adamzada degişli boljakdy.

Emeli dili döretmäge ilkinji synanşyk biziň eýýamymyzyň II asyrynda ýunan (grek) lukmany Galen tarapyndan edilýär. Ol halkara ýazuw dilini döredýär.

T.Mor özüniň "Altyn kitabynda" (1516 ý) Utopiýa adasynyň ilaty üçin aýratyn dil oýlap tapýar.

Adamzat taryhynda halkara emeli dilleriň müňlerçe taslamasy döredilýär. Fransuz pelsepeçisi R.Dekart 1629-njy ýylda umumyadamzat uniwersal diliniň shemasyny düzýär, nemes pelsepeçisi G.Leýbins düşünjeleri toparlara bölmegiň algebra düzgünlerini hödürleýär.Ýöne, olaryň diňe örän az sanlysy tejribede ulanylmak hukugyna eýe bolýar.

Adamlaryň arasynda aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanylan ilkinji emeli dil 1879-njy ýylda Ý.M.Şleýer tarapyndan döredilen **wolapýukdyr**. Grammatikasynyň çendenaşa kyndygy, çylşyrymlydygy bilen baglylykda wolapýuk dünýäde giň gerime eýe bolup bilmedi hem-de XX asyryň ortalarynda ulanylyşdan galdy.

Emeli dilleriň arasynda polýak lukmany L.M.Zamengof tarapyndan oýlanylyp tapylan esperantonyň ykbaly has oňat boldy. L.M. Zamengof öz döreden diliniň öwrenmek üçin mümkin boldugyça has ýönekeý hem-de ýeňil bolmagy babatda uly alada edipdir. Bu oňa aňryýany bilen başardypdyr. Esperantonyň dürs ýazuwy "bir ses-bir harp" ýörelgesine esaslanýar. Sözler ýazylyşy ýaly okalýar, her bir fonema latyn elipbiýiniň: a, b, c, ĉ (ç), d, e, f, g, ĝ (j), h (x), ĥ, I, j, ĵ (ž), k, l, m, n, o, p, r, s, š (ş), u, ŭ, v, z harplarynyň birine gabat gelýär. Basym sözüň iň soňky bognunyň öňündäki bogna düşýär.

Söz üýtgeýişde, forma we söz ýasalyşda ýönekeý birleşme ýörelgesinden ugur alynýar, esperanto köklerden hem-de goşulmalardan ybaratdyr. Bu dilde atlarda söz üýtgeýiş dört ýol bilen amala aşyrylýar, işlikleriň ýedi şekili bar. Söz toparlary hem-de şekiller forma ýasaýjy goşulmalar arkaly ýüze çykarylýar: eger söz -o bolen

gutarsa, ol atlara ( feliĉo-bagt), -a bilen gutarsa, sypatlara (feliĉa-bagtly), -e bilen tamamlansa, hallara (mie-meniňçe) degişlidir.

Dilde bary-ýogy 16 sany grammatiki kada we 40 töweregi suffiks hem-de predlog bardyr.Tebigy milli dillerden tapawutlylykda atlaryň hem-de işlikleriň ýöňkemede üýtgeýişleriniň birnäçe görnüşlerine duş gelýäris. Esperanto dilini öwrenmek üçin adatça, birnäçe aý gerek bolýar. 1887-nji ýylda bu dili dörediji tarapyndan esperanto dilinde ilkinji kitap "Lingvo internacia" ("Halkara dil") çap edilýär.

Häzirki wagtda esperanto dilinde döredilen, terjime edilen çeper eserleriň ýeterlik mukdary bar, köpsanly gazýetler we žurnallar (40 töweregi döwürleýin neşir) çap edilýär, käbir ýurtlarda radiogepleşikler alnyp barylýar. Esperanto dili fransuz dili bilen bilelikde Halkara poçta birleşmesiniň resmi dili hasaplanylýar.

Belli bir derejede ulanylyşa giren emeli dilleriň hataryna interlingwany (1903 ý), oksidentaly (1922 ý), ido dilini (1907 ý), nowialy (1928 ý) hem goşmak bolar. Ýöne bular hem giňden ýaýramadylar.

Şu wagta çenli bar bolan emeli dilleriň arasynda diňe esperanto wagtlaýyn halkara aragatnaşyk serişdesi bolmaga hakyky mümkinçilik aldy.

Halkara emeli dili döretmäge edilen synanşyklar bilen bilelikde, hatyň halkara ulgamyny döretmäge hem birnäçe gezek synanşyklar edilipdir. Onuň kömegi bilen islendik dilde okap boljak tekstleri döretmek mümkindir. Hatyň şunuň ýaly ulgamy **pazigrafiýa** diýlip atlandyrylýar.Pazigrafiýa mysal hökmünde gollandiýaly **K.Ýansen** tarapyndan döredilen **surat ýazuwy-piktony** görkezmek bolar. Ine şol hatyň käbir belgileri: **:** ⌂ "öý", Λ

“gitmek”, ∞ “geplemek”, ♥ “söýmek”, I “men, maňa, meni”, II “sen, saňa, seni”, III “ol, oňa, ony”, •□ “öňünden”, □• “yzyndan”, |– “bolmak” işligi häzirki zamanda, •|– “bolmak” işligi öten zamanda, |–• “bolmak” işligi geljek zamanda, |+ “özüňe almak, edinmek”, Ō “şäher”.

Mundan başga-da, şunuň ýaly çylşyrymly bolmadyk surat ulgamy arkaly köpsanly san pazigrafiýasy hem döredilipdir, onda her bir söz belli bir sanlaryň toplumy arkaly belgilenilipdir. Surat pazigrafiýasy-da, san pazigrafiýasy-da giňden ýaýramandyr. Pazigrafiýanyň ulanylýan görnüşi hökmünde arap we rim sanlaryny mysal getirmek mümkindir. Olar ähli dillerde şol bir manyny aňladýar.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

*1.Araçy dil näme?*

*2.Taryhyň dürli döwürlerinde Ýewropada haýsy diller araçy dil hökmünde hyzmat edipdirler?*

*3.Gündogarda araçy dil hökmünde haýsy dil hyzmat edipdir?*

*4.Haçan we kim tarapyndan halkara emeli dil dötermäge ilkinji gezek synanşyk edilipdir?*

*5.Haýsy emeli dil ilkinji gezek hakyky halkara aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanylypdyr?*

*6.Häzirki döwürde emeli dilleriň haýsy has giňden ýaýrandyr?*

*7.Pazigrafiýa diýip nämä aýdylýar?*

## *Dünýä dilleri*

## A

**Abazin dili-** Abhaz-adygeý dilleriniň biridir. Esasan Garaçaý-Çerkesde giňden ýaqýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 27 müň töweregi adam hasaplanylýar. Abazin diliniň iki şiwesi bolup, tapant (edebi diliň esasynda ýatýar) we aşhar şiweleridr. Grammatik many aňladyşyň sintetiki serişdesi agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde Kabardin-çerkes diliniň sözleri köp. Abazin diliniň ýazuwy 1932-1933-nji ýyllarda latyn elipbiýiniň esasynda döredildi. 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýine geçildi.

**Abhaz dili-** Abhaz-adygeý dilleriniň biridir. Esasy ýaýran ýeri Abhaziýadyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 86 müň adam töweregi hasaplanylýar. Iki şiwesi bar: abžuý (edebi diliň esasynda ýatýar) we bzyb şiweleri. Grammatik many aňladyşyň sintetik serişdeleri agdyklyk edýär. Edebi diliň emele gelip başlamagy öz gözbaşyny 1862-nji ýyldan, rus elipbiýiniň esasynda abhaz ýazuwynyň döredilmeginden alyp gaýdýar. 1928-nji ýyldan başlap abhaz ýazuwy latyn elipbiýine geçirilýär, 1938-nji ýyldan gruzin elipbiýi kabul edilýär. 1954-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndaky abhaz elipbiýi ulanylyşa girizilýär.

**Awar dili-** awar-and-sez dillerine degişlidir. Dagystanyň günbatar böleginde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň any 472 müň töweregi diýlip hasap edilýär. Dagystanyň halklarynyň milletara gatnaşyk dilleriniň biridir. Grammatik many aňladyşyň sintetik serişdesi agdyklyk edýär. 1928-nji ýyldan başlap latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuwy döredilýär, 1938-nji ýylda ru elipbiýiniň esasyndaky ýazuwa geýär.

**Adygeý dili-** Abhaz-adygeý dilleriniň biridir. Esasan, adygeý respublikasynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 104 müň töweregidir. 4 sany şiwesi bar: temirgoý (edebi diliň esasynda ýatýar), abadzeh, bžedug, şapsug. Grammatik many aňladyşyň sintetik serişdesi agdyklyk edýär. Ýazuwy 1918-nji ýylda arap elipbiýiniň esasynda döredilýär, 1927-nji ýylda latyn, 1938-nji ýylda rus elipbiýiniň esasyndaky ýazuwa geçilýär.

**Azerbaýjan dili-** türki dillere degişlidir. Esasy ýaýraýyş çägi Azerbaýjan hem-de Eýrandyr. Bu diliň dört şiwe topary bar: gündogar, günbatar, demirgazyk, günorta şiweleri. Azerbaýjan dilinde gepleýänleriň sany takmynan 14 million adam töweregi diýlip hasaplanylýar. Grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler, goşulmalaryň hyzmaty agdyklyk edýär. Yazuw Orta asyrlardan 1929-njy ýyla çenli arap elipbiýiniň esasynda, 1929-njy ýyldan latyn, 1939-njy ýyldan rus elipbiýindedir. 1991-nji ýylda Azerbaýjanyň garaşsyzlygyny gazanmagy bilen, ýazuw ýene latyn elipbiýiniň esasynda alnyp barlyp başlanyldy.

**Aýn dili-** Uzak Gündogaryň dilleriniň biri bolup, Kuril adalarynda, Sahaliniň günorta böleginde, Hokkaýdo we Honsýu adalarynda ýaýrandyr. Aýn diliniň haýsy dil maşgalasyna degişlidigi entek anyklanylanok. Bu dil XX asyrda janly gepleşikde ulanylmadan galdy. Ýaponiýanyň demirgazyk etraplarynda ýaşaýanlar aýn dilini milli baýlyk hökmünde saklaýarlar. Aýn dilinde 20 den gowrak şiwe bar diýlip hasaplanylýar. Grammatik many aňladyşyň sintetik serişdesi agdyklyk edýär, grammatiki gurluşy-goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ýazuwy döretmeklik amala aşyrylmandyr.

**Alban dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Ol Albaniýada, Kosowada giňden ýaýrandyr. Alban dilinde gepleýänleriň sany 5 mln adam töweregi hasaplanylýar. 4 şiwe topary bar: günorta, tosk, demirgazyk, geg şiweleri.Grammatik gurluşy –flektiw, grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XV asyra degişli hasaplanylýar.Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. XVIII asyrda milli elipbiýi döretmäge synanşyklar edilýär, ýöne bu başa barmaýar.

**Aleut dili-** eskimos-aleut dilleriniň biridir. Ol Aleut adalarynda (ABŞ), Bering adasynda (Russiýa) ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany ABŞ-da 700, Russiýada 30 töweregi adam. 3 sany şiwesi bar-unalaşkin, akin, attow. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňladyşyň sintetik serişdesi agdyklyk edýär. Rus elipbiýiniň esasyndaky XIX asyryň başynda döredilen ýazuw 1867-nji ýylda Aleut adalarynyň ABŞ-a geçirilmegi bilen ýatyrylýar. XX asyryň 70-nji ýyllarynda latyn elipbiýiniň esasynda täze ýazuw döredilýär.

**Altaý dili-** türki dilleriniň biridir. Demirgazyk Altaýyň çäklerinde ýaýrandyr Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 53 müň töweregi hasaplanylýar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Sözlük düzümine rus dilinden alnan sözler köp. Häzirki wagtda 1939-njy ýylda rus elipbiýiniň esasynda döredilen ýazuw peýdalanylýar.

**Alýutor dili-** Çukotka-kamçatka dilleriniň biridir. Koryak awtonom okrugynyň demirgazygynda ýaýrandyr.Gepleýänleriň sany 2 müň adam töweregidir.

Grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Ýazuwy ýokdur.

**Amhar dili**- semit dilleriniň biridir. Efiopiýada yaýrandyr we Efiopiýanyň döwlet dilidir. Gepleýänleriň sany 15 mln adam töweergi diýlip hasaplanylýar Biri-birinden az tapawutlanýan üç sany şiwesi bar: şoan, gojan, gondar şiweleri. Edebi dili şoan şiwesiniň esasynda emele gelipdir. Grammatik gurluşy-flektiw, ýöne işlik paradigmasy analitik görnüşde köp duş gelýär. Sözlemiň habary soňundan gelýär. Bogunlaýyn milli ýazuwy bar.

**Andiý dili**- Dagystan dilleriniň biridir. Ol awar diline yakyndyr.dagystanyň Botlih etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 12 müň adam töweregi hasaplanylýar. Ýazuwy 1928-nji ýyla çenli arap elipbiýiniň , 1928-1938-nji ýyllarda latyn elipbiýiniň, 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Arap dili**- semit dilleriniň biridir.Yrakda, Liwanda, Iordaniýada, Kuweýtde, Birleşen arap emirliklerinde, Ýemende, Katarda, Bahreýnde, Omanda, Müsürde. Sudanda, Liwiýada, Tunisde, Alžirde, Marokkada we ş.m ýaýrandyr. Arap dili Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dilleriniň biridir. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 165 mln adamdan hem köpdür. Diliň şiwe aýratynlyklary örän güýçli. Esasy ýörgünli görnüşi nusgawy arap dili bolan-Gurhanyň dilidir. Gramatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Ýazuwy sagdan çepe ýazylýan 28 harpdan ybarat milli elipbiýiň esasyndadyr.

**Aranta dili**- Awstraliýanyň ýerli ilatynyň dilleriniň biridir. Pama-nýunga maşgalasyna girýär. Bu dilde gepleýänleriň sany müň adam töweregidir.Gramatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan

dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Arin dili-** Ýeniseý dilleriniň biridir. XVIII asyryň ikinji ýarymynda ulanylyşdan galan hasaplanylýar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere, şeýle-de flektiw dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Assam dili-** Hindi-ýewropa dilleiniň biridir.Hindi di toparyna girýär. Hindistanyň Assam ştatynyň demirgazyk-gündogarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 10 mln adamdan gowrak. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Bengal dili bilen umumylykda bogun ýazuwy ulanylýar.

**Assiriýa dili-** semit dilleriniň biridir.Eýranyň, Yragyň, Siriýanyň, Türkiýäniň, Ermenistanyň, ABŞ-nyň käbir sebitlerinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 330 müň töweregi adam. Grammatik many aňlatmakda sintetik serişdeler agdyklyk edýär. Assriýa elipbiýi ulanylýar. Hat sagdan çepe ýazylýar.

**Afrikaans dili-** Hindi-ýewrpa dilleriniň biridir.German toparynyň günbatargerman toparçasyna degişlidir. Iňlis dili bilen bilelikde Günorta Afrika Respublikasynyň döwlet dilleriniň biridir. Bu dilde gepleýänleriň sany 6 mln adam töweregidir. Şiwelere bölünmeýär. Afrikaans dilinde aborigen dillerden, şeýle-de malaý we portugal dillerinden alnan sözler ýygy-ýygydan duş gelýär. Grammatik many aňladyşyň analitik serişdeleri köp duş gelýär. Sözlemde sözleriň tertibi berk saklanylýar. Ýazuwy latyn elipbiýindedir.

**Astek (nauatl ) dili-** Hind dilleriniň biridir. Ol tano-astek maşgalasyna girýär. Bu dil Meksikanyň günorta etraplaryna ýaýrandyr, gepleýänleriň sany 1 mln adam töweregidir. Üç şiwe topary bar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Sözlük düzüminde ispan dilinden alnan sözler köp. Ispanlar tarapyndan eýelenilmezinden öň logografik we piktografik (surat ýazuwy) häsiýetlere eýe bolan astek haty peýdalanylypdyr. Yazuwy XVI asyrdan başlap latyn elipbiýinde.

**Aşkun dili-**Hindi-ýewropa dilleriniň dard toparna girýär. Owganystanyň Nurystan welaýatynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 5 müň adam töweregi hasaplanylýar. Birtopar şiweleri bar. Diliň ýazuwy ýok.

## B

**Bask dili-** gelip çykyşy anyklanylmadyk dil. Onuň kartwel dilleri bilen garyndaşlygyny subut etmek üçin synanşyklar edilýär. Iki resmi diliň biri bolup (ispan dili bilen bilelikde) , Bask ýurdunda (Ispaniýanyň awtonom ülkesi) ýaýrandyr.Bu dilde gepleýänleriň sany 600 müň adam töweregi hasaplanylýar. Şiwelere bölüniş derejesi örän güýçli. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Başgyrt dili-** türki dilleriniň biridir. Tatar diline örän ýakyn. Başgyrdystanda, şeýle-de Russiýanyň Orenburg, Çelýabinsk, Samara, Kurgan, Ýekaterinburg oblastlarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 920 müň adam töweregi hasaplanylýar. Kuwakan we ýurmatin şiweleri bar.Grammatiki gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatiki manyny aňladylyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär.

Ýazuwy 1929-njy ýyla çenli arap elipbiýinde, 1929-1939-njy ýyllarda latyn elipbiýinde, 1939-njy ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Be dili-** taý dilleriniň biridir.Hytaýa degişli Haýnan welaýatynyň demirgazyk- günbatar böleginde ýaýrandyr. Gepleýänleriň sany 200 müň adam töweregidir. Grammatiki manyny aňladylyşyň analitik serişdeleri agdyklyk edýär. Dilde saz äheňler ulgamy bar. Ýazuwy ýok.

**Buluç dili-** Hindi-ýewropa gilleriniň biri bolup, eýran dilleri toparyna girýär. Pakistanda, Owganystanda, Eýranda, Türkmenistanda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 4 mln adamden hem geçýär. Günbatar hem-de gündogar şiweleri bar. Ýazuwy arap elipbiýiniň esasyndadyr.

**Bengal dili-** Hindi-ýewropa dillleriniň biridir. Hindi toparyna girýär.Bangladeşiň we Günbatar Bengaliýanyň resmi dilidir. Bu dlde gepleýänleriň sany 170 mln adam töweregidir.Günbatar we gündogar atlandyrylýan iki şiwe topary bar. Grammatik gurluşy-goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatiki manyny aňladylyşyň sintetik serişdeleri agdyklyk edýär. Assam dili bilen umumy bolan bogun ýazuwy ulanylýar. Bengal dilinde eser döreden meşhur ýazyjy Ribindranat Tagordyr.

**Besermýan dili-** fin-ugor dilleriniň biridir. Fin toparynyň perm toparçasyna girýär. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 10 müňe golaý. SSSR döwründe udmurt diliniň bir şiwesi hasaplanylýardy. Häzirki wagtda milli duýgularyň ösmegi netijesinde besermýan dili gaýtadan döredi. Bu diliň ýazuwy rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Birman dili-** Hytaý-tibet dillerine degişlidir. Tibet-birman toparyna girýär.Birmanyň döwlet dilidir. Bu dlde gepleýänleriň sany 30 mln adam töweregidir. Biri-birinden güýçli tapawutlanýan arkan, tawoý, inta, danu, taunýou, ýo şiweleri bar. Sözleriň manylaryny tapawutlandyrýan 4 owaz äheňi bar. Diliň ýazuw we gepleýiş görnüşleriniň arasynda tapawut uly. Ýazuwy bogun görnüşinde.

**Belarus dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Slawýan toparynyň gündogar toparçasyna degişlidir. Belarus respublikasynyň çäklerinde, Russiýa Federasiýasynda, Ukrainada, Litwada, Latwýada ýaýrandyr. Belaruslaryň birtopary Polşanyň gündogar etraplarynda ýaşaýarlar. Belarus dilinde gepleýänleriň sany 8 mln adam töweregi hasaplanylýar. Bu dilde gepleýänleriň köpüsi iki dili bilýär, olaryň birtopary rus dilinde, beýleki bir topary bolsa polýak dilinde geplemegi başarýarlar. Belarus diliniň iki şiwesi bar: demirgazyk-gündogar, günrta-günbatar. Grammatik gurluşy flektiw, grammatiki manyny aňladylyşyň sintetik serişdeleri agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde polýak dilinden alnan sözler köp. Şeýle-de baltika dillerinden geçen sözler hem duş gelýär. Häzirki zaman belarus ýazuwynyň esasynda rus elipbiýi ýatýar. Rus elipbiýinden öň latyn elipbiýi, belarus fonetikasyna uýgunlaşdyrylan arap elipbiýi ulanylypdyr. Arap elipbiýini belarus musulman tatarlary Orta asyrlarda peýdalanypdyrlar. Häzirki zaman belarus edebi dili XiX asyryň ortalarynda emele gelipdir.

**Bislam dili-** iňlis diliniň esasynda döredilen keol dilidir.Wanuatu döwletiniň resmi dilidir. Bu dilde gepleýänleriň umumy sany 100 müň adam töweregi hasaplanylýar. Täze şozler, esasan, sözleriň biri-birine

goşulmagy arkaly ýasalýar. Ýazuwy latyň elipbiýiniň esasynda.

**Bolgar dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Slawýan toparynyň günorta slawýan toparçasyna degişlidir. Bolgariýanyň döwlet dili. Bu dilde gepleýänleriň sany 9 mln adamdan gowrakdyr. Köpsanly şiweleri bar. Gramatik gurluşy-analitik. Ýazuwy kril elipbiýiniň esasyndadyr.

**Brahui dili-**drawid dilleriniň biridir. Pakistanda (Bulujystan we Sind welaýatlarynda), Owganystanyň günorta etraplarynda, Eýranyň gündogarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 800 müň adamdan gowurak. Sözlük düzüminde arap dilinden alnan sözler köp. XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, ýazuwy arap elipbiýiniň esasynda.

**Breton dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Kelt toparynyň britt toparçasyna girýär. Bretan (Fransiýa) ýarym adasynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 1 mln adam töweregidir.Bretonlylaryň tas hemmesi diýen ýaly breton dili bilen bilelikde fransuz dilini bilýärler. Esasy dört: leon, tregýer, kornuaý, wan şiweleri bar.Wan şiwesinden beýleki şiwelerde basym iň söňkyň öňündäki bogna düýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Bugiý dili-**awstroneziýa dilleriniň biridir. Indoneziýa toparyna girýär. Kalimantan (Indoneziýa) adasynyň gündogar kenaryna we Sualwesi ýarym adasynyň günorta-günbataryna ýaýrandyr. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 3 mln adamdan gowrak. Esasy şiweleri: bone, soppeng, wadžo, luwu, sidenreng, sawitto. XX asyryň ortalaryna çenli bogun ýazuwy ulanylypdyr, häzirki döwürde ol ýuwaş-ýuwaşdan öz ornuny latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuwa berýär.

**Burýat dili-** mongol dilleriniň biridir. Burýatystanyň, şeýle-de Ust-Orda we Agin awtonom okruglarynyň çäklerinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 353 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatiki manyny aňladylyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde tibet, köne mongol we rus sözleri köp. Ýazuwy XVII asyryň ahyryndan başlap köne mongol elipbiýinde. Burýan ýazuwy 1931-nji ýylda latyn elipbiýine, 1939-njy ýylda rus elipbiýine geçirildi.

## Ç

**Çeçen dili**-nah dilleriniň biridir. Çeçenistanda we onuň Dagystan bilen serhetleşýän etraplarynda ýaýrandyr.Bu dilde gepleýänleriň sany 800 müň adam töweregi diýlip hasaplanylýar. Grammatik gurlişy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere, şeýle-de flektiw. Sözlük düzüminde rus, arap, gruzin, pars dilleriniň sözleri bar. Ýazuwy 1917-nji ýylda arap elipbiýiniň esasynda döredilipdir, 1938-nji ýylda rus elipbiýiniň esasyndaky ýazuwa geçilipdir. Häzirki wagtda latyn elipbiýine geçmek işleri alnyp barylýar.

**Ceh dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Şlawýan toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Çehiýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 10 mln adam töweregidir. Çeh, ganas, silez, moraw gepleşikleri bar. Grammatik gurluşy-flektiw, grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde alynma sözler örän azdyr. Latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw ulanylýar. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XIII asyra degişlidir.

**Çžuan dili**-taý dilleriniň biridir.Hytaýyň Guansi-Çžuan etrabynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 13 mln adamdan gowrak. Grammatik many aňlatmakda analitik usullar agdyklyk edýär. Sözleriň leksiki manysyny tapawutlandyrýan 6 owaz äheňi bar. Orta asyrlarda hytaý nusgasy boýunça döredilen iýeroglif ýazuwy ulanylan bolsa, häzirki döwürde latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw peýdalanylýar.

**Çuwaş dili**- türki dleriniň biridir. Çuwaşystanda we onuň serhetdeş etraplarynda ýaýrandyr.Bu dilde gepleýänleriň sany 1,4 mln adam töweregidir.Ýokarky we aşaky diýlip atlandyrylýan iki şiwesi bar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasynda.

**Çukot dili**- Çukaotka-kamçatka dilleriniň biridir. Çukotka awtonom okrugynda ýaýrapdyr. Gepleýänleriň sany-11 müň adam töweregi hasaplanylýar. Grammatik gurluşy-inkorporirleýji dil. Sözlük düzüminde eskimos, ýukagir we rus dilleriniň sözleri köp. Ýazuwy 1931-nji ýylda latyn elipbiýiniň esasynda döredoildi, 1936-njy ýylda rus elipbiýine geçildi.

**Çuan dili**- ýukagir diller maşgalasyna girýän öli dilleriň biridir. Anadyr derýasynyň aşaky akymlarynyň kenarlarynda ýaýrandyr. 1781-nji ýylda I.Bensig tarapyndan ýazylan 22 sözlemiň, F.F.Matýuşkiniň ýazyp alan 210 sözüniň terjimesi saklanypdyr.

## D

**Dalmatin dili**- Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Roman toparyna girýär. Adriatik deňziniň adalarynda duş

gelýär. XIX asyryň ahyrlarynda ulanylyşdan galypdyr. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde slawýan we italýan dillerinden alnan sözler bar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Dargin dili-** nah-dagystan dilleriniň biridir. Esasan, Dagystanyň daglyk etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 320 müň adam töweregi hasaplanylýar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1928-nji ýyla çenli arap elipbiýiniň, 1928-1938-nji ýyllarda latyn elipbiýiniň, 1938-nji ýyldan bäri bolsa rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Dari dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Eýran toparyna girýär. Äjik diline örän ýakyn. Owganystanda puştu dili bilen bilelikde döwlet dili hökmünde ulanylýar. Bu dilde gepleýänleriň sany 4 mln adam töweregi hasaplanylýar. Iki şiwe toparyna bölünýär. Ýazuwy arap elipbiýiniň esasynda.

**Dat dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Daniýa Korollygynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýän adamyň sany 6 mln golaý hasaplanylýar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde iňlis, fransuz, nemes dilleriniň sözleri köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda

**Džong-ke dili-** Hytaý-tibet dilleriniň biridir. Tibet-birman toparyna girýär. Butan Korollygynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 770 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, köki üzňe. Sözleriň leksiki manylaryny tapawutlandyrýan owaz

äheňleriniň ulgamy bar. Käbir ýörite belgileri goşmak bilen, tibet bogun ýazuwy ulanylýar.

**Dolgan dili-** türki dilleriniň biridir. Gurluş tarapyndan ýakut diline örän meňzeşdir. Dolga-nenes awtonom okrugynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 4,5 müň adam töwregidir. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasyndadyr.

## E

**Ermeni dili-** Hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Ermenistanyň döwlet dilidir. Siriýada, Liwanda, ABŞ-da, Eýranda we beýleki köpsanly ýurtlarda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 6 mln adamdan geçýär. Örän köp şiwelere bölünýär. Atlarda grammatik many aňladyşyň sintetik, işliklerde analitik görnüşi agdyklyk edýär. Mesropom Maştosem tarapyndan 406-njy ýylda döredilen elipbiý ulanylýar.

**Eskomos dili-** Eskimos-aleut dilleriniň biridir. Grenlandiýada we Alýaskada ýayrandyr. Eskomoslaryň köp bolmadyk mukdardaky topary Çukotkada ýaşaýar. Bu dilde gepleýänleriň umumy sany 105 müň töweregi dam hasaplanylýar. Şiwelere bölüniş derejesi örän ýokary, şonuň üçin-de dilçi alymlaryň köpüsi eskimos dili däl-de Eskimos dilleri hakynda gürrün edýärler. Grenlandiýada ýaşaýan eskimoslar üçin bu dil resmi derejä eýedir, galan sebitlerde ol gündelik gepleşik dili hökmünde ulanylýar. Ýazuw Genlandiýada we Alýaskada latyn, Çukotkada rus elipbiýleriniň esasynda alnyp barylýar. Kanadadaky eskimoslar bogun ýazuwyndan peýdalanýarlar.

**Esperanto dili-** halkara gatnaşyklaryndaky emeli dilleriň viridir. 1887-nji ýylda L.L.Zamengof tarapyndan döredilýär. Onuň Esperanto (umydygär) lakamy şol döredilen dile dakylýar. Esperanto dili ilki başda Russiýa we Polşa ýaýraýar, eýýäm XX asyryň 20-nji ýyllarynda esperantoçylaryň hereketi öz çägini giňeldip, halkara häsiýetine eýe bolýar. Esperantonyň grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşda analitik serişdeler peýdalanylýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasaynda “bir ses-bir harp” görnüşinde guralypdyr. Esperanto dilinde çap edilen baý edebiýat bar, 140 sany döwürleýin neşir çykarylýar. Bu dili goldaýanlaryň uly halkara birleşigi – Uniwersala Esperanta Asocio atlandyrylýar.

**Eston dili**-ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna girýär. Estoniýa respublikasynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň umumy sany bir million adamdan gowrak hasaplanylýar. Eston diliniň demirgazyk, günorta, demirgazyk-gündogar şiweleri bar. Wyru şäherinde geplenilýän günorta şiwä käwagt aýratyn dil hökmünde seredilýär. Grammatik gurluşy-flektiw, şeýle-de goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Eston dilinde atlar 14 düşümde üýtgeýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XIII asyra degişli hasaplanylýar. Eston dilinde birinji kitap 1535-nji ýylda çap edilipdir

**Ewenkiý dili**-tunguz-manjžur dilleriniň biri bolup, Ewenkiýanyň çäklerinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň uly bolmadyk toparlary Mongoliýanyň, Hytaýyň çäklerinde hem ýaşaýarlar. Ewenkiý dilinde gepleýänleriň umumy sany 30 müň adam töweregidir.

Demirgazyk, günorta, gündogar şiwelerine bölünýär. Dil goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Sözlük düzüminde rus dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1931-nji ýyldan latyn, 1937-nji ýyldan rus elipbiýiniň esasynda alnyp barylýar.

**Ewen dili**-tunguz-manjžur dillerine degişlidir. Ohot deňziniň kenarlarynda, şeýle-de Ýakutystanyň, Orsyýetiň Magadan oblastynyň serhetdeş etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 7 müň adam töweregi diýlip bellenilýär. Gündogar, günbatar gepleşiklerine bölünýär. Dil goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ewen diliniň sözlük düzüminde rus, koryak, ýukagir dillerinden geçen sözler köp. Ýazuwy 1931-nji ýyldan latyn, 1936-njy ýyldan rus elipbiýiniň esasynda alnyp barylýar.

## F

**Falisk dili**-Hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Italiý toparyna girýär.Italiýada Faleriýa şäheriniň etraplarynda ýayrapdyr. Bize gelip ýeten ýazuw ýadygärlikleri b.e.ö VII-VI asyrlara degişli diýlip çaklanylýar. Grammatik gurluşy flektiw. Sözlük düzüminde latyn we etrus dilleriniň sözleri bar. Dilde latyn elipbiýi peýdalanylypdyr.

**Farer dili**- Hindi-ýewropa dillerine degişlidir. German toparynyň demirgazyk (skandinaw) toparçasyna girýär. Farer adalarynyň (Daniýanyň awtonom ülkesi) resmi dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 42 müň adam töweeregi diýlip bellenilýär.Grammatikasy özünde sintetiki we analitiki aýratynlyklary jemleýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Fiji dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Malaneziýa toparyna girýär. Malaneziýa dilleriniň içinde polineziýa dillerine has ýakyn. Fiji adalarynda ýaýrandyr. Bu dilde

gepleýänleriň sany 330 müň adam töweregi diýlip hasaplanylýar. Fiji diliniň gündogar we günbatar şiweleri bar. Olaryň arasyndaky tapawut örän uly bolup, hatda biri-birine düşünilmezlik derejededir. Edebi dili gündogar şiweeleriniň biri-mbau şiwesiniň esasynda emele gelipdir. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy 1835-nji ýyldan başlap latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Fin dili**-ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna girýär, Finlandiýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 5,3 mln-dan gowrak diýlip hasaplanylýar. Günorta-günbatar, ýem (hýame), günorta-botnik, demirgazyk, sawo, günorta-gündogar, orta-botnik, demirgazyk-botnik-esasy 8 şiwesi bar. Dil goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir., Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Fransuz dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Roman toparyna girýär. Fransiýanyň, Monakonyň, Belgiýanyň (niderland dili bilen birlikde), şeýle-de Afrikanyň, Latyn Amerikasynyň birtopar ýurtlarynyň döwlet dilidir. BMG-niň iş dilleriniň biri hökmünde ulanylýar. Bu dilde gepleýänleriň sany 95 mln adam töwreregi hasaplanylýar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Dürs ýazuwynda däp bolan kadalara eýerilýär. Ilkinji ýazuw ýadygärligi- “Strassburg kasamlary” 842-nji ýyla degişlidir.

**Firiz dili**- hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Niderlandlaryň Frislandiýa ülkesinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 400 müň adam töweregidir.2 müňden gowrak friz

Germaniýanyň çäklerinde ýaşaýar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XIV asyra degişli hasaplanylýar.

## G

**Gadymy müsür dili**-afraziýa dilleriniň biridir. Kopt dili bilen bilelikde aýratyn müsür toparyny emele getirýär. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edipdir. Logografik ýazuwdaky ýadygärlikleri saklanyp galypdyr.

**Gazak dili**-türki dilleriň biridir. Gazagystanda, serhetleşýän döwletlerinde, Hytaýda ýaýrandyr.Gazagystanda döwlet dili hökmünde ulanylýar. Bu dilde gepleýänleriň sany sekiz milliondan köpräk hasaplanylýar.Anyk şiwelere bölünişi göze ilmeýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, Grammatik many aňladyşyň sintetik serişdeleri agdyklyk edýär. Sözüň basymy dilde soňky bogna düşýär. Sözlük düzüminde rus dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1930-njy ýyla çenli arap, soň latyn, 1940-njy ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Galmyk dili**-mongol dillerine degişlidir. Galmygystanda, bölekleýin ýagdaýda Russiýanyň Rostow, Astrahan oblastlarynda, Stawropol ülkesinde ýayrandyr. Bu dilde 134 müňden gowrak adam gepleýär. Derbet we torgut şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. 1628-1924-nji ýyllarda mongol elipbiýiniň esasyndaky ýazuw ulanylýar, 1924-1931-nji ýyllarda rus, 1931-1938-nji ýyllarda latyn elipbiýleri ulanylýar. 1938-nji ýyldan başlap ýene rus elipbiýiniň esasyndaky ýazuwa geçilýär.

**Garaýym dili-** türki dilleriniň biridir. Krymyň uly bolmadyk adalarynda, günbatar Ukrainada, Litwada, Polşada ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 540 müň adamdan gowrak hasaplanýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär.Bütewi edbi dili emele gelmändir hasaplanylýar. Dürli döwürlerde garaýym dilli toparlar ýewreý, latyn, rus elipbiýlerini peýdalanypdyrlar

**Garagalpak dili-** türki dilleriniň biridir. Garagalpak awtonomiýasynda (Özbegistanyň demirgazygy) ýayrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 300 mün adamdan hem köpdür. Demirgazyk-gündogar we günorta-günbatar şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy 1924-28-nji ýyllarda arap elipbiýiniň, 1928-40-njy ýyllarda latyn, soň rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Garaçaý-Balkar dili**-türki dilleriň biridir. Kabardin-Balkarda, Garaçaý-Çerkesde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 200 müň adamdan köpräk hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus, gruzin, osetin sözleri bar. Ýazuwy 1924-26-njy ýyllarda arap, 1926-1937-nji ýyllarda latyn, soň rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Gawaý dili**-awstroneziýa dillerinin biridir. Polineziýa toparyna degişlidir. Häzirki wagtda ABŞ-nyň ştatlarynyň biri bolup duryan Gawaý adalarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 20 müň adamdan

köpüräkdir. Grammatiki many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär.XIX asyryň ahyryna çenli gawaý dili mekdeplerde, hukuk işlerinde, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, çeper edbiýatlarda ulanylypdyr. 1895-nji ýyldan başlap ýuwaş-ýuwaşdan iňlis diline geçilip başlanylypdyr. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Gagauz dili-** türki dilleriniň biridir. Moldawanyň günorta etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 175 mün adamdan köpüräkdir. Çadyrly-kmrat we wulkaneş şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde arap, pars, grek, slawýan we roman dilleriniň sözleri bar. Ýazuwy rus elipbýiniň esasyndadyr.

**Gaitýan dili-**kreol dilleriniň biridir. Fransuz diliniň esasynda emele gelipdir. Bu dilde gepleýänleriň sany 5 mln adamdan hem köpüräk. Gaiti respublikasynyň çäginde ýaýrandyr. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Galisiý dili-**hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Roman toparyna girýär. Galisiýa awtonom oblastynda (Ispaniýa) ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 4 mln adamdan gowrak. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Grammatik gurluşy, şeýle-de sözlük düzümi Portugal diline örän ýakyn. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Gal dili-**hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Kelt toparynyň gal toparçasyna girýär. Biziň eýýamymyzyň birinji asyrynda ulanylyşdan galypdyr. Bu dilde gepleýän adamlar häzirki Fransiýanyň, Belgiýanyň, Şweýsariýanyň çäklerinde ýaşapdyrlar Grammatik many aňladyşyň

sintetik usullary agdyklyk edipdir. Sözleriň ýerleşiş tertibi erkin.

**Gepid dili**-hindi-ýewropa dillerine degişli. German toparynyň gündogar toparçasyna girýär. Biziň eýýamymyzyň I asyrynda ulanylyşdan galypdyr. Bu dil hakyndaky maglumat örän az. Ýazuwy ýok.

**Gerul dili**- hindi-ýewropa dilidir. German toparynyň gündogar toparçasyna degişlidir. Bu dil hakyndaky maglumatlar örän az. Bar bolan sözleri, esasan, şahsy atlara degişlidir. Soň-soňlar bütin german dünýäsine ýaýran runi ýazuwy ilkibaşda gerul dili üçin döredilipdir diýlip çaklanylýar.

**Gez dili**-awstraaziýa dilleriniň biridir. Semit toparyna girýär. Efiopiýanyň hristian edebiýatynyň öli dilidir. I-II müňýyllygyň sepgidinde janly gepleşik dili bolmagyndan galypdyr.Sözlük düzüminde grek, siriýa, arap dillerinden alnan sözler köp bolupdyr. Efiopiýa ybadathanasynyň dili hökmünde saklanyp galypdyr. Bogun ýazuwyndan peýdalanylypdyr.

**Gomen dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Melaneziýa toparyna girýar.Täze Kaledoniýada ýaýrandyr. Gepleýänleriň sany birnäçe müňe cenlidir, anyk maglumat berilmeýär. Ýazuwy ýok.

**Got dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir.German toparynyň gündogar toparçasyna girýär.XVI asyryň ahyrynda XVII asyryň başynda ulanylyşdan galýar. Iki şiwesi bolupdyr. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edipdir. IV asyrda arian ýepiskopy Wulfil tarapyndan döredilen got elipbiýi peýdalanylypdyr. Ýazuw ýadygärlikleriniň köp bölegi V-VI asyrlara degişlidir

**Grek dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Aýratyn grek toparyny düzýär. Gresiýada, Kiprde, Türkiýede ýayandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 13 mln adam töweregidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözleriň ýerleşiş tertibi erkin ýagdaýda.Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri b.e.ö VIII-VII asyrlara degişlidi bolup, grek elipbiýi ulanylýar.

**Gruzin dili**-kartwel dillerine degişlidir.Gruziýanyň döwlet dilidir, şeýle-de Azerbaýjanda, Eýranda, Türkiýede ýaýrandyr. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 3,5 mln adamdan gowrak. Iki sany şiwesi bar. Şiweleriniň arasyndaky tapawut uly däl. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri V asyra degişli hasaplanylýar. Gruzin elipbiýi peýdalanylýar.

**Gujrat dili**- hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Hindi toparyna girýär. Hindistanyň Gujrat ştatynyň resmi dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 40 mln adam töweregidir.Dört şiwe topary bar. Bogun häsiýetli öz bogun haty ulanylýar.

## H

**Hakas dili**-türki dillerine degişlidir. Hakasiýada, Orsyýetiň Krasnoýarsk ülkesiniň, Tuwa respublikasynyň serhetleşýän etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 57 müň damadan gowrak. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rur we mongol dillerinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1924-29-njy ýyllarda rus, 1929-1939-njy ýyllarda latyn elipbiýiniň

esasynda boldy. 1939-njy ýylda ýene rus elipbiýine geçildi.

**Hausa dili**-afraziýa dilleriniň biridir. Çad toparyna girýär.Nigeriýa döwletiniň demirgazyk etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 40 mln adamdan gowrak diýlip hasaplanylýar. Şiweleriniň arasyndaky tapawutlar uly däl. Sözlük düzüminde arap dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Het dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Het-luwiý toparyna girýär.B.e.ö XVIII-XIII asyrlarda häzirki Türkiýäniň çäklerinde ýaýrapdyr.Kuwwatly Het imperiýasynyň döwlet dili hökmünde ulanylypdyr. Hindi-ýewropa dilleriniň arasynda gadymy ýazuwly dil bolup durýar. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edyär. Grammatik jynsyň janly we jansyz görnüşleri tapawutlandyrylýar. Bize gelip ýeten ýazuw ýadygärlikleri bogun ýazuwy görnüşinde ýerine ýetirilipdir.

**Hindi dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Hindi toparyna girýär. Hindistanyň döwlet dilleriniň biridir (iňlis dili bilen bilelikde). Bu dilde gepleýänleriň sany 200 mln adamdan geçýär. Günbatar we gündogar şiweleri bar. Sözlük düzüminde Sanskrit diliniň sözleri köp. Dewanagari atlandyrylýan bogun ýazuwy peýdalanylýar.

**Hytaý dili**-hytaý-tibet dilleriniň biridir. Hytaý halk respublikasynyň we Taýwanyň döwlet dilidir. Singapurda ulanylýan dört döwlet diliniň biri hökmünde-de ulanylýar. Birleşen milletler guramasynyň iş dilleriniň hem biridir. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 1 mlrd adamdan hem köpdür. Biri-birinden düýpli tapawutlanýan alty şiwesi bar. Grammatik gurluşy kök bilen baglanyşyklydyr. Sözleriň grammatiki manysyny tapawutlandyrýan 4 owaz

äheňi bar. Sözleri goşmak söz ýasalyşyň esasy usuly hökmünde ulanylýar. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri b.e.ö II müňýyllygyň ortalaryna degişlidir. Hytaý dilinde ideografik hat ulanylýar.

## I

**Idiş dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Aşkenaz ýewreýleriniň gepleşik we edebi dilidir.XX asyryň ortalaryna çenli Polşanyň, Çehiýanyň, Slowakiýanyň, Ukrainanyň, Belarussiýanyň, Litwanyň, Latwýanyň ýewreý ilatynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Ikinji jahan urşundan soň idiş dilinde gepleýänleriň sany azalypdyr. Onuň hakyky ulanylyşy örän çäklenen bolsa-da, häzirki döwürde Ýewreý awtonom okrugynyň resmi dili hukugyna eýedir. Grammatik gurluşy nemes diline örän ýakyndyr. Sözlük düzüminde slawýan dillerinden we iwritden (ýewreý dilinden) geçen sözler köpdür. Çekimlileri aňlatmak üçin ýörite harplary goşmak bilen, däp bolan ýewreý elipbiýi peýdalanylýar.

**Ido dili**-emeli dilleriň biridir. Gelip çykyşy boýunça esperanto diliniň gaýtadan işlenilip, üýtgeşmeler girizlmeginden alynýar. Bu dil 1907-nji ýylda döredilipdir, ýöne, giňden ýaýramandyr. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ižor dili**-ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna degişlidir. Leningrad oblastynyň Lomonosow we Kingiseppsk etraplarynyň käbir obalarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 200 adamdan gowrak hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar

agdyklyk edýär. Ýazuwy 1930-njy ýyldan başlap latyn elipbiýiniň esasynda (mekdep okuw kitaplary çap edilen).

**Inguş dili**-nah dilleriniň biridir. Bu dil Inguşetiýada we onuň Orsyýet bilen serhetleşýän etraplarynda ýaýrandyr. Inguş dilinde gepleýänleriň sany 180 müň adamdan gowrak diýlip hasaplanylýar. Şiwelere bölünmeýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy 1923-nji ýyla çenli arap elipbiýiniň, soňra latyn, 1938-nji ýyldan rus elipbiýiniň esasynda alnyp barylýar.

**Indoneziýa dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Indoneziýa toparyna girýär. Indoneziýa respublikasynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 150 mln adam töweregi diýlip çak edilýär. Şiwelere bölünmeýär. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär.Ýawan, niderlend, iňlis we arap dillerinden alnan sözler köp.Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Iňlis dili**-Günbatar german dilleriniň biridir. Beýik Britaniýada, Irlandiýada, ABŞ-da, Kanadada, Awstraliýada, Täze Zelandiýada, şeýle-de Aziýanyň, Afrikanyň birtopar ýurtlarynda ýaýrandyr. Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dilleriniň biridir. Gepleýänleriň umumy sany 400 mln adamdan hem köp hasaplanylýar.Köpsanly şiweleri bar. Grammatik many aňlatmakda analitik görnüş agdyklyk edýär. Sözlük d düzüminde alynma sözler örän köp. Latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw VII asyrdan bäri dowam edýär. Dürs ýazuw kadalarynda milli ýazuw däpleri uly ähmiýete eýedir

**Irland dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Kelt toparynyň gel toparçasyna girýär. Ol iňlis dili bilen

bilelikde Irlandiýanyň döwlet dilidir.Bu dilde gepleýänleriň sany 600 müň adam diýlip çaklanylýar. Üç sany- munster, konnaht, uster şiwesi bar. Şiweleriniň arasyndaky tapawutlar örän uly, şiwelerde gepleýänleriň biri-birine düşünmeýän ýagdaýlary hem bolýar. Grammatik many aňladysýň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlemde sözleriň tertibi berk saklanýar: işlik (habar), at ýa-da çalyşma (eýe), doldurgyç. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Island dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň demirgazyk (skandinaw) toparçasyna girýär. Islandiýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 242 müň adam töweregi adam hasaplanylýar. Şiwelere bölünişi göze ilmeýär. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde alynma sözler örän az. Täze düşünjeler island diliniň öz sözleri bilen aňladylýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ispan dili**-hindi-ýewropa dillerine girýär. Roman toparyna degişlidir. Ispaniýanyň we Latyn Amerikasynyň 19 döwletiniň döwlet dilidir. Şeýle-de käbir Afrika döwletlereine hem ýaýrandyr. Birleşen Milletler Guramasynyň iş dilleriniň biridir. Bu dilde 300 mln töweregi adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Şiwelere bölünişi örän ýokary derejede. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düžüminde arap dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Italýan dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Roman toparyna girýär. Italiýanyň, Watikanyň, San Marinonyň döwlet dilidir. Bu dilde 65 mln-dan hem köp adm gepleýär. Şiwelere bölünişi ýokary derejede. Grammatik

many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda

**Itelmen dili**-çukotka-kamçatka dillerine degişlidir. Kamçatkanyň günbatarynda kenar ýakalarynda ýaýrapdyr. Bu dilde gepleýänleriň sany az, ýagny 200 töweregi adamdyr. Çukotka-kamçatka diller maşgalasynyň beýleki dillerinden söz ýasalyşynyň ýokarylygy bilen tapawutlanýar. Ýazuwy ýok.

**Iwrit**-afraziýa dilleriniň biridir. Semit toparyna girýär. Ysraýylyň döwlet dilidir.Bu dilde gepleýänleriň sany 3,5 mln adamdan gowurak. Şiwelere bölünmeýär. Sözleriň sözlemdäki tertibi erkin. Sözlük düzüminde iňlis, nemes, arap, rus dillerinden alnan sözler bar. 22 harply ýewreý elipbiýi peýdalanylýar.

## K

**Kabardin-Çerkes dili-** abhaz-adyg dilleriniň biridir. Kabardin- Balkarda we Garaçaý-Çerkesde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 370 müň töweregidir. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde osetin dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1923-1036-njy ýyllarda latyn, 1940-njy ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Kabil dili**-afraziýa dilleriniň biridir, berber-liwiýa toparyna girýär. Demirgazyk Alžiriň daglyk etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 2,6 mln adam diýlip çaklanylýar. Grammatikasynda analitik we sintetik serişdeler utgaşýar. Sözlemde sözleriň tertibi berk saklanýar: habar (işlik)-eýe-doldurgyç. Ýazuwy XX asyryň 8-nji ýyllarynda latyn elipbiýiniň esasynda döredildi.

**Karel dili**-ugor-fin dillerine degişlidir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna girýär. Kareliýada, bölekleýin ýagdaýda Orsyýediň Kaliningrad, Leningrad, Nowgorod oblastlarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 77 müň adamdan gowrakdyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Häzirki wagtda ýazuwy ýok. Kareller edebi-ýazuw dili hökmünde ýakyn garyndaş dili bolan fin dilini peýdalanýarlar.

**Kariý dili-** hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Hetluwiý toparyna girýär. B.e.ö VII-III asyrlarda Kiçi Aziýanyň günorta-günbatarynda ýaýrapdyr. Kariý elipbiýinde ýazylan 200 töwregi ýadygärlik (ýazgy) saklanyp galypdyr. Grammatik gurluşy-flektiw, Grammatik many aňladyşyň sintetik sintetik usullary agdyklyk edipdir.

**Katalan dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Roman toparyna girýär. Ispaniýanyň Kataloniýa awtonom ülkesinde, Andorra knýazlygynyň çäklerinde ýaýrandyr. Ol ispan, fransuz dilleri bilen bilelikde üç döwlet diliniň biridir. Bu dilde gepleýänleriň sany 7,8 mln adam hasaplanylýar.Gündogar we günbatar şiweleri bar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Kaiti dili**-hindi-ýeweropa dilleriniň biridir. Dard toparynyň günbatar (nurystan) toparçasyna girýär. Owganystanyň Nurystan welaýatynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 30-40 müň adam diýlip çaklanylýar. Nurystanyň beýleki milli toparlaryndan birnäçe müň adam ony ikinji ene dili hökmünde kabul edýär. Mundan başga-da kaiti dilinde gepleýänleriň köpüsi dariý dilini hem

bilýärler. Edebi dil görnüşinde ýüze çykmaýar. Soňky döwürlerde arap elipbiýiniň esasynda ýazuw döretmäge synanşyklar edilýär.

**Kaffa dili**-afraziýa dillerine degişlidir. Omot toparyna girýär. Efiopiýanyň günorta-günbataryndaky Kefa ülkesinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 380 müň adam töweregidir diýlip çak edilýär. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Diliň ýazuwy ýok.

**Kaşub dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Slawýan toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Polşada Gadansk şäherine degişli etraplarda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 180 müň adam hasaplanylýar. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär.Özüne has ýakyn bolan polýak dilinden ilkinji nobatda sözlük düzümi hem-de fonetikasy bilen tapawutlanýar. Günbatar slawýan dilleriniň arasaynda diňe kaşub dili hereket edýän basymy özünde saklaýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Kwang dili-** afraaziýa dilleriniň biri bolup, Çad toparyna girýär. Çad respublikasynda ýaýrandyr. Çad dilleriniň ählisinde bolşy ýaly, sözleriň leksiki manysyny tapawutlandyrýan owaz äheňli ulgamy bar. Kwang diliniň ýazuwy ýokdur.

**Keltiber dili**-hindi-ýewropa dilleriniň Kelt toparyna girýär. Bu dil aýratyn toparçany emele getirýär. Gadymy döwürlerde Pirneý ýarym adasynyň merkezi bölegine ýaýrapdyr. Ýazuw ýadygärlikleriniň esasy bölegi b.e.ö III-I asyrlara degişlidir. Keltiber dili flektiw dillere degişlidir, ýöne onda goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrylyş alamaty bar. Bu diliň ýazuwynda bogun belgileri, şeýle-de aýratyn sesleri aňlatmak üçin belgiler bar. Ýazuw

ýadygärlikleri birnäçe sözden durýan ýazgylary öz içine alýar.

**Kera dili**-afraziýa dillerine degişlidir. Çad toparyna girýär. Çad respublikasynda ýaýrandyr. Sözleriň leksiki manysyny tapawutlandyrýan owaz äheňler ulgamyna eýedir. Ýazuwy ýok.

**Kerek dili**- çukotka-kamçatka dilleriniň biridir. Çukotka awtonom okrugynyň Bering etraplaryna ýaýrandyr. Bu dili Koryak diline ýakyn hasaplaýarlar. Kerek dilinde gepleýänleriň sany 100 adam töweregi diýlip çaklanylýar. Maýno-pilgin we hatyr şiweleri bar. Ýazuwy ýok.

**Kem dili**- ýeniseý sillerine degişlidir. Ýeniseý derýäsynyň akymy boýunça Kureýkden Tungusa çenli ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 700 hasaplanýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Käbir ýagdaýlarda içki fleksiýa göze ilýär. Ýazuwy ýok.

**Komi dili**- ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň perm toparçasyna girýär. Komi respublikasynda, Ýamalo-Nenes, Hanty-Mansyý awtonom okruglarynda ýaýrandyr. Bu dilde 320 müňden köpüräk adam gepleýär diýlip çak edilýär.Şiwelere bölünişi örän ýokary derejede. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde örän köp mukdarda rus sözleri bar.XVII asyra çenli Stefan Permskiý tarapyndan döredilen elipbiý bolupdyr, soň rus elipbiýi esasynda düzülen elipbiýe geçilipdir.

**Kopt dili**- abhaziýa dillerine degişlidir. Müsür toparyna girýär. Özünde gadymy müsür diliniň ösüşiniň

netijesini jemläpdir. Häzirki döwürde janly gepleşikde ulanylmaýar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Dilde grek dilinden alnan sözler köp.Özünde 32 belgini jemleýän, grek elipbiýiniň esasyndaky kopt elipbiýi ulanylýar.

**Koreý dili-** gelip çykyşy taýyndan izolirlenilen dillere degişlidir. Esasan Koreý ýarym adasynda ýaýrandyr.Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň (Demirgazyk Koreýa) we Koreýa Respublikasynyň (Günorta Koreýa) döwlet dilidir. Bu dilde gepleýan adamlaryň sany 60 mln adam töweregi diýlip hasaplanylýar. Grammatiki gurluşy taýyndan fleksiýa elementleri bilen, goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Korol Beýik Sejonyň goldamagynda 1444-nji ýylda döredilen harp-bogun ýazuwy peýdalanylýar.

**Korn dili-** hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Kelt toparynyň brit toparçasyna girýär. Kornuol (Beýik Britaniýa) ýarym adasynyň çäklerinde ýaýrapdyr. Häzirki wagtda bu dili emeli ýagdaýda dikeltmäge synanşyklyklar edilýär. Şiwelere bölünişi barada maglumatlar ýok. Grammatiki many aňladyşyň analitiki usullary agdyklyk edipdir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Koryak dili-** çukotka-kamçatka dilllerininiň biridir. Kamçatkada ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 5,4 müň adam töweregidir. Çawçuwen, apukin, kamen, paren, itkan şiweleri bar. Edebi diliniň esasynda çawçuwen şiwesi ýatýar. Ýazuwy 1931-nji ýylda latyn elipbiýiniň esasynda döredilip, 1936-njy ýylda rus elipbiýine geçirilýär.

**Kott dili-** ýeniseý dillerine degişlidir. XiX asyryň ortalaryndan başlap ulanylyşdan galypdyr. Bu dil baradaky

maglumatlar az. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edipdir.

**Krio dili-** kreol dilleriniň biridir. Iňlis diliniň esasynda emele gelipdir. Ekwatorial Gwineýede, Gambiýada, Serra-Leonda ýaýrandyr. Grammatik gurluşy kök bilen baglanyşyklydyr.Ýazuwy ýok.

**Krym-tatar dili**-türki dillerine degişlidir. Krymda, Orta Aziýa döwletleriniň käbirinde, Türkiýäniň, Russiýanyň, Rumynyýanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 700 müň töweregi adam gepleýär diýip hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy 1929-njy ýyla çenli arap, 1929-njy ýyldan latyn, 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Kusaiýe dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir.Mikroneziýa toparyna girýär. Mikroneziýa Federatiw ştatlarynda, Kusaiýe ştatynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 5 müň adam töweregidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

## L

**Laz dili**-kartwel dillerine degişlidir. Türkiýäniň demirgazyk gündogarynda, Günbatar Gruziýada ýaýrandyr. Bu dili 50 müň töweregi adam ulanýar diýlip hasaplanylýar.Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Lak dili-** nah-dagystan dilleriniň biridir. Lak-dargin toparyna girýär. Esasan, dagystanyň daglyk etraplarynda ýaýrandyr. Lak dilinde gepleýän adamyň sany  100 müň töweregidir. Şiwelere bölünişi örän ýokary ederjede. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk

edýär. Ýazuwy 1928-nji ýyla çenli arap, 1929-1938-nji ýyllarda latyn, 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Laos dili-** taý dillerine degişlidir.Laosyň döwlet dilidir, Taýlandyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 23 mln adamdan hem köpdür. Onlarça şiwesi bar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözleriň leksiki manylaryny tapawutlandyrýan owaz äheňlerinin sany şiwelerinde 5-den 7-ä çenlidir. Ýazuwy bogun ýazuwy görnüşindedir.

**Latyn dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Italiý toparyna girýär. Bu dil ilkibaşda paýtagty Rim şäheri bolan kiçi latyn taýpasynyň gepleşik dili bolupdyr. Latyn dilindäki ilkinji ýazuw ýadygärlikleri b.e.öň VI asyra degişlidir. Rim döwletiniň beýleki döwletleri ykdysay hem-de syýasy taýdan tabyn etmek syýasaty bilen baglylykda, latyn dili ýuwaş-ýuwaşdan Italiýa, soň häzirki Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Portugaliýanyň, Şweýsariýanyň, Rumyniýanyň çäklerine ýaýrapdyr. V-VI asyrlarda käbir şiweler edebi dilden aýrylyp, özbaşdak dil hökmünde öňe çykypdyrlar. Edebi dil bilan latyn dili ylmyň, hukuk öwrenişiň, saglygy goraýşyň dili hökmünde Günbatar Yewropa ýurtlarynyň birenteginde saklanyp galypdyr. Latyn diliniň bu ähmiýeti Orta asyrlarda we Gaýtadan döreýiş döwrüniň bütin dowamynda saklanyp galypdyr. Latyn elipbiýiniň esasynda Ýewropanyň birtopar halklarynyň ýazuwy döredilipdir. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrylmak bilen flektiw dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibi erkin ýagdaýda. Sözlük düzüminde

grek we etruss dilleriniň sözleri bar. Beýleki dillerden alnan sözleriň mukdary az. Latyn dili öli dillere degişlidir.

**Latyş dili-** hindiýewropa dillerine degişlidir. Baltika toparyna girýär. Latwýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 1,4 mln adam töweregidir. Ortalatyş, liwon, ýokarkylatyş (latgal) şiweleri bar. Beýleki şiwelere garanyňda ýokarkylatyş şiwesi edebi dilden güýçli tapawutlanýar, käbir alymlar ony aýratyn dil hasaplaýarlar. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Bu dilde ilkinji kitap 1585-nji ýylda çapdan çykýar.

**Lepontiý dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir, kelt toparynyň gall toparçasyna girýär. Demirgazyk Italiaýada (Lugano etraby) b.e.öň VI asyrda hasaba alnan. B.e başynda latyn dili ony gysyp çykarýar. Teňňelerdäki, küýzelerdäki, mazar daşlaryndaky kyrkdan gowurak ýazgylary saklanyp galypdyr. Diliň grammatik gurluşy flektiw, grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibi erkin ýagdaýda. Şiweleri hakynda maglumat ýok.

**Li dili-** taý dillerine degişlidir. Haýnan (Hytaý) adasynyň günorta etraplaryna ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 360 müň adam töweregidir. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Soňky ýyllara çenli ýazuwy ýokdy. Häzirki wagtda latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuwy döredildi.

**Liw dili**-ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna girýär. Litwanyň Latwiýanyň Talsin we Wenspil etraplarynda ýaýrandyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik

usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda bolupdyr, häzirki wagtda ulanylmaýar.

**Lidiý dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Het-luwiý toparyna girýär. Kiçi Aziýada b.e.öňki VII-V müňýyllykda ýaýrapdyr, Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edipdir, dil flektiw dillere degişlidir. Häzirki dower gelip ýeten tekstleri lidiý elipbiýinde ýazylypdyr.

**Litwa dili**- hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Baltika toparyna girýär. Litwanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 3 mln adamdan köpüräk hasaplanylýar. Žemaýt we aukşaýt şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrmak bilen bilelikde flektiw dillere degişlidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda bolup, bu dildäki ilkinji kitap 1547-nji ýylda çap edilýär.

**Lifu dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir.Melaneziýa toparyna girýär. Luaýote arhipelagyna girýän Lifu adasynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 15 müň adam töweregidir. Losi we wete şiweleri bar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Luwiý dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Het-luwiý toparyna girýär.B.e.Öň II müňýyllykda Anatoliýada ýaýrapdyr. Grammatik gurluşy flektiw, grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edipdir. Häzirki dower çenli gelip ýeten tekstleri toýun plitalaryň ýüzüne ieroglif we pahna-bogun hat görnüşleri bilen ýazylypdyr.

**Lýuksemburg dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günbatargerman toparçasyna girýär. Lýuksemburg gersoglygynyň döwlet dilleriniň biridir (nemes we fransuz dilleri bilen bilelikde). Bu dilde gepleýänleriň sany 300 müň adam töweregidir. Grammatik

gurluşy nemes diline örän meňzeş. Sözlük düzüminde fransuz sözleri örän köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

## M

**Maýýa dili**-maýýa-kiçe dillerine degişlidir. Maýýa diller toparyna girýär. Esasan, Ýukatan (Meksika) ýarym adasynda ýaýrandyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýewropalylar gelmänkä maýýa siwilizasiýasynyň ýokary derejede ösen dili bolupdyr. Diliniň häzirki wagtda hiç hili resmi derejesi ýokdur. XVI asyra çenli öz iýeroglif ýazuwy bolupdyr. Ýazuwy häzirki wagtda latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Makedon dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Slawýan toparynyň günorta toparçasyna degişlidir. Bolgar diline örän ýakyn bolup, Makedoniýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 2 mln töweregi hasaplanylýar. Esasan, günbatar, gündogar, demirgazyk şiwe toparlary bar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy slawýan elipbiýiniň esasyndadyr.

**Malagasiý dili**-awstroneziýa dillerine degişlidir. Indoneziýa toparyna girýär.Madagaskar Demokratik Respublikasynyň iki döwlet diliniň biridir (fransuz dili bilen bilelikde). Bu dilde gepleýänleriň umumy sany 10 mln töweregi adamdyr. Iki şiwe topary bar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär, şunuň bilen bilelikde goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrmak hem giňden ýaýrandyr. Sözlük düzüminde arap, Sanskrit, fransuz dilleriniň sözleri bar. Ýazuwy XIX

asyryň başlaryna çenli arap elipbiýinde bolup, soň latyn elipbiýine geçilipdir.

**Malaý dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir.Indoneziýa toparyna girýär. Gurluşy boýunça Indoneziýa diline örän ýakyndyr. Malaýziýanyň we Burneýiň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 9,5 mln töweregidir. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Maldiw dili-** hindi-ýewropa dillerinin biridir. Hindi toparyna girýär. Maldiw respublikasynyň döwlet dilidir. Maldiw dilinde gepleýänleriň sany 200 müň adam töweregidir. Öz milli elipbiýi ulanylýar.

**Maltiý dili-** afraziýa dillerine degişlidir. Semit toparyna girýär. Arap diline örän ýakyndyr. Malta respublikasynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 500 müň adam töweregi hasaplanylýar. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde italýan we iňlis diliniň sözleri köpdür. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Mangariý dili**-Awstraliýanyň ýerli ilatynyň dilleriniň biridir. Bu dil dil maşgalalarynyň hiç birine degişli däldir. Mangariý dilinde gepleýän adamlaryň sany elli adam töweregidir.Awstraliýanyň demirgazygynda ýerleşen Roper derýasynyň boýunda ýaýrandyr. Ses ulgamynda dymyk çekimsizleriniň bolmazlygy bellenilmeli hadysalarynyň biridir. Diliň ýazuwy ýokdur.

**Mansiý dili**-fin-ugor dillerine degişlidir. Ugor toparyna girýär. Hanty-Mansiý awtonom okrugynda ýaýrandyr. Mansiý dilinde gepleýänleriň sany 3,5 müň adam töweregi hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere

degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1931-nji ýyldan başlap latyn, 1937-nji ýyldan bolsa rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Mançžur dili**-tungus-mançžur dilleriniň biridir. Demirgazyk-günbatar we demirgazyk-gündogar Hytaýda ýaýrandyr. Bäş million ilatly mançžur halkynyň hytaý diline geçendigine görä, bu dilde gepleýän adamlaryň anyk sanyny görkezmek mümkin däl. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, ýöne beýleki tungus-mançžur dillerinden tapawutlylykda Grammatik gurluşynda aňladyşyň analitik usullary giňden ýaýrandyr. Mançžur ýazuwy üýtgedilen mongol elipbiýidir. Hatyň ugry mongollaryňky ýaly ýokardan aşakdyr. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XVII asyra degişli hasaplanylýar.

**Maoriý dili**-awstroneziýa dillerine degişlidir. Polineziýa toparyna girýär. Täze Zelandiýada ikinji döwlet dili hökmünde ulanylýar (birinji döwlet dili iňlis dilidir). Bu dilde 300 müň adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Garmmatik many aňlladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Mariý dili**-fin-ugor dilleriniň biridir. Fin toparynyň wolžsk toparçasyna girýär. Mariý-El respublikasynda, tatarystanyň, Başgyrdystanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Mariý dilinde gepleýänleriň sany 540 müň adam töweregidir. Biri-birinden düýpli tapawutlanýan iki gepleşigi bar, şolaryň esasynda iki sany edebi dil kemala gelipdir. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy rus

elipbiýiniň esasyndadyr.Mariý dilindäki ilkinji kitap 1803-nji ýylda çap edilipdir.

**Marşal dili**-awstroneziýa dillerine degişlidir.Mikroneziýa toparyna girýär. Marşal adalary respublikasynyň iki döwlet diliniň (iňlis dili bilen) biridir. Marşal dilinde gepleýänleriň sany 35 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Mea dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Melaneziýa toparyna girýär.Täze Kaledoniýada ýaýrandyr. Mea dilinde gepleýänleriň sany 300 adam töweregidir. Özüniň taryhy ösüşiniň dowamynda tiri dili tarapyndan uly täsire sezewar bolupdyr.

**Mingrel dili**-kartwel dillerine degişlidir. Günbatar Gruziýada ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 400 müň adam töweregidir. Senak, samurzakan-zugdid şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde gruzin dilinden alnan sözleriň birentegi bar. Ýazuwy ýok. Edebi-ýazuw dili hökmünde köp wagtdan bäri gruzin dili ulanylýar.

**Mokil dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir.Mikroneziýa toparyna girýär.Mokilde (Mikroneziýa Federatiw ştatlary)we onuň töweregindäki adalarda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany müň adamdan köpuräk.Mokil dilini bilýänleriň köpüsi ponape dilinde hem gepläp bilýärler.

**Moldaw dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Roman toparyna girýär. Moldawa respublikasynyn döwlet dilidir.Bu dilde gepleýänleriň sany 2,5 mln adamdan

gowrakdyr. Dört şiwe topary bar: demirgazyk-günbatar, demirgazyk-gündogar, merkezi, günorta-günbatar. Grammatik gurluşu we sözlük düzümi tarapyndan rumyn diline ýakyn, şonun üçin hem dilçi alymlaryň birtopary oňa rumyn diliniň bir görnüşi hökmünde garaýarlar. Ýazuwy 1989-njy ýyla çenli rus elipbiýiniň esasynda, 1989-njy ýyldan başlap latyn elipbiýinde alnyp barylýar.

**Mongol dili**-mongol dillerinin biridir. Mongoliýa Halk Respublikasynyň döwlet dilidir. Mundan başga-da Hytaýyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 4,8 mln töweregi adam hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. 1945-nji ýyla çenli milli mongol elipbiýi ulanylypdyr. 1945-nji ýylda Mongoliýa Halk Respublikasynda rus elipbiýine geçmeklik amala aşyrylypdyr, şol bir wagtda-da mongol elipbiýini ulanmaklyk dowam etdirilipdir. Soňky ýyllarda Mongoliýada milli ýazuwa dolanmaklyk işi alnyp barylýar.

**Mon dili**-awstroaziýa dillerine degişlidir. Mon-khmer toparyna girýär.Mýanmede (Birmada) we Taýlandda ýaýrandyr. Mon dilinde gepleýänleriň sany 500 müň adam töweregidir.Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär.Söz ýasalyşyň esasy usuly sözleri goşmakdyr. Dilde milli bogun ýazuwy ulanylýar.

**Mordwa dili**-ugor-fin dilleriniň biridir.Fin toparynyň wožsk toparçasyna girýär. Mordowada we onuň bilen serhetleşýän çäklerde ýaýrandyr. Bu dilde 1 mln-dan gowrak adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Mordwa dili mokşan we erzýan görnüslerinde ýüze çykýar. Olar biri-

birinden örän tapawutlanýarlar. Dilçi alymlaryň köpüsi bu görnüşleri aýratyn diller hasap edýärler. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasynda. Ilkinji ýazuw ýadygärliklerini XVIII asyryň ahyryna degişli hasaplaýarlar.

**Myong dili-** awstroaziýa dillerine degişlidir.Wetnam toparyna girýär. Wetnamyň demirgazygynda ýaýrandyr. Myong dilinde gepleýänleriň sany 680 müň adam töweregidir.Demirgazyk, merkezi, günorta diýlip atlandyrylýan üç sany şiwesi bar. Grammatiki gurluşy kök bilen baglydyr. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok. Myong dilini bilýänleriň köpüsi iki dillilige eýedir, olar wetnam dilini hem bilýärler.

**Men dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Kelt toparynyň gel toparçasyna girýär. Irland deňziniň Men adasynda ýaýrapdyr. XX asyryň ikinji ýarymynda ulanylyşdangalypdyr.Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edipdir. Ýazywy latyn elipbiýiniň esasynda bolupdyr.

## N

**Nanaý dili**-tungus-mançžur dillerine degişlidir. Orsyýediň Habarwsk we Primorsk ülkelerinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 6 müň adam töweregi hasaplanylýar. Orta amur, sungariý, ussuriý, kurumiý şiwelerine bölünýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus dilinden geçen sözler köp.

Ýazuwy 1931-nji ýyldan 1963-nji ýyla çenli latyn elipbiýiniň, soňra rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Nauru dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Mikroneziýa toparyna girýär. Nauru Respublikasynyň iki döwlet diliniň (iňlis dili bilen bilelikde) biridir. Şiwelere bölünmeýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Nganasan dili**- samodiý dillerine degişlidir. Taýmyr ýarym adasynda ýaýrandyr.Gepleýänleriň sany 800 adam töweregidir. Awam we wadeýew şiweleri bar. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Rus dilinden alnan sözleriň sany köp. Ýazuwy ýok.

**Newar dili**-hytaý-tibet dilleriniň biridir. Tibet-birman toparyna girýär. Neapalda, şeýle-de Hindistanyň we Butanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. XIV-XVIII asyrlarda Neapalyň resmi dili bolupdyr. Newar dilinde gepleýänleriň sany 730 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Bogunlaýyn hindi ýazuwy peýdalanylýar.

**Negidal dili**-tungus-mançžur dilleriniň biridir. Orsyýediň Habarowsk ülkesiniň çäklerinde ýaýrandyr. Negidal dilinde gepleýänleriň sany 250 adam çemesidir. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Nemes dili**- hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Germaniýanyň, Awstriýanyň, Lihtnşteýniň, Lýuksemburgyň (Lýuksemburg we fransuz dilleri bilen bilelikde) döwlet dilidir. Nemes dilinde gepleýänleriň sany 100 mln adamdan hem köp. Şiweleriniň arasyndaky

tapawut uly bolansoň biri-birine düşünişmegi kynlaşdyrýar. Grammatik gurluşynda analitik we sintetik çäkler utgaşýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Nengone dili**-awstroneziýa dillerine degişlidir. Melaneziýa toparyna girýär. Luaýote (Täze Kaledoniýanyň kenarlaryndan daş bolmadyk) arhipelagynyň düzümine girýän Mare adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 6 müň töweregi adam gepleýär. Ýazuwy XIX asyryň ikinji ýarymynda latyn elipbiýiniň esasynda döredilýär.

**Nenes dili**-samodiý dilleriniň biridir. Tundrada Kolsk ýarym adasyndan Ýeniseýiň kenarlaryna çenli ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 26 müň adam töweregidir. Tundra we tokay diýlip atlandyrylýan iki şiwesi bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýönekeý sözlemdäki sözler-eýe-doldurgyç-habar görnüşinde ýerleşýär. Sözlük düzüminde rus dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy 1932-nji ýyldan latyn, 1937-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Neomelaneziýa dili**-iňlis diliniň esasynda emele getirilen kreol dili. Täze Gwineýada iňlis dili bilen bilelikde ýaýran hem-de döwlet dili hasaplanylýar. Bu dilde gepleýänleriň sany 3 mln adam töweregi adam. Söz ýasalyşy esasan, sözleriň goşulmagyna daýanýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda. Çeper eserleri 1961-nji ýylyň aýaklaryna çapdan çykyp başlaýar.

**Neosolomonik dili**- iňlis diliniň esasynda döredilen kreol dili. Süleýman adalarynyň döwlet dilleriniň biridir (iňlis dili bilen bilelikde). Bu dilde gepleýänleriň sany 315 müň adamdan gowurak. Grammatik many aňlatmakda

analitik usullar agdyklyk edýär, grammatikasynda kök bilen baglanşykly aýratynlyklar uly.Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Nepali dili-** hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Hindi toparyna girýär. Nepal Korollygynyň döwlet dilidir. Nepal dilinde gepleýänleriň sany 9 mln adamdan hem köp. Merkezi, gündogar,günbatar,dag etegi diýlip atlandyrylýan şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Dewenagari (hindi elipbiýleriniň içinde iň giňden ýaýrany) ýazuwy ulanylýar.

**Niwh dili**-Amur derýasynyň aşaky akymlarynda we Sahaliniň demirgazygynda ýaşaýan ýerli ilatyň dili, gelip çykyşy belli edilmedik. Niwh dilinde 1300 töweregi adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Demirgazyk sahalin, gündogar sahalin, amur şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. 1932-nji ýylda latyn elipbiýiniň esasynda ýazuwy döredilýär, 1953-nji ýylda rus elipbiýine geçilýär.

**Niderland dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Niderlandlaryň we Belgiýanyň (fransuz dili bilen bilelikde) döwlet dilidir. Niderland dilinde gepleýänleriň sany 20 mln adam. Şiwelere bölünişi ýokary. Grammatik gurluşynda analitik we sintetik şäkler utgaşýar.Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XIII asyra degişli hasaplanylýar.

**Nikobar dili**-aystroaziýa dilleriniň biridir. Gelip çykyşy taýyndan haýsy dil maşgalasyna degişlidigi belli däl. Hindi ummanynyň nikobar adalarynda ýaýrandyr.

Nikobar dilinde gepleýänleriň sany 30 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşynda goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrmaklyk häsiýeti ýokary. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Niue dili**-awstroneziýa dillerine degişlidir. Polineziýa toparynyň tongan toparçasyna girýär.Täze Zelandiýa degişli Niue adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 4 müň töweregi adam gepleýär. Motu we tafiti şiweleri bar. Grammatik gurluşy kök bilen baglanyşykly, grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde samoan dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Nowial dili-** 1928-nji ýylda Otto Espersen tarapyndan döredilen emeli dil. Ulanylyş çägi giň däl. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär, ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Nogaý dili-** türki dilleriň biridir. Dagystanyň demirgazygynda, Orsyýetiň Stawropol we Krasnodar ülkeleriniň birentek etraplarynda ýrandyr. Nokaý dilinde 55 müň töweregi adam gepleýär diýlip çaklanylýar. Ak nogaý, gara nogaý, merkezi nogaý şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy 1924-28-nji ýyllarda arap, soň latyn, 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Norweg dili-** hindi-ýewropa dillerinine degişlidir. German toparynyň demirgazyk (skandinaw) toparçasyna girýär. Norweg Korollygynyň döwlet dilidir. Norweg dilinde gepleýänleriň sany 5 mln adam töweregidir. Edebi dili riksmol we landsmon atlandyrylýan iki görnüşde ýüze çykýar. Riksmol görnüşini ýurduň ilatynyň 80%-i,

landsmon görnüşini 20%-i peýdalanýar. Grammatik gurluşynda sintetik we analitik alamatlar utgaşýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Nubiý dili-** şari-nil dilleriniň biridir. Gündogar sudan toparynyň nubiý toparçasyna girýär. Sudanda we Müsürde Nil derýasynyň jülgesinde ýaýrapdyr. Nubiý dilinde gepleýänleriň sany 2 mln adamdan gowurakdyr. VI-XIV asyrlarda Nubiý döwletiniň resmi dili hökmünde ulanylypdyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edipdir. Orta asyrlarda kopt elipbiýiniň esasynda döredilen nubiý ýazuwy bolupdyr. Biziň döwrümize çenli ýazuwy doly ýitip gidipdir.

**Numidiý dili**-afraziýa dillerine degişlidir. Berber-liwiýa toparyna giripdir. Häzirki Liwiýanyň çäklerinde b.e.öň I müňýyllykda ulanylypdyr.Numidiý elipbiýi peýdalanylyp, soň onuň esasynda tifinag diýlip atlandyrylýan berber ýazuwy döredilipdir.

**Nuer dili-** nilot dilleriniň biridir. Sudanyň gündogarynda we Efiopiýanyň käbir etraplarynda ýaýran. Nuer dilinde gepleýänleriň sany 1 mln adamdan hem köp. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär, içki fleksiýa, owaz äheňleri, öňünden goşulýan goşulmalary bar. Ýazuwy latyň elipbiýiniň esasyndadyr.

## O

**Oksitan dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Roman toparyna girýär. Fransiýanyň günortasynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 10 mln adam töweregidir. Şiwelere bölünişi örän ýokary derejede, bu bolsa, bütewi edebi diliň kemala gelmegine päsgel berýär.

Grammatik gurluşy katalan diline ýakyndyr. Grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde fransuz dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Oksidental dili**-1921-1922-nji ýyllarda E.Walem tarapyndan döredilen emeli dildir. Bu dil giňden ýaýramaýar. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ometo dili-** afraziýa dillerine degişlidir. Omot toparyna girýär. Efiopiýanyň günorta-günbatar etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 800-den gowrak adam gepleýär. Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Ýazuwy ýokdur.

**Oromo dili**-afraziýa dilleriniň biridir. Kuşit toparyna degişlidir. Keniýanyň demirgazygynda we Efiopiýanyň gündogarynda, merkezi böleginde ýaýrandyr. Oromo dilinde gepleýänleriň sany 8 mln töweregidir. Demirgazyk we günorta atlandyrylýan iki şiwä bölünýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Efiop bogun ýazuwy peýdalanylýar.

**Osetin dili-** hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Eýran toparyna girýär. Osetiýa respublikasynda ýaýrandyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Osks dili**-hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Italiý toparyna degişli. B.ö. öňki I asyra çenli Italiýanyň gündogar etraplarynda ýaýrapdyr. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary

agdyklyk edýär. Häzirki dower çenli gelip ýeten ýazuw ýadygärlikleriniň köpüsi osk elipbiýinde ýazylypdyr.

## Ö

**Özbek dili-** türki dillerine degişlidir. Özbegistanyň döwlet dilidir. Bu dilde 12,5 mln töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölünişi örän ýokary derejede. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde pars, arap, täjik dillerinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1927-nji ýyla çenli arap, 1927-nji-1939-njy ýyllarda latyn, soň rus elipbiýiniň esasyndadyr. 1991-nji ýylda Özbegistanyň garaşsyzlyugyny gazanmagy bilen ýene latyn elipbiýine geçilipdir.

## P

**Palaý dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Hetluwiý toparyna girýär. B.e.öňki II müňýyllygyň ikinji ýarymynda Kiçi Aziýanyň demirgazygynda ýaýrapdyr. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňladyşyň sintetik usullary agdyklyk edýär. Bogunlaýyn paýna ýazuwy ulanylypdyr.

**Pampangan dili**-awstroneziýa dilleriniň biridir. Indoneziýa toparyna girýär. Filippin adalarynyň Pampanga prowinsiýasynda ýaýrandyr. Pampangan dilinde gepleýänleriň sany 2 mln adamdyr. Şiweleriniň arasyndaky tapawut uly däl. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Pangasinan dili-** awstroneziýa dilleriniň biridir. Indoneziýa toparyna girýär. Filippin adalarynyň Pangasinan prowinsiýasynda ýaýrandyr. Şiweleriniň arasyndaky tapawut ýok diýen ýaly. Bu dilde

gepleýänleriň sany 1,3 mln adam töweregidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XVIII asyra degişlidir.

**Penjabi dili**-hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Hindi toparyna girýär. Penjap ştatynda ýaýrandyr. Penjaby dilinde gepleýänleriň umumy sany 70 mln adamdan hem geçýär. Grammatik gurluşy analitiklige ýakyn. Hindi-ýewropa dillerine häsiýetli bolmadyk, sözleriň manysyna täsir edýän owaz äheňlerine eýedir. Penjabi dili üçin Hindistanda gurumukhi bogun ýazuwy, Pakistanda arap elipbiýi ulanylýar.

**Papýamento dili-** ispan diliniň esasynda emele gelen kreol dili. Aruba, Kýurasao, Bonaýre adalarynda ýaýrandyr. Grammatik gurluşy analitik. Söz ýasalyş sözleri goşmak arkaly amala aşyrylýar. Ýazuwy ýok.

**Parýa dili-** hindi-ýewropa dillerine degişli. Hindi toparyna girýär. Gissar jülgesinde (Täjigistan) ýaýrandyr. Parýa dilinde gepleýänleriň sany müň adam töweregi diýlip hasaplanylýar. Bu dilde gepleýänleriň köpüsi onuň bilen bilelikde täjik dilini hem bilelikde ulanýarlar. Ýazuwy ýok.

**Pars dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär. Eýran yslam respublikasynyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 23 mln-dan hem köpdür. Täjik we dari dillerine has ýakyndyr. Grammatik many aňladyşda analitik usullara eýedir. Ýazuwy arap elipbiýiniň esasyndadyr.

**Polab dili-** hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Slawýan toparynyň günbatar toparçasyna degişlidir. Oder we Elba derýalarynyň arasyndaky çäklerde ýaýrapdyr. XVIII asyryň ahyrynda ulanylyşdan galypdyr.Walet, obodrit, drewlýan şiwe toparlary bolupdyr.. Grammatik

gurluşy flektiw, Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar ulanylypdyr. Ýazuwy ýok. Polab dilindäki halk döredijilik eserleri nemesler tarapyndan ýygnalyp, latyn elipbiýinmde ýazylypdyr.

**Polýak dili-** hindi-ýewropa dillerine degişlidir. Slawýan toparynyň günbatar toparçasyna girýär. Polşanyň döwlet dilidir. Polýak dilinde gepleýänleriň sany 42 mln adam töweregidir. Beýik polýak, kiçi polýak, mazowes, silez ýaly esasy şiweleri bar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ponape dili-** awstroneziýa dilleriniň mikroneziýa toparyna degişlidir. Mikroneziýanyň demirgazyk-günorta böleginde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 26 müň adamdak köpüräk. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Portugal dili-** hindi-ýewropa dilleriniň roman toparyna girýär. Portugaliýanyň, Braziliýanyň, Afrika döwletleriniň käbiriniň döwlet dilidir. Portugal dilinde 150 mln-dan köpüräk adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Prus dili-** hindi-ýewropa dilleriniň baltika toparyna girýär. Pribaltikanyň günorta-gündogarynda ýaýrapdyr. XVIII asyryň başlarynda ulanylyşdan galypdyr. Pruslaryň nesilleri nemes diline geçipdirler. Pomezan we samlad diýlip atlandyrylýan iki şiwesi bolupdyr. Grammatik many aňladyşda sintetik usullara eýe bolupdyr. Sözlük düzüminde nemes diliniň sözleri agdyklyk edipdir. Prus dilindäki birnäçe tekst, 800 sözden ybarat sözlük saklanyp galypdyr.

**Pukapuka-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna degişlidir. Kuka adalarynyň düzümine girýän Pukapuka adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 1 müň adam töweregi gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde raroton dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Pumpokol dili-** ýeniseý dillerine degişlidir.XVIII asyryň ikinji ýarymynda ulanylyşdan galypdyr. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullra eýedir. Ýazuwy ýokdur.

**Puştu dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär. Dari dili bilen bilelikde Owganystanyň döwlet dilleriniň biridir. Şeýle-de Pakistanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Puştu dilinde 25 mln adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir.

## R

**Rajasatany dili-** hindi-ýewropa dilleriniň hindi toparyna girýär.Hindistanyň Rajstan welaýatynda ýaýrandyr. 14 mln-dan hem köp adamyň ulanýan dilidir. Hindi bogun ýazuwy-dewanagari ulanylýar.

**Rapanui dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna girýär. Pasha adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 1 müň töweregi adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde ispan dilinden geçen sözler köp. Gadymy döwürlerde kohau-rongo-rongo haty ulanylypdyr. Soň bu hat ýitip gidipdir, onda ýazylan tekstleri hazier çenli okap bilenoklar. Häzirki döwürde latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw ulanylýar.

**Rarotongan dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna girýär. Kuka adasynyň düzümine girýän Ratotonga adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 9 müň adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Retoroman dili-**hindi-ýewropa dilleriniň proman toparyna girýär. Şweýsariýanyň Graubýunden etrabynda we demirgazyk Italiýanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Şweýsariýanyň dört döwlet diliniň (fransuz, nemes, italýan dilleri bilen bilelikde) biridir. Bu dilde 750 müň töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölüniş derejesi, olaryň arasyndaky tapawutlar örän ýokary. Şonuň üçin-de käbir alymlar olary birtopar aýratyn garyndaş diller diýp çaklaýarlar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Şweýsar şiwesiniň sözlük düzüminde nemes dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Rotuma dili-** awstroneziýa dilleriniň melaneziýa toparyna degişlidir. Rotuma adasynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 8 müň adam töweregidir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Rumyn dili-** hindi-ýewropa dilleriniň roman toparyna degişlidir. Rumynyýanyň döwlet dilidir. Rumyn dilinde 20 mln töweregi adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde slawýan dillerinden geçen sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Rusin dili-** hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň günorta toparçasyna degişlidir. Karpat daglarynda ýaýrandyr. Bu dilde 100 müň töwregi adam gepleýär. Rusin dili üç döwletiň Ukrainanyň, Slowakiýanyň, Polşanyň çäginde ýaýrandyr. Edebi diliň

bütewi kadalary işlenilip düzülmedik ýagdaýdadyr. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy slawýan elipbiýiniň esasyndadyr.

**Rus dili-** hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň günorta toparçasyna degişlidir. Russiýa Federasiýasynyn döwlet dilidir. GDA döwletlerinde-de giňden ýaýrandyr. Birleşen Milletler Guramasynyň iş dilleriniň biridir. Rus dilinde 250 mln-dan hem köp adam gepleýär. Şiwelere bölüniş derejesi ýokary däl, olaryň arasyndaky tapawut düşünişmegi kynlaşdyrmaýar. Demirgazyk we günorta gepleşikleri bar. Grammatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Sözlemde sözleriň ýerleşişi erkin ýagdaýda. Ýazuwy slawýan elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ruşan dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär.Täjigistanyň Daglyk Badahşan etrabynda ýaýrandyr. Bu dilde 13 müň töweregi adam gepleýär. Diliň ýazuwy ýok.

## S

**Saam dili**-ugor-fin dilleriniň fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna degişlidir.Şwesiýada, Finlandiýada, Norwegiýanyň demirgazyk etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 50 müň töweregi adam gepleýär. Günbatar we gündogar şiwe toparlary bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri XVII asyra degişli hasaplanylýar.

**Samoan dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna girýär. Günbatar Saomanyň döwlet dilidir. Bu dilde 240 müň töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölünmeýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir.ýazuwy 1834-nji ýyldan bäri latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Sary uýgur dili-** türki dilleriniň biridir.Hytaýyň Gansu welaýatynda Minhua etrabynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýän adamlaryň sany 4 müňden köpüräk hasaplanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Sözlük düzüminde hytaý, Tibet, mongol dillerinden geçen sözler köpdür. Sary uýgur diliniň ýazuwy ýokdur.

**Sanskrit dili-** hindi-ýewropa dilleriniň hindi toparyna girýär. Biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllykda giňden ýaýrapdyr. Garmmatik gurluşy flektiw, Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edipdir. Köplük aňlatmakda ikilik san hem bar. Söz ýasalyşda sözleriň goşulmagy arkaly täze sözleri ýasamaklyk giňden ýaýrapdyr.

**Sard dili-** hindi-ýewropa dilleriniň roman toparyna degişlidir. Sardiniýa adasynda ýaýrandyr. Sard dilinde 1,5 mln töweregi adam gepleýär.Sardiniýada garaşsyz Sard döwleti emele gelen döwürlerinde (XI-XIV asyrlar) döwlet dili hökmünde ulanylypdyr. Häzirki wagtda halkyň gepleşik dilidir. Şiweleri örän köp. Edebi diliň bütewi kadalary ýok. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde katalan, ispan, italýan dillerinden geçen sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Swan dili-** kartwel dillerine degişlidir. Gruziýanyň Mestiý we Lenteh etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 35

müň töweregi adam gepleýär. Ýokary bal, aşaky bal, laşh, lenteh şiweleri bar.Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Sözlük düzüminde gruzin dilinden geçen sözler köp.Ýazuwy ýok. Ýazuw-edebi dili hökmünde gruzin dili peýdalanylýar.

**Seýşel dili-** fransuz diliniň esasynda emele gelen kreol dilidir. Seýşel adalarynda ýaýrap, fransuz dili bilen bilelikde döwlet dili hökmünde peýdalanylýar. Bu dilde 62 müň töweregi adam gepleýär.Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Selkup dili-** samodiý dillerine degişlidir.Günbatar Sibiriň demirgazyk-gündogarynda we gündogarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 2 müň adam töweregidir. Demirgazyk, merkezi, gündogar, günorta şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy XX asyryň 30-njy ýyllarynda latyn elipbiýiniň esasynda döredildi, 50-nji ýyllarda rus elipbiýine geçildi.

**Serbhorwat dili-** hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň günorta toparçasyna degişlidir. Horwatiýanyň, Bosniýanyň döwlet dilidir. Serbhorwat dilinde 16,5 mln adam gepleýär. Şotoko, çakow,kaýkow şiweleri bar. Grammatik gurluşy flektiw. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Edebi dil horwat we serb görnüşlerinde ýüze çykýar. Horwat görnüşi Horwatiýanyň çäklerinde, serb görnüşi bolsa, Bosniýanyň çäklerinde ýaýrandyr. Olaryň arasyndaky tapawut aýdylyş äheňinde we sözlük düzümindedir. Edebi diliň horwat görnüşinde halkara sözleri ýokdur, ol düşünjeler diliň öz sözleri arkaly

aňladylýar. Häzirki wagtda bu dilleriň her haýsysynyň özbaşdak dil hökmünde bölünmesi amala aşyrylýar.

**Sefard dili**- hindi-ýewropa dilleriniň roman toparyna girýär. Rumynýada, Bosniýada, Gresiýada, Türkiýede, Ysraýylda, Demirgazyk Afrika ýurtlarynda ýaýrandyr. Bu dilde 100 müň töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölünmegi diliň ýaýran ýurtlary bilen baglydyr.Edebi dili Ispaniýanyň XV asyrdaky edebi diline ýakyndyr. Sözlük düzüminde ýewreý dilinden (iwritden) geçen sözler köpdür. Milli ýewreý elipbiýi ulanylýar.

**Singal dili**- hindi-ýewropa dilleriniň hindi toparyna degişlidir. Şri-Lankanyň döwlet dilidir. Singal dilinde 12 mln töweregi adam gelpeýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde tamil, pars, arap, malaý şeýle-de iňlis we portugal dillerinden geçen sözler köp. Hindi bogun ýazuwynyň bir görnüşi bolan granthi peýdalanylýar.

**Slowak dili**- hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň günbatar toparçasyna degişlidir. Slowakiýanyň döwlet dilidir. Slowak dilinde 5 mln töweregi adam gepleýär. Günbatar slowak, orta slowak, günorta slowak şiweleri bar. Grammatik gurluşy flektiw, grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Slowen dili**- hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň günorta toparçasyna girýär. Sloweniýanyň döwlet dilidir. Bu dilde 2 mln-dan köpüräk adam gepleýär. 49 şiwesi bolup, olar 7 sany esasy şiwe toparlaryna birleşýärler. Grammatik gurluşy flektiw, grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Köplük san

aňlatmakda ikilik san hem ulanylýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Sogdiý dili-** eýran dilleriniň biridir. VIII-IX asyrlarda Orta Aziýanyň günorta etraplarynda giňden ýaýrapdyr. Sogdiý ýazuwy peýdalanylypdyr. Gadymy ýazuw ýadygärlikleri ikinji asyra degişli hasap edilýär.

**Soýot dili-** türki dilleriniň biridir. 1993-nji ýyla çenli tuwa diliniň bir şiwesi hasaplanyldy. Buryatiýanyň Soýot milli geňeşliginiň çäklerinde ýaýrandyr. Soýot dilinde 500 töw3eregi adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Sokotriý dili-** afraziýa dilleriniň semit toparyna girýär. Ýemene degişli bolan Sokotra adasynda ýaýrandyr. Bu dilde 50 müň töweregi adam gepleýär. Kenar we dag şiweleri bar. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy ýok. Ýazuw-edebi dil hökmünde sokotrililer arap dilini ulanýarlar.

**Solon dili**-tungus-manççur dillerine degişlidir. Hytaýyň demirgazyk-gündogar welaýatlarynda ýaýrandyr. Solon dilinde gepleýänleriň sanyny birnäçe müň adam hasaplaýarlar. Şiwelere bölünişi hakynda maglumat ýok. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Solresol dili-** XIX asyryň birinji ýarymynda fransuz Ž.F.Sýudr tarapyndan oýlanylyp tapylan emeli dil.Diliň gurluşy üçin sesleriň ýerine ýedi nota peýdalanylypdyr. Solresol dilinde tekst ýazmak üçin a) latyn elipbiýiniň birinji ýedi harpy, b) 1-den 7-ä çenli sanlar, ç) nota belgileri ulanylyp bilner. Grammatik many

aňlatmakda analitik usullara eýedir. Bu dil giň gerime eýe bolmady.

**Somaliý dili-** afraziýa dilleriniň kuşit toparyna degişlidir. Somaliniň döwlet dilidir. Efiopiýanyň, Keniýanyň käbir etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 7 mln töweregi adam ýaşaýar.Isak, issa, darod, hawiýa, digil şiweleri bar. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Many tapawutlandyrmaga hyzmat edýän 4 owaz äheňleri bar. Sözlük düzüminde arap dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Sranan-tongo dili-** niderland diliniň esasynda emele gelen kreol dil. Surinamede giňden ulanylýar. Şiwelere bölünişi hakynda maglumat ýok. Şiwelere bölünişi hakynda maglumat ýok. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Sarnan-tango diliniň hiç hili resmi derejesi bolmasa-da onda çeper edbiýat, gazýetler, žurnallar çap edilýär.

**Suahili dili-** benue-kongolez dilleriniň bantu toparyna girýär. Tanzaniýada, Keniýada, Ugandada iňlis dili bilen bilelikde döwlet dili hökmünde peýdalanylýar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde arap dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy XVIII asyrdan başlap arap elipbiýinde, XX asyrda latyn elipbiýine geçilýär.

**Sygan dili-** hindi-ýweropa dillerine degişlidir. Hindi toparyna girýär. Sygan dilinde gepleýänleriň sany anyklanylmadyk ýagdaýda. Dürli barlagçylar olary 1-5 mln aralaygynda hasaplaýarlar. Diliň şiwelere bölünişi örän ýokary derejede. Bütewi edebi dili ýok. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan

dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda analitik usullar agdyklyk edýär. Rus şeýle-de latyn elipbiýiniň esasynda ýazuwy döredilmäge synanşyk edilde-de umumy Kabul edilen ýazuwy ýokdur.

## Ş

**Şan dili-** taý dilleriniň biridir. Birmanyň demirgazyk-gündogarynda Şan daglyk ülkesinde ýaýrandyr. Şanlaryň bir topary Hytaýda, Taýlandda, Laosda ýaşaýar. Bu dilde gepleýänleriň sany 3 mln adam töweregidir. Taý-long, taý-le, taý-mau şiweleri bar. Şiweleriň arasyndaky tapawut esasan sözlük düzümde hem-de fonetikada ýüze çykýar. Hindi ýazuw ulgamynyň esasynda döredilen bogun ýazuwy peýdalanylýar.

**Şauýa dili-** afraziýa dilleriniň berber-liwiý toparyna degişlidir. Alžiriň demirgazygynda ýaýrandyr. Bu dilde 1mln töweregi adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy ýok.

**Şwed dili-** hindi-ýewropa dilleriniň german toparynyň demirgazyk (skandinaw) toparçasyna degişlidir. Şwesiýada we Finlandiýa degişli bolan Aland adalarynda ýaýrandyr. Bu dilde 10 mln köpüräk adam gepleýär. Şweý, ýet, norland, günorta şwed, guntiý, gündogar şwed şiweleri bar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Şwed dilinde artikliň ulanylmagy onuň aýratyn taraplarynyň biridir. Sözlemde sözler belli bir tertip boýunça ýerleşýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr. Gadymy döwürlerde runy elipbiýi peýdalanylypdyr.

**Şilluk dili-** şari-nil dilleriniň nilot toparyna degişlidir. Sudanyň gündogar etraplarynda ýaýrandyr. Bu

dilde 370 müň töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölünişi göze ilmeýär. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Birlik we köplük sanlary tapawutlandyrmakda owaz äheňi ulanylýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Şor dili-** türki dilleriň biridir.Russiýanyň Kemerowa ülkesinde ýaýrandyr. Bu dilde 9 müň töweregi adam gepleýär. Mras, kondom şiweleri bar. Edebi dili mras şiwesiniň esasyndadyr. Sözlük düzüminde rus we mongol dillerinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1927-nji ýylda rus, 1930-njy ýylda latyn, 1938-nji ýylda ýene rus elipbiýine geçýär.

**Şotland dili-** hindi-ýewropa dilleriniň kelt toparynyň gel toparçasyna degişlidir. Şotland dilinde gepleýänleriň sany 100 müň adam töweregidir. Şotlandiýanyň demirgazyk-günbatarynda we Gebrid adalarynda ýaýrandyr. Bu dil gelip şykyşy boýunça irland diliniň şiwesi hasaplanylýar. Gramnmatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde skandinaw dillerinden alnan sözler köpdür. Ýazuwy XVI asyrdan bäri latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Şugnan dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär. Täjigistanyň Daglyk Badahşan etrabynda ýaýrandyr. Bu dilde 50 müň töweregi adam gepleýär. Diliň ýazuwy ýok.

**Şumer dili-** haýsy dil maşgalasyna degişlidigi belli däl. Tigr we Frat derýalarynyň aralygynda ýaýrandyr. Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllykda ulanylyşdan galypdyr. Toýun tagtajyklarynyň ýüzüne ýazylan pahna ýazuwy bellidir. Onuň belgileri doly derejede okalandyr.

## T

**Tagal dili**-awstroneziýa dilleriniň indoneziýa toparyna girýär. Filippinleriň döwlet dilidir. Bu dilde 13 mln töweregi adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibi erkin ýagdaýdadyr. XVII asyura çenli bogun ýazuwy peýdalanylypdyr, soňra bolsa, latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw ulanylyp başlapdyr.

**Täjik dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär. Täjigistanyň döwlet dili bolmak bilen, Eýranyň, Owganystanyň käbir etraplarynda-da ýaýrandyr. Täjik dilinde 7,2 mln adam gepleýär, olardan 3 mln töweregi Täjigistanda ýaşaýar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Täjigistanda rus elipbiýiniň esasyndaky, Eýranda we Owganystanda arap elipbiýiniň esasyndaky ýazuw peýdalanylýar.

**Taitýan dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna degişlidir.Fransuz Polineziýasynyň ýerli ilatynyň arasynda ýaýrandyr. Taitýan dilinde 100 müň töweregi adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy 1803-nji ýyldan bäri latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Taý dili-** taý dilleriniň biridir. Ol Taýland Korollygynyň döwlet dili bolup durýar. Taý dilinde 27 mln-dan hem köpüräk adam gepleýär.Merkezi, günorta, demirgazyk,demirgazyk-gündogar diýlip atlandyrylýan dört şiwesi bar. Edebi diliniň esasynda merkezi şiwe ýatýar. Grammatik gurluşynda goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere mahsus alamatlar bar. Sözleriň manysyny tapawutlandyrýan bäş sany owaz äheňleri bar. Bogun häsiýetli milli elipbiýi bar. Gadymy

ýazuw ýadygärligi bolan Ramakamhenga 1292-nji ýyla degişlidir.

**Tamil dili**-drawid dillerine degişlidir.Hindistanyň günortasynda, Şri-Lankanyň demirgazygynda, singapurda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň umumy sany 55 mln töweregidir. Diliň öz bogun ýazuwy bar. Gadymy ýazuw ýadygärlikleri b.e.öňki ikinji asyra degişli hasap edilýär.

**Tatar dili-** türki dilleriniň biridir. Tatarystanda, Başgyrdystanyň, Mordowanyň, Çuwaşiýanyň birentek etraplarynda ýaýrandyr. Bu dilde 5,4 mln adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde arap, pars we rus dillerinden alnan sözler köpdür. Ýazuwy XII asyrdan 1927-nji ýyla çenli arap, soň latyn, 1939-njy ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tat dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna degişlidir. Zakawkaziýede we Demirgazyk Kawkazda ýaýrandyr. Tat dilinde gepleýänleriň sany 15 müň adam töweregidir.Demirgazyk we günorta şiweleri bar. Edebi dil demirgazyk şiwäniň esasynda emele gelipdir. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy 20-nji ýyllaryň başyndan latyn, 1938-nji ýyldan başlap rus elipbiýiniň esasyndaky elipbiýde alnyp barylýar.

**Taşelhit dili-** afraziýa dilleriniňberber-liwiýa toparyna girýär. Marokkanyň günorta-günbatarynda ýaýrandyr.Bu dilde 2,4 mln töweregi adam gepleýär. Şiwelere bölünişi ýokary derejede.Sözlük düzüminde arap dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy ýokdur.

**Tibet dili**-hytaý-tibet dilleriniň Tibet-birman toparyna degişlidir. Hytaýyň Tibet awtonom etrabynyň çäginde ýaýrandyr. Tibet dilinde 4 mln töweregi adam

gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda analitik usullar agdyklyk edýär. Sözleriň manysyny tapawutlandyryjy dört sany owaz äheňi bar. Tibetleriň bogun ýazuwy hindi brahma ýazuwyndan ož gözbaşyny alyp gaýdýar. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri VII asyra degişlidir.

**Tigraý dili-** afraziýa dilleriniň semit toparyna girýär. Efiopiýada we Eritrede ýaýrandyr. Bu dilde 3,2 mln adam gepleýär.Sözlük düzüminde geez weamhar dillerinden alnan sözler köp. Efiop bogun ýazuwy peýdalanylýar.

**Tigre dili**-afraziýa dilleriniň semit toparyna degişlidir. Eritrede ýaýrandyr. Tigre dilinde 1mln töweregi adam gepleýär.Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. XX asyryň başlaryndan efiop bogun ýazuwy ulanylyp başlanylypdyr.

**Tiri dili**-awstroneziýa dilleriniň melaneziýa toparyna girýär. Täze Kaledoniýada ýaýrandyr. Goňşy dili bolan mea diline uly täsir edidir. Bu dilde 600 müň töweregi adam gepleýär. Diliň ýazuwy ýok.

**Tokelau dili**-awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna girýär. Bu dilde 1,6 müň adam gepleýär.Şiwelere bölünmeýär. Tokelau dili gurluşy boýunça samon diline ýakyndyr, käbir dilçiler ony samon diliniň şiwesi hem hasaplaýarlar. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tongan dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparynyň tongan toparçasyna degişlidir. Tonga Korollygynyň döwlet dilidir. Tongan dilinde 120 müňden köpüräk adam gepleýär. Grammatik many aňlatmakda

analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tofalar dili-** türki dilleriniň biridir. Tuwa diline örän ýakyn. Russiýanyň Irkutsk oblastynyň Nižneudin etrabynda ýaýrandyr. Bu dilde 470 töweregi adam gepleýär. Gutarin we alygjer şiweleri bar. Özüniň ösüşinde bu dile mongol, burýat, rus, ket dilleriniň täsiri uly bolupdyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde awçylyk bilen baglanyşykly sözler esasy orna eýedir.1988-nji ýylda rus elipbiýiniň esasyndaky ýazuwy döredildi.

**Tohar (A) dili-** hindi-ýewropa dilleriniň tohar toparyna degişlidir. Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda (häzirki Uýgurystan) V-VIII asyrlarda ýaýrapdyr. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy bogun ýazuwy görnüşindedir.

**Tohar (B) dili-** hindi-ýewropa dilleriniň tohar toparyna girýär. Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda (häzirki Uýgurystan) V-VIII asyrlarda ýaýrapdyr. Tohar (B) diliniň saklanyp galan ýazuw ýadygärlikleri tohar (A) diliniňkä garanyňda has köpdür hem-de manysy we žanr aýratynlygy boýunça dürlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Ýazuwy hindi ýazuw ulgamynyň bogun ýazuwy esasynda bolupdyr.

**Truk dili-** awstroneziýa dilleriniň mikroneziýa toparyna degişlidir. Mikroneziýa Federatiw ştatlarynyň Truk ştatynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 43 müň töweregi adam. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tuwalu dili-** awstroneziýa dilleriniň polineziýa toparyna girýär. Tualu döwletinde ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 10 müň adam töweregidir. Şiweleriniň arasyndaky tapawut örän uludyr. Tualu diliniň döwlet derejesi bolmasa-da (döwlet dili iňlis dili) ol durmuşyň ähli ugurlarynda peýdalanylýar. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tuwa dili-** türki dillerine degişlidir. Tuwa respublikasynda rus dili bilen bilelikde resmi dil hökmünde ulanylýar. Bu dilde 185 müň adam gepleýär. Merkezi, günbatar, demirgazyk-gündogar,günorta-gündogar şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde mongol dilinden alnan sözler köp. Ýazuwy 1930-njy ýyldan başlap latyn, 1940-njy ýyldan rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Tungaruan dili**-awstroneziýa dilleriniň mikroneziýa toparyna degişlidir. Kiribatiýanyň döwlet dilidir. Bu dilde gepleýänleriň sany 60 müň töweregi adamdyr. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Türk dili**-türki dilleriniň biridir. Türkiýäniň döwlet dilidir. Türk dilinde 45 mln-dan hem köp adam gepleýär. Gündogar we demirgazyk-gündogar şiwelerinde azerbaýjan diline meňzeşlik göze ilýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy 1928-nji ýyla çenli arap, soň latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Türkmen dili-**türki dillerine degişlidir. Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanyň döwlet dilidir. Türkmen

diliniň döwlet dili derejesine eýe bolmagynda we ösmeginde Türkmenistanyň Ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ägirt uly hyzmaty bardyr. Türkmen diliniň grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy 1928-nji ýyla çenli arap elipbiýiniň, 1928-nji ýyldan latyn elipbiýiniň, 1940-njy ýyldan rus elipbiýiniň esasyndadyr. 1991-nji ýylda Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň başda durmagynda Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanandan soň latyn elipbiýiniň esasyndaky täze türkmen elipbiýine geçildi.

## U

**Uailu dili**-awstoneziýa dilleriniň melaneziýa toparyna girýär. Täze Kaledoniýada ýaýrandyr. Bu dilde birnäçe müň adam gepleýär. Ýazuwy ýok.

**Ubyh dili**-abhaz-adygeý dilleriniň biridir.Türkiýäniň gündogaryndaky birnäçe obada ýaýrandyr. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir. Söz ýasalyşda sözleri goşmak usuly ulanylýar. Ýazuwy ýokdur.

**Udmurt dili**-fin-ugor dilleriniň fin toparynyň perm toparçasyna degişlidir. Udmurtystanda giňden ýaýrandyr. Bu dilde 550 mün töweregi adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Udegeý dili**-tungus-mançžur dilleriniň biridir Russiýanyň Primorsk we Habarowsk ülkelerinde ýaýrandyr. Bu dilde 480 müň adam gepleýär. Grammatik

gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Uýgur dili-** Hytaýyň Uýgur awtonom etrabynda Orta Aziýa döwletlerinde (esasan-da Gazagystanda) giňden ýaýrandyr. Merkezi, iliý-semirçen, kaşgar-fergana şiweleri bar. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde hytaý dilinden alnan sözler köp, olaryň sany gitdigiçe artýar. Ýazuwy arap elipbiýiniň esasyndadyr. Orta Aziýa uýgurlary üçin XX asyrda rus elipbiýiniň esasyndaky ýazuw döredildi.

**Ukrain dili-** hindi-ýewropa dilleriniň slawýan toparynyň gündogar toparçasyna degişlidir. Ukrainanyň döwlet dili bolmak bilen, şol ýerde giňden ýaýrandyr. Ukrain dilinde 37 mln adam gepleýär diýlip hasaplanylýar. Günorta-gündogar, günorta-günbatar, demirgazyk şiweleri bar. Edebi diliň esasynda günorta-gündogar şiwesi ýatýar. Dil flektiw bolmak bilen, Grammatik many aňlatmakda sintetik usullara eýedir.

**Umbr dili-**hindi-ýewropa dilleriniň italiý toparyna girýär. Rimiň demirgazyk gündogarynda ýerleşýän taryhy Umbriýada b.e.öň IV-V asyrlarda ýaýrapdyr. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan we flektiw dillere degişli bolupdyr. Sözlük düzüminde latyn we etrus diliniň sözleri köp. Biziň döwrümize gelip ýeten ýazuw ýadygärlikleri latyn we umbr elipbiýlerinde.

**Urdu dili-** hindi-ýewropa dilleriniň hindi toparyna degişlidir. Pakistanyň döwlet dilidir. Şeýle-de Hindistanyň musulmanlarynyň arasynda-da ýaýrandyr. Urdu dilinde 45

mln-dan hem köp adam gepleýär. Hindi diline örän ýakyn. Sözlük düzüminde pars dilinden geçen sözler köp. Ýazuwy arap elipbiýiniň esasynda.

## W

**Waýgali dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir.Dard toparynyň nuristan toparçasyna girýär. Owganystanyň Nuristan welaýatynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 12 müň adam töweregi hasaplanylýar.

**Walliý dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. Kelt toparyna girýär. Uelsde (Beýik Britaniýa) ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany-510 müň adam töweregidir. Demirgazyk we günorta şiwelerine bölünýär. Ýazuw we gepleşik diliniň arasyndaky tapawut örän uly. Ýazuwy VIII asyrdan başlap latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Wandal dili-** Hindi-ýewropa dilleriniň biridir. German toparynyň günorta toparçasyna degişlidir. Demirgazyk frikadaky Wandal korollygynyň ýykylmagyndan soň ualanylyşdan galýar. Diliň ýazuwy ýok.

**Wenger dili-** ugor-fin dilleriniň biridir. Ugor toparyna girýär. Wengriýada, Ukrainanyň, Rumynýanyň, Çehiýanyň, Slowakiýanyň, Awstriýanyň käbir ýerlerine ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 14,5 mln adam töweregi hasaplanylýar.Biri-birinden sähel tapawutly sekiz sany şiwesi bar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Yazuw latyn elipbiýiniň esasynda. Ilkinji ýazuw ýadygärlikleri 1200-nji ýyla degişli hasaplanylýar.

**Wepss dili-** ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna degişlidir.

Kareliýada, Leningrad, Wolgoda oblastlarynda ýaýrandyr.Bu dilde gepleýänleriň sany 3 müň adam töweregidir. Esasan, demirgazyk, orta, gündogar şiweleri bar. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. 1930-njy ýylda döredilen ýazuwy ýaýrap bilmedi. Bu dil diňe gepleşikde peýdalanylýar.

**Wod dili**- ugor-fin dilleriniň biridir. Fin toparynyň pribaltika-fin toparçasyna degişlidir. Leningrad oblastynyň Kingisep etrabynyň käbir obalarynda ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany birnäçe adam bolan üçin, ony hakykatdan öli dil hasaplamak boljak. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy ýok.

**Wolapýuk dili**- emeli dilleriň ilkinjileriniň biri bolup, belli bir derejede tejribede ulanylýar. 1879-njy ýylda Ý.M.Şleýer tarapyndan döredilýär. Adatdan daşary kynlygy, grammatikasynyň çylşyrymlylygy üçin giňden ýaýrap bilmedi, XX asyryň ortalarynda ulanylyşdan doly galdy. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasynda.

**Woleaý dili**- awstroneziýa dilleriniň biridir. Mikroneziýa toparyna girýär. Woleaý adasynda (Mikroneziýa Federatiw Ştatlary) ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany-2 müň adam töweregidir. Grammatik gurluşy- goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir, grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. XIX asyryň ortalarynda bogun

ýazuwy döredilipdir, ol häzir ulanylyşdan galypdyr. Häzirki döwürde latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw peýdalanylýar.

**Wetnam dili-** austroneziýa dilleriniň biridir. Wetmyong toparyna girýär. Wetnamyň döwlet dili bolmak bilen, şol ýerde hem ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 55 mln adamdan hem köpüräk hasaplanylýar. Demirgazyk, merkezi, günorta şiweleri bar. Grammatik gurluşy- köki üzňe, grammatik many aňladyşyň analitik usullary agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde 60% çenli hytaý sözleri bar. Orta asyrlarda hytaý ieroglif ýazuwynyň esasynda döredilen hat peýdalanylypdyr. Häzirki wagtda latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw ulanylýar.

## Ý

**Ýawa dili**-awstroneziýa dilleriniň indoneziýa toparyna girýär. Ýawa adasynyň (Indoneziýa) merkezi we gündogar böleklerinde ýaýrandyr. Ýawa dilinde gepleýänleriň umumy sany 76 mln adam töweregidir. Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde hindi, arap, iňlis dillerinden alnan sözler köp. Ýawa diliniň baý ýazuw däpleri bar. Gadymy ýazuw ýadygärligi 732-nji ýyla degişli hasaplanylýar. Has gadymy ýadygärlikleri kawi we pallawa ýazuwlary boýunçadyr. Söň olaryň esasynda ýawa bogun ýazuwy-çekaran döredilýär. XIII-XIV asyrlarda Ýawa adasyna yslam dini bilen bilelikde arap ýazuwy gelýär, ol çekran ýazuwy bilen bilelikde ulanylypdyr. Häzirki wagtda latyn elipbiýiniň esasyndaky ýazuw esasy orny eýeleýär.

**Ýagnob dili-** hindi-ýewropa dilleriniň eýran toparyna girýär. Täjigistanda, esasan Ýagnop derýasynyň jülgesinde giňden ýaýrandyr. Ýagnop dilinde 2,5 müň

töweregi adam gepleýär. Günbatar we gündogar diýlip atlandyrylýan iki şiwesi bar. Grammatik gurluşy flektw, şeýle-de Grammatik many aňlatmakda analitik usullara eýedir. Sözlük düzüminde täjik dilinden alnan sözler köp. Diliň ýazuwy ýok.

**Ýakut dili**-türki dilleriniň biridir. Esasasn Ýakutystanyň çäklerinde ýaýrandyr. Soňky maglumatlara görä, ýakut dilinde 313 müň adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Grammatik many aňlatmakda sintetik usullar agdyklyk edýär. Sözlük düzüminde rus, mongol dillerinden alnan sözler köp. Rus dilinden XIX asyra çenli geçen sözler ses üýtgemelerine sezewar edilipdir. Ýazuwy 1922-nji ýyldan rus, 1929-1939-njy ýyllarda latyn, soň ýene-de rus elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ýana dili-** Amerikanyň ýerli ilatynyň dilleriniň biridir. Hotan-siuan diller maşgalasyna girýär. Demirgazyk Kaliforniýada ýaýrapdyr. Häzirki wagtda ulanylyşdan galypdyr. Demirgazyk, günorta, merkezi, ýahi atlandyrylýan şiweleri bar. Erkek we aýal jynslarynyňgepleşiklerinin arasaynda düýpli tapawutlar bar. Ýazuwy ýok.

**Ýap dili-** awstroneziýa dilleriniň mikroneziýa toparyna degişlidir. Mikroneziýa Federatiw ştatlarynyň dilleriniň biridir. Bu dilde gepleýänleriň sany 500 adam. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ýapon dili-** gelip çykyşy bellei edilmedik dil. Esasan, Ýaponiýanyň çäklerinde giňden ulanylýar. Yapon dilinde gepleýänleriň sany 122 mln adam töweregidir. Gündogar,günbatar, günorta şiweleri bar.Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Owaz basymyna eýedir. Sözlük

düzüminde hytaý dilinden geçen sözler köpdür. Ýazuwy garyşyk häsiýete eýedir: sözleri aňladýan hytaý ýazuw belgileri bilen bilelikde hiragana we katakana bogun ýazuwlary hem ulanylýar. Hiragana we katakana bogun ýazuwlary diňe geografik atlarda hem-de daşary yurt atlarynda peýdalanylýar.

**Ýoruba dili**-kwa dilleriniň biridir. Nigeriýanyň günorta günbatar etraplarynda, Beninde, Togoda ýaýrandyr. Nigeriýada döwlet dili derejesine eýedir. Bu dilde 20 mln-dan gowrak adam gepleýär. Ýazuwy latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

**Ýug dili**-ýeniseý dillerine degişlidir. Ýeniseýiň demirgazyk akymynda ýaýrandyr. Häzir ulanylyşdan galypdyr. (1990-njy ýylyň başynda onda birnäçe adam gepleýärdi). . Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Diliň ýazuwy ýok.

**Ýukagir tundra dili**-ýukagir dilleriniň biridir.Kolyma we Alazeýa derýalarynyň akymlarynda ýaýrandyr. Bu dilde 200 töweregi adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir. Ýazuwy XX asyryň 70-nji ýyllarynda G.N.Kurilow tarapyndan döredilipdir. Ol ýerli neşirlerde we mekdepde ulanylýar.

**Ýukagir kolyma dili-** ýukagir dillerinin biridir.Kolyma derýasynyň akymynda ýaýrandyr.Bu dilde 50 adam gepleýär. Grammatik gurluşy goşulma arkaly söz üýtgedilişi amala aşyrýan dillere degişlidir.

## Z

**Zenaga dili-** semit dilleriniň biridir. Berber-liwiýa toparyna girýär. Mawritaniýanyň günorta-gündogarynda

ýaýrandyr. Bu dilde 20 müň adam gepleýär diýlip hasap edilýär. Diliň şiwelere bölünişi hakynda maglumat ýok. Ýazuwy döredilmedik.

**Zulu dili-** Bantu dillerine degişlidir. Günorta Afrika respublikasynda we Zimbabwede ýaýrandyr. Bu dilde gepleýänleriň sany 7 mln adam. Ýazuwy XIX asyryň II ýarymyndan başlap latyn elipbiýiniň esasyndadyr.

## Peýdalanylan edebiýatlar

Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I. – Aşgabat, 2007.
Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
Agaýew K, Bekjäýew T. Dil bilimine giriş, Aşgabat 2007
Ахманова О.С. Словарь лингивистических терминов. М., 1966.
Алпатов В. М. История лингивистических учений. М., 1998.
Annanurow A . Dl biliminiň esaslary, I bölüm, Aşgabat 1971.
Annanurow A. Dl biliminiň esaslary, II bölüm, Aşgabat 1974
Amansaryýew J ,Gulmanow G. Lingiwstik terminleriň rusça-türkmençe sözlügi, Aşgabat, 1982.
Ataýew G.Türkmen diliniň hünärmentçilik leksikasynyň sözlügi, Aşgabat 1982
Bagyýew H. Dil bilimine giriş, Aşgabat 1992
Большой энциклопедический словарь: Языкознание. М., 1998
Çöňňäýew Ý, Häzirki zaman türkmen dili leksika, Aşgabat 1988
Головин Б. Н. Введение в языкознание. М., 1978.
Калабина. С. И. Практикум по курсу “Введение в языкознание” . М., 1977

Kamçatnow A.M, Nikolina N.A Введение в языкознание.  М., 2009.
Кодухов В. И.  Введение в языкознание.  М., 1979.
Кодухов В. И. Введение в языкознание.  М., 1987.
Лайонз Дж. Введение в теоретическую лингвистику. М., 1978.
Лингвистический энциклопедический словарь М 1990
Маслов Ю. С. Введение в языкознание.  М., 1987.
Мурат В.П. Введение в языкознание.  М., 1981.
Норман Б.Я. Теория языка, М., 2008.
Розенталь Д. Э, Теленкова М. А. Словарь-справочник лингвистических терминов. М., 1985.
Вендина Т.И. Введение в языкознание. М., 2008.
Введение в языкознание. Хрестоматия.  Минск, 1984.
Häzirki zaman türkmen dili, Aşgabat 1960
Häzirki zaman türkmen dili, sintaksis, Aşgabat 1962
Türkmen diliniň grammatikasy, morfologiýa, Aşgabat 2000

## Mazmuny

**Giriş ……………………………………………………7**

**Dil we diller hakynda umumy maglumat…………….9**

**Dil we dil belgileri. Diliň gatlaýyn (ýarus) gurluşy…12**

**Dil maşgalalary. Dilleriň genealogik bölünişi………15**

**Dil biliminiň deňeşdirme-taryhy usuly………………22**

**Dilleriň gurluş taýyndan (morfologik) toparlara bölünişi…………………………………………………24**

**Edebi dil.Şiwe.Žargon.Ýönekeý gepleşik....................27**

**Edebi diliň stilleri.......................................................30**

**Diliň taryhy ösüşi.........................................................33**

**Dil täsirleri...................................................................36**

**Pidžinler we kreol dilleri.............................................41**

**Milletara gatnaşyk dilleri............................................45**

**Dünýä dilleri…………………………………...50**

**Peýdalanylan edebiýatlar..........................................122**